TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY
TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

Psihologiýa we pedagogika

(Okuw gollanmasy)

A ş g a b a t – 2009

Ýazar: **B.Basarow** – psihologiýa ylymlarynyň doktory, professor

Syn ýazanlar: **A.Gulbaýew** – Türkmenistanyñ Milli bilim institutynyñ bölüm müdiri

A.Keşikow - Türkmenistanyñ Milli bilim institutynyñ esasy ylmy işgäri

Okuw gollanmasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeş we Bilim Ministrligi tarapyndan makullandy.

Okuw gollanmasynda umumy psihologiýanyň we pedagogikanyň esasy meseleleri jemleýji häsiýetde beýan edilýär.

Gollanmanyň hünärmen gönükdirilmesi ähliumumy häsiýetde bolup, geljekki we eýýäm zähmet çekýän ýokary bilimli işgärleriň psihologiýa we pedagogika taýýarlygyny üpjün etmeklige, olara adamyň ruhy dünýäsiniň gurluşy, kanunalaýyklyklary barada jemleýji bilim düşünjeleri bermeklige niýetlenendir. Bu bilimler olara adamlaryň psihologik ýagdaýlaryna düşünmek we onuň esasynda birek-birek bilen oňyn şahsyýetara we işewür gatnaşyklary guramak, ösýän, kemala gelen şahsyýetiň okuw terbiýeçilik işiniň maksadalaýyklygyny gazanmak ýaly tutumlarda ugrukdyryjy bolup hyzmat eder.

Gollanma ýokary mekdep talyplaryna psihologiýanyň we pedagogikanyň meseleleri bilen gyzyklanýanlara niýetlenendir.

M A Z M U N Y

Sözbaşy 4
I. Bölüm. Psihologiýa we pedagogika giriş……..... 5
I.1. Psihologiýanyň we pedagogikanyň dersi, wezipeleri, derňew usullary.. 5
1.2. Psihologiýa nämäni öwrenýär?……. 9
1.3.Psihologiýanyň şahalary……...…. 10
1.4.Psihologiýanyň derňew usulyýeti we usullary ……. 11
II. Bölüm. Psihikanyň we aňyň ösüşi……..... 12
2.1. Psihikanyň we özüňi alyp barşyň aşaky derejeleriniň döreýşi…… 12
2.2.Dogabitdi ozüňi alyp baryş……..……..... 13
2.3.Endikler……..……..... 13
2.4.Pähimli ozüňi alyp baryş……..... 14
2.5.Aň, onuň psihiki häsiýetnamasy……..... 14
III. Bölüm. Akyl ýetiriş hadysalary……..... 15
3.1.Duýmanyň we kabul edişiň umumy häsiýetnamalary ……..... 15
3.2.Duýgurlygyň esasy häsiýetnamalary……..... 15
3.3.Kabul edişiň aýratynlyklary we häsiýetleri……..... 16
3.4.Kabul edişde aldanmalar……..... 18
3.5.Pikirlenme we hyýal……....… 18
3.6.Hyýal……...…....… 21
IV. Bölüm.Psihikanyň umumy häsiýetleri.Üns we ýat ……..... 23
4.1.Üns……....…... 23
4.2.Ýat…….....… 25

V. Bölüm. Psihikanyň duýgy-erk häsiýetleri……..... 27
5.1.Duýgular we emosiýalar……..... 27
5.2.Erk……..... 30
VI. Bölüm.Işiň we sözleýşiň psihologiýasy……....…..... 33
6.1.Işiň psihologiýasy ……...…….. 33
6.2.Sözleýiş……..... 38
VII.Bölüm.Şahsyýetiň psihologiýasy ……..... 42
7.1.Şahsyýetiň psihologiýasyna giriş…….……...…….. 42
7.2.Temperamentiň psihologiýasy ……..... 47
7.3.Gylyk……..... 51
7.4.Ukyp……...……. 54
VIII. Bölüm. Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýasy ……...……... 58
8.1.Psihikanyň sosial psihologiýa derejesinde öwreniliş jähti …...…… 58
8.2.Toparda şahsyýetara gatnaşyklary……...……. 59
IX. Bölüm. Pedagogika …….....…… 61
9.1. Pedagogika okatmak taglymaty hökmünde……..... 61
9.2. Pedagogika terbiýe taglymaty hökmünde ……..... 66
9.3.Okuw ýagdaýy netijeli özara täsiri guramak hökmünde……...…..... 70
9.4.Mugallymyň ahlak-psihologik keşbi……..... 75
9.5.Maşgala terbiýesi we maşgala pedagogikasy…….....…….. 81
Edebiýat……..... 90

S Ö Z B A Ş Y

Degişli psihiki hadysanyň gurluşyny, düzüjileriniň özara baglanyşygyny, kanunalaýyklyklaryny öwrenmek, gollanmanyň psihologiýa bölüminiň esasy maksady bolup, şol bir wagtda ony maksadalaýyk kemala getiriş işiniň - pedagogikanyň aýrybaşgalygynyň örän şertlidigi, aslynda olaryň bir bütewi mazmundygyny nazarda tutulyp, bu iki ylmyň beýan edilişini adaty däpden tapawutlylykda bir gollanmada bermek ýerlikli hasaplanyldy.

Hakykatdan-da adam syn etmek üçin synlanylmaýar, tejribe üçin tejribä, test üçin ýumşa goşulmaýar. Bu ýagdaýlaryň ählisinde gözegçilikli kemala getiriş, düzediş, gözbaşy maksat bolup durýar. Psihologiýanyň we pedagogikanyň bütewiligi, ahyr maksat-wezipeleriniň birligi, galyberse-de öwrenilýän psihiki hadysalaryň gurluşynyň, hereketlenişiniň we dolandyryşynyň daşky erke tabynlygyny şahsyýetiň özbaşdak bilim özleşdirmek, öz –özüni terbiýelemek, dolandyrmak derejesine galdyrmak ýaly umumy maksatnamasy bilen baglanyşyklydyr.

Eliňizdäki gollanma 9 bölümden durýar: I bölüm “Psihologiýa we pedagogika giriş”; II bölüm “Psihikanyň we aňyň ösüşi”; III bölüm “Akyl ýetiriş hadysalary”; IV bölüm “Psihikanyň umumy häsiýetleri”; V bölüm “Psihikanyň duýgy-erk häsiýetleri”; VI bölüm “Işiň we sözleýşiň psihologiýasy”; VII bölüm “Şahsyýetiň psihologiýasy”; VIII bölüm “Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýasy”; IX bölüm “Pedagogika”.

Gollanmada adatça akyl ýetiriş hadysalarynyň mazmunynda berilýän “Üns we ýat” özbaşdak bölüme çykarylmagy bu iki gurluşyň ählі beýleki psihiki hadysalaryň döreýşine, hereketlenişine umumy şert bolýandygy bilen düşündirilýär. Şonuň ýaly-da “Iş we sözleýiş” bir bölüme girizilip, olaryň umumylygy ikisiniň-de esasy düzüjisiniň gural ulanmak (fiziki we psihiki gurallar), adamyň barlyk bilen özara täsire goşulyp, onuň netijesinde taraplaryň ikisiniň-de üýtgeýändigi, kämilleşýändigi bilen baglanyşyklydyr.

Işiň pedagogika bagyşlanýan bölüminde okadylyşyň we terbiýäniň nazaryýet hem-de amalyýet esaslary , olaryň guralyş, kemala getiriş usullary, mugallymyň –terbiýeçiniň psihologik keşbi, maşgala terbiýesiniň esaslary berilýär.

Kitabyň mazmunynyň bütin dowamynda adamyň psihiki dünýäsiniň barlygyň beýleki taraplaryndan özboluşlylygy, onuň öwrenilişinde şahsyýetiň döredilişi, kemala getirilişinde bolsa üznüksiz öwrenilýändigi dogrusyndaky pikiriň eriş-argaçlylygy gazanmaklyga çalşyldy.

I- BÖLÜM. PSIHOLOGIÝA WE PEDAGOGIKA GIRIŞ

I-bap. Psihologiýa we pedagogika dersiniň, wezipeleri we ylmy–derňew usullary

1.1. Pedagogika ylym we amalyýet hökmünde.

Islendik ylmyň öz meseleleri, wezipeleri we usullary dogrusynda düşünje berýän taryhy bardyr. Ylmyň ol ýa-da beýleki pudaklarynyň döreýşi degişli jemgyýetçilik islegleri arkaly ugrukdyrylýar. Beýleki ylymlarda bolşy ýaly pedagogika we psihologiýa ilki pelsepäniň mazmunynda bolup, ondan başda pedagogika, soňra bolsa psihologiýa bölünýär. Biziň her birimiz "pedagogika" sözüni mekdep, okadylyş bilen baglanyşdyrýarys. Mekdep barada ilkinji maglumatlar biziň eramyzdan öň 2,5 müň ýyl ozalky döwre degişli gadymy müsür ýazgylarynda agzalýar. Bu maglumatlardan ugur alynsa okatmak ilkiler ony guraýan adamlaryň esasy işi däl-de, kömekçi hyzmaty bolupdyr. Ýöne bilim-düşünjeleriň nesilden – nesle geçirilişiniň üznüksizligi belli bir derejede üpjün edilipdir.

Okatmak we terbiýe adamzat jemgyýeti bilen bile döreýär. Jemgyýetde gazanylan durmuş, önümçilik, ruhy tejribäni kemeltmän, yzygider ösdürip, dowamata sepleşdirmek zerurlygy okadylyşyň we tejribäniň esasy ugrukdyryjylarydyr. Terbiýäni we okadylyşy adatça ýaşuly ýa-da has tejribeli adamlar amala aşyryp, ony özleriniň beýleki işleri bilen utgaşyklykda alyp barypdyr. Adamlaryň toplan bilim-düşünjeleriniň artmagy, maddy, ruhy önümçiligi üznüksiz ösdürmek zerurlygy bu tutumyň işiň özbaşdak görnüşine öwrülmegine getiripdir.

Pedagogika öz adyny Gadymy Gresiýada baý maşgalalarda çagalara berkidilen gullaryň hyzmatyna laýyklykda alypdyr. Bu gullara ata-eneler öz çagalaryna mekdebe gatnanlarynda hem-de gezelenç edenlerinde gözegçilik etmegi tabşyrypdyrlar. Gullar "çaga ugradyjy", "peýda"-çaga , "gogos"- alyp gitmek diýip atlandyrylypdyr. Soň-soňlar bu adalga ösýän nesliň okadylyşy we terbiýesi bilen baglanyşykly bolanlaryň ählisine aýdylyp, täze döwürde bolsa ýörite ylma öwrülýär.

Pedagogikanyň ylmyň özbaşdak pudagyna öwrülişi F.Bekonyň XVII asyryň başynda "Ylymlaryň mynasybeti we köpelişi hakynda" diýen işiniň peýda bolmagy bilen baglanyşdyrylýar. Ol bu işinde ähli ylymlary görnüşlere bölüp, pedagogikany "okamaklyga gollanma" hökmünde görkezýär. Ýöne pelsepeden bölünip aýrylmaklyk entek täze ylmyň esaslandyryldygy däldi. Ylym hökmünde pedagogika belli çeh akyldary, mugallymy we ýazyjysy Ýa.A.Komenskiniň ady belli "Beýik didaktika" işiniň esaslandyrylmagy bilen meşhur bolup ugraýar. Bu kitapda çagalary okatmagyň nazaryýetiniň we amalyýetiniň esasy meseleleri esaslandyrylýar.

Ýa.A.Komenskiý ilkinji bolup ähliumumy okadylyş pikirini esaslandyryp, okadylyşyň baglanyşykly derejeleriniň ulgamyny döredýär. Bu ulgam ene mekdebini (6 ýaşa çenli), ýönekeý mekdebi (6-12 ýaş), gimnaziýany (12-18 ýaş) we akademiýany (18-24 ýaş) öz içine alýar. Öz amalyýet işinde ol synp-sapak ulgamyny ornaşdyryp, ony nazaryýet taýdan esaslandyrýar. Ýa.Komenskiý biziň günlerimize gelip ýeten didaktikanyň (okadylyşyň nazaryýetiniň) esasy düzgünlerini döredýär: aňly-düşünjelilik, aýdyňlyk, kem-kemlik, yzygiderlik, durnuklylyk we elýeterlik. Ol okuw kitabyna we mugallyma bildirilýän esasy talaplary esaslandyrýar.

Pedagogikanyň täze eýýamda ylym hökmünde ösüşi şweýsar alymy I.T.Pestalossynyň (1746-1827), nemes pedagogy A.Disterwegiň işleri bilen baglanyşyklydyr. I.Pestalossi ösdüriji okadylyşyň nazaryýetini öňe sürýär. Onuň pikirini dowam etdiriji A.Disterweg pedagogika, matematika, tebigaty öwreniş, nemes dili we beýlekiler boýunça birnäçe işler, okuw kitaplaryny ýazýar.

XX asyrda meşhurlyk gazanan pedagog alymlaryň biri-de amerikan alymy, çaga hekimi B.Spokdyr. Onuň ilkinji orunda talap edijiligi ýa-da hoşgylawlylygy goýmaly mazmundaky goýan sowaly bütin dünýäde uly çekişme döredýär. Bu sowala berilýän jogaba laýyklykda pedagoglar iki topara bölünýär: a) terbiýäniň ynsanperwerlik usullaryny ileri tutýanlar we b) erke tabyn etmekligi terbiýäniň esasy usuly hasaplaýanlar. B.Spokyň "Çaga we oňa seretmek", "Eneler bilen gürrüň" kitaplary uly meşhurlyk gazandy. Olarda sagdyn çagany terbiýelemegiň medisina jähtleri bilen bir hatarda täzeçil pedagogika nazaryýetler öňe sürülýär.

Orsyýetde pedagogika ylmynyň esaslandyryjylary K.D.Uşinskiý, N.I.Pirogow we L.N.Tolstoý hasaplanylýar.

K.Uşinskiý orsyýetde halk mekdebiniň esasyny goýujydyr.Onuň "Ene dili" , "Çaga dünýäsi" kitaplary köp nesilleriň okuw kitabyna öwrüldi.

Gündogaryň beýik danalary Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň, Ibn-Sinanyň, Omar-Haýýamyň, Azadynyñ beýik türkmen klassyk şahyrlary Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Keminäniň, Seýdiniň we beýlekileriň pedagogika pikirleriniň ähliumumy adamzat gymmatlyklary we şol bir wagtyň özünde halkymyzda milli ruhy terbiýelemekdäki ähmiýeti çäksizdir. Beýik Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azadynyň pedagogika nazaryýeti ösdürmeklige gönükdirilen edebi döredijilik işi bilen bir hatarda hakyky mugallymçylyk bilen meşgul bolandygy mälimdir.

Türkmenistanyň kolonial orsyýetiň we sowet imperiýasynyň düzüminde bolan döwründe işlän Muhammetguly Atabaýew, Artykgül Tekinskaýa, H.Baýlyýew, M.Hamzaýew , P.Azymow, A.Mergenow, G.Sopyýew, T.Berdiýew, M.Kösäýew, A.Gurbanow, H.Baýlyýew, Ya.Tekäýew, M.Annagurdow, Ǵ.Pirliýew, Ş.Haljanow we beýlekileriň pedagogika ylmyna we amalyýetine goşandy ýatlanmaga mynasypdyr.

Türkmenistanda pedagogika ylmynyň hakyky ylmy mazmunda we milli ruhda ösüşi ýurt Garaşsyzlygy berkarar bolandan soňra, Beýik

Saparmyrat Türkmenbaşynyň işlerinde esaslandyryldy. Täze bilim syýasaty, onuň "Sowat", "Bilim" maksatnamalary, Mukaddes Ruhnama bular halkymyzyň ruhy medeniýetini, her bir raýatyň buýsançly "menini" dikeltmegiň we dünýä siwilizasiýanyň ülňülerine laýyklylygyň ajaýyp pedagogika nazaryýet nusgasydyr. "Kitap okan beýlede dursun , diňläp oturan hem bihal däldir" diýen ata-babalarymyzyň pähimini nygtap, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: "Mukaddes, keramatly kitaplaryň döremegi bilen adamzadyň gara güýje sežde edýän zamanasy tamamlanyp, Söze-Paýhasa sarpa goýýan zamanasy başlandy. Bular adamzadyň taryhyndaky iki sany äpet eýýamdyr". (1, 20 sah.).

Pedagogikanyň dersini uzak wagtyň dowamynda ýaş nesli terbiýelemek we okatmak, ony geljekki durmuşa taýýarlamak häsiýetde kesgitleýärdiler. Bu meseläni çendan daraldyp, pedagogikany jemgyýetiň beýleki ýaş nesillerini üznüksiz bilim, terbiýe bilen üpjün etmek ýaly möhüm meselelerden sowýardy. Hut şonuň üçin häzirki döwürde pedagogikanyň dersi adamy ähli ýaş döwürlerinde terbiýelemek we okatmak häsiýetde kesgitlenýär. Pedagogikanyň esasy meselelerine şahsyýetiň ösüşiniň we kemala getirilişiniň mazmunyny we kanunalaýyklyklaryny öwrenmek, terbiýäniň maksatlaryny kesgitlemek, terbiýäniň mazmunyny işläp düzmek, terbiýäniň usullaryny derňemek degişlidir.

Pedagogikanyň ylym hökmünde esasy jemleýji düşünjesi şahsyýetiň häsiýetleriniň ulgamyny kesgitlemäge gönükdirilen iş mazmunda hereketlenýän terbiýedir. Terbiýe bilim beriş, okadylyş we terbiýelenýäniň iş-durmuşyny maksadalaýyk guramak arkaly amala aşyrylýar. Terbiýe haçan-da öz-özüňi terbiýelemeklige sepleşende **özüniň** hakyky manysyny alýar.

<u>Okatmak</u>- jemgyýetçilik- taryhy tejribäni maksada gönükdirilen häsiýetde ösýän nesle geçirmek, bilim, başarnyk, endikleriň kemala getirilişini guramakdyr. Adatça okadylyşy mugallymyň sapak okatmagy manyda düşünýärler. Okadylyş bu diňe mugallymyň okaýana berýäni däldir.Okadylyş bu okaýanyň tutuş okuw jaýy, jemgyýet, mugallymlar, okaýanlar bilen özara täsirinde alýanydyr.

Eýsem sapak bermek okadylyşdan näme bilen tapawutlanýar? Sapak bermek esasy ünsi okuw tutumynyň giriş bölümine – talyba näme berilýändigine, ýagny, okuw tutumynyň mazmunyna (bilimlere, başarnyklara, endiklere) gönükdirýär. Okadylyş bolsa esasy ünsi onuň çykyş bölegine – talybyň näme alandygyna gönükdirýär. Üstesine-de talybyň näme alandygy, özleşdirendigi onuň mazmuny ýa-da höwesi nukdaýdan däl-de, okadylyşyň şahsyýetiň häzirki we geljekki işi üçin ähmiýeti jähtden bahalandyrylýar.

Sapak bermekde bilimler okuw dersleri (aýry-aýry ýumuşlar, taglymatlar) arkaly kesgitlenýär. Okadylyşda bolsa bilimler, meseleler, anyk hereketlenýän tutumlar arkaly kesgitlenýär.

Sapagyň berlişi mugallymyň hadysalara we tutumlara garaýşyny şöhlelendirip, okadylyş bolsa okaýanyň nazaryýetini şöhlelendirýär. Mugallymyň garaýşy hemişe giň we çuň bolup, bu bilermen eminiň-ekspertiň

garaýşydyr. Ol hemişe diýen ýaly dersiň logikasyna-mantygyna tabyndyr. Okaýanyň garaýşyna belli bir derejede ähmiýete ymtylyş, böleklilik mahsusdyr. Mugallymyň garaýşy esasan umumylykdan ýekelige (deduktiw), talybyňky bolsa – ýekelikden umumylyga (induktiw) ugrukýan häsiýetdedir. Mugallym bilýänini öwredýär. Talyp özüniň entek bilmeýän we başarmaýan zadyny öwrenýär.

Sapak beriş we okadylyş bir-birinden höweslerinin gönükdirilmesi boýunça tapawutlanýan täsirler toparynyň astynda bolýar. Sapak beriş üçin bu beýleki mugallymlaryň we mekdep administrasiýasynyň täsiri bolýan bolsa, okadylyşa degişlilikde bu hem talyplar, hem uçurymlar we iş berýänler, şeýle hem okuw tutumynyň netijeliligi bilen gyzyklanýan köp sanly beýleki toparlardyr.

Hut şonuň üçin ÝOM-niň öňde baryjy mugallymlary okuw tutumyny esasan okadylyşa gönükdirmäge ymtylýarlar. Munuň üçin birnäçe guramaçylyk we usulyýet çäreleri zerurdyr: esasy mowzuglary, aýry-aýry ýumuşlary öwrenmeklige derek dersiň mazmunyna laýyklykda birleşdirilen, umumylaşdyrylan okadylyşy girizmek, talybyň ünsüni diňe dogry jogaby agtarmaklyga gönükdirilmekden ony meseläni çözmek başarnygyny ösdürmekliklige gönükdirmek we beýlekiler. Bu babatda has toplumlaýyn we has netijeli okadylyş usuly hereketli okadylyş bolup, onda durmuşy ýumuşlar; durmuşy şertlerde ýa-da oňa golaýlaşdyrylan nusgalarda çözülýär.

Häzirki zaman pedagogika bilimi ylymlaryň tutuş ulgamyny özünde jemleýär. Muña umumy pedagogika, mekdebe çenli, mekdep pedagogika, surdo-pedagogika, tiflo- pedagogika we oligofren pedagogika (bu üç ylym kerleriň, körleriň we dogabitdi kemakyl çagalaryň terbiýelenişini we okadylyşyny öwrenýär) degişlidir. Galybersede önümçilik pedagogika, harby pedagogika, ýokary mekdep pedagogika, ýaşlar hereketi pedagogika, maşgala pedagogika bu sanawyň üstüni ýetirýär. Häzirki döwürde halk pedagogika aýratyn ähmiýete eýedir. Terbiýe taglymaty bilen bir hatarda pedagogika didaktika (okadylyşyň taglymaty), mekdebi öwreniş we beýleki ylmy dersler goşulýar.

1.2. Psihologiýa nämäni öwrenýär?

Psihologiýa adalgasy dogrusynda

Islendik ylym özüniň öwrenýän ders hadysalary, olary derňemek usullary bilen tapawutlanýar. Psihologiýa bu babatda beýleki ylymlardan düýpli özboluşlylyk mahsusdyr. Takyk bilim, düşünjeleriň ulgamy mazmunynda ol diňe ýörite meşgullanyanlara mälim bolup, durmuş hadysalary hökmünde bolsa ol her kime tanyşdyr. Biziň ata-babalarymyz psihikasy adamyň bedenine salnan, görýän, eşidýän, syzýan zatlarymyzy seljeriji başga bir gurluş häsiýetde düşündiripdirler. Pelsepe jähtden psihikanyň tebigatyny we ýüze çykyşyny düşündirýän materialistik we idealistik garaýyşlar bardyr. Olaryň birinjisine laýyklykda psihiki ösüşi we öz-özüne akyl ýetirişi dolandyrýan ýokary mazmunly barlygyň häsiýetidir.

Idealistik garaýşyň nukdaýyndan dünýäniň maddy we nusga-ideal goşa başlangyjy bolup, nusga häsiýeti, barlygyň görnüş, keşp tarapy onuň maddy, mazmun tarapyny kesgitleýji orunda bolýar. Bu garaýyşlaryň aýrybaşgalygy pelsepäniň akyl ýetiriş nazaryýetiniň mazmunynda has äşgär ýüze çykýar: adam barlyga akyl ýetirmekde zatdan pikir, aňyýete geçýärmi ýa-da tersine-ilki aňdaky belli bir mazmunyň esasynda onuň maddy mazmunyny tapýarmy? Bu sowala ol ýa-da beýleki häsiyetdäki jogap degişlilikde iki dünýägaraýşyň birini düzýär. Meselem, Platonyň pikiriçe psihika, jan, ruh, adamyň bedeniniň baş, döş, garyn ýaly böleklerinde pähim, gaýduwsyzlyk, meýil görnüşinde hereketlenip, ölenden soňra ony terk edip «aňyýet dünýäsine» goşulýar.

Aristotel psihikany bedeniň hyzmaty hasaplap, jandara özüni amalyýetde amala aşyrmaga mümkinçilik berýän hereketlendiriji hökmünde belleýär.

Ylym ulgamynda “psihika” we ony öwrenyän ‘‘psihologiya’’ adalgasy XVIII asyrda ýüze çykyp, psihiki hadysalar ilkinji gezek täzeden öwrenmeklige synanyşyk edilýär. Adamyň bedeniniñ duýgy organlardan gowuşýan maglumata nähili jogap berýändigi ýaly sowal ylmy esasda anyklanyp başlanýar.

Obýektiw psihologiýany döretmeklige ilkinji ädimler Fehner, Weber ýaly alymlar tarapyndan goýlup, olar daşky täsiriň (stimul) güýji bilen onuň döredýän duýmasynyň arasyndaky mukdar baglanyşygy häsiýetlendirýän kanuny esaslandyrýarlar (1860).

Özbaşdak ylym häsiýetde psihologiýa diňe XIX asyrda ýüze çykyp,ony esaslandyryjylaryň biri W.Wundtdyr.Ol ylmy esasda añyň mazmunyny we gurluşyny öwrenmeklige başlap, oňa gurluş nukdaýdan çemeleşmegiň başlangyjyny goýýar.

Psihologiýanyň ylmyň pudagyna öwrülmekde geçen ýoluny şertli üç döwre bölmek mümkin.

Birinji döwür – psihikany bilim-düşünjeleriň özakymlaýyn döremegi we ösmegi. Gadymy adamlar gündelik iş-durmuşynda biri-biri bilen öz ukyp-

başarnyklaryna, edim-gylymlaryna laýyklykda gatnaşykda bolupdyrlar. Bu babatda psihiki hadysa psihologiýa ylmy düşünjesinden has gadymydyr. Bu döwrüň psihikasy gazanmalary biziň döwrümize nakyllar, pähimler, aýdylmalar görnüşinde gelip ýetipdir. «Öwrenilen gylyk örkleseň-de galmaz» - adamyň tejribede gazanan gylyk häsiýetiniň edil onuň dogabitdi sypatlary ýaly durnuklylygyny nygtaýan psihologik pähimidir.

Ikinji döwür_– psinikany düşünjeleriň çeper edebiýatyň mazmunynda döreýşi. Biziň eýýämymyzdan 800 ýyl öň grek şahyry Gomer özüniň «Iliada», «Odisseý» eserlerinde hudaýlaryň adamlaryň durmuşyna gatyşyp, olary söýmeklige mejbur edip, gahar ýa-da öç almak ýaly duýgularyny dolandyryandygyny yazypdyr.

XX asyrda psihologiýanyň iň bir ýoň bolan ugry - psihoanalizi dörediji Z. Freýd özüniň esasy düşündiriş usulyýeti hökmünde gadymy grek ýazyjysy Sofokolyň «Edip şa» eserine ýüzlenýär.

Üçünji döwür_– psihologiýanyň özbaşdak we tejribe ylym görnüşinde ýüze çykmagy. XIX asyryň ahyrynda Leýpsigde W.Wundt tarapyndan esaslandyrylan psihologiýa tejribehanasy bu ylmyň täze derňew ugrunyň başlangyjyny goýdy.

Psihologiýa nämäni öwrenýär? Ösüşiniň dürli döwürlerinde özüniň dersini jan, aň, özüňi alyp baryş hakyndaky ylym häsiýetde kesgitlän bu ylym has umumylaşdyrylyp aýdylanda psihiki hadysalary, kanunalaýyklary we döredijileri - mehanizmleri öwrenýän ylymdyr.

1.3. Psihologiýanyň şahalary

Psihologiýanyň ylymlar ulgamyndaky ornuny anyklamak üçin şeýle bir aýdyň düşündiriş nusgasyna ýüzlenmek oňaýlydyr. Üç granly piramidanyň degişli taraplarynda jemgyýetçilik-ynsanperwer, tebigy we tehniki ylymlar ýerleşdirilse, onda psihologiýany onuň merkezinde görkezmek bolar. Beýle diýildigi jemgyýetde işiň näçe özbaşdak pudagy bolsa, şoňa laýyklykda hem olaryň psihikany öwreniliş pudaklarynyň barlygyny aňladýar. Umumy psihologiýa, haýwanlaryň psihologiýasy, jemgyýetçilik psihologiýasy, ýaş aýratynlygy psihologiýasy, zähmet psihologiýasy, inženerçilik psihologiýasy, kliniki psihologiýa, älem psihologiýasy we beýlekiler bu ylmyň 30-dan gowrak pudagynyň mysallarydyr.



Surat-1

Psihiki hadysalar özüniň hereketleniş aýratynlyklary boýunça **psihiki prosesler** (örän gysga wagtlaýyn ýüze çykýan, adamyň iş durmuşynyň degişli pursatyny amala aşyrýan psihiki gurluşlar), **psihiki ýagdaýlar** (proseslerden has dowamly, adamyň iş-durmuşynyň alnyp barylýan pursatynyň duýgy, erk esasyny döredýän joşgunlyk-lapykeçlik, işjeň-pessaý, galjaňlyk-asudalyk we ş.m ýagdaýlary), **psihiki häsiýetler** (adamyň iş durmuşynyň uzak ýa-da bütin dowamynda oňa mahsus bolan psihiki sypatlar - temperament, gylyk, ukyp), ýaly görnüşlerini ýüze çykarmak mümkin. Ol ýa-da beýleki psihiki hadysanyň döreýşi we durnukly häsiýete öwrülişi psihiki tutumlar - psihiki ýagdaýlar - psihiki häsiýetler ugrukmada gönükdirilen bolsa, onda iş-durmuşda ulanylýan we adamyň psihiki gurluşyndan kem-kemden ýitip gidýän sypatlaryň ugrukmasy bolsa psihiki - häsiýet, psihiki - ýagdaý, psihiki - tutum yzygiderliginde bolýar. Ol, yada beyleki psihiki hadysa adamda ilki çala syzylýan meýil, onuň dowamly gaýtalanmasynyň netijesinde pursatlaýyn iş-hereketde amala aşyrylýan psihiki tutum, psihiki tutumlar bolsa degişli duýgy-emosiýa utgaşmasynda durnukly psihiki häsiýete öwrülýär. Bu häsiýetiň adamyň durmuşyndan ýitip gidişi bolsa ilki onuň esasyny düzýän meýliň peselip

ýa-da aýrylmagy, onuň duýgy-emosiýada syzylmazlygy, ahyrky döwürde bolsa diňe endik görnüşde özakymlaýyn dowam edýän häsiýetiň-de psihiki gurluşdan üzňeleşmegi görnüşde bolýar. Meselem, adam hünärini üýtgetjek bolsa ilki meşgul bolup ýöreni dogrusynda meýil, duýgy-hyjuw peselip, soň-soňlar gutarnykly aýrylyp, ol diňe hereket öwrendekligi boyunça entek hünärde galmagyny dowam edýär. Adamyň öz erk-psihikasyndan ýa-da daşky gurşawdan aýgytlaýjy täsir bolmasa bu hünär soň soňlar gymyldy-hereket görnüşinde hem togtaýar.

1.4. Psihologiýanyň derňew usulyýeti we usullary

Islendik ylym täze maglumatlary yzygider toplamaklygyň esasynda ösýär we kämilleşýär. Ähli tebigy we jemgyýetçilik ylymlary ýaly psihologiýanyň-da synlamak we tejribe ýaly esasy usullary bolup, olaryň her biriniň düýp mazmuny bir bolan birnäçe görnüşi bardyr.

Synlama we syn etmek haçan-da daşky hadysalary ýazmak bilen çäklenmän, olaryň psihiki tebigatyny düsündirmekligi amala aşyrýan ýagdaýynda psihologiýanyň derňew usulyna öwrülýär. Durmuşy syn etme ylmy synlamadan özüniň tötänligi, guramaçylygynyň we ýörite meyilnamasynyň yoklugy bilen tapawutlanýar. Ýöne ol özüniň köplügi we gündelik tejribä daýanýanlygy bilen kähalatlarda pähimlilik häsiyete eýe bolýar. Köp sanly durmuşy syn etmeler nakyllarda, atalar sözünde jemlenip, yörite öwrenmeklige mynasypdyr.

Syn etmekden tapawutlykda **psihologik eksperiment** derňew geçirýäniň öwrenilýän adamyň işine işjeň gatnaşmaklygyny göz öňünde tutýar; şeýle gatnaşmaklyk öwrenilýän psihiki hadysanyň aýdyň ýüze çykmagyna şert döretmeklige, bu şertleri tejribeçä amatly tarapa üýtgetmeklige we bu hadysanyň hertaraplaýyn seredilmegi üçin birnäçe gezek gaýtalamaklyga mümkinçilik berýär.

Bu usulyň **laboratoriya** we **tebigy eksperiment** görnüşleri bolýar. Syn etmek we eksperiment usullarynyň artykmaçlygyny birbada özünde jemleýän derňewiň özboluşly ugry **psihiki-pedagogiki** eksperiment bolup, dürli ýaş döwürlerinde okuwçylaryň akyl ýetiriş mümkinçiligini öwrenmekde, okuwçynyň şahsyýetini kemala getirmegiň takyk usullaryny kesgitlemekde we ş.m. bu eksperimentiň ähmiýeti uludyr.

Psihologik derňewiň özboluşly usullarynyň biri **testlerdir**. Bu usulda esasy wezipe täze maglumatlary almak däl-de, adamyň psihiki häsiýetleriniň öňünden kesgitlenen psihologik kada-norma we ülňä gabat gelýändigini anyklamakdan durýar. Adamyň test ýumuşyny ýerine ýetirişine berilýän baha onuň degişli psihiki häsiýetleriniň kämilliginiň görkezijisi bolup hyzmat edýär.

Kibernetiki ylymlaryň ösmegi bilen giň gerime eýe bolan we ylmyň dürli pudaklarynda ulanylyp ugran **nusgalama-modelirleme usuly** haçan-da öwrenilýän hadysa özüniň çylşyrymlylygy ýa-da başga ýagdaýy boýunça syn etme, sowal, test we eksperiment usullary bilen öwrenmek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda ulanylýar. Model-nusgalaryň tehniki, logiki, matematiki, kibernetiki görnüşleri tapawutlandyrylýar.

II -BÖLÜM. PSIHIKANYŇ WE AŇYÑ ÖSÜŞI

2.1 Psihikanyň we özüňi alyp barşyň aşaky derejeleriniň döreýşi

Janly ulgamyň iň ýönekeý we bir mazmunly hereketleri **taksisler** we **reflekslerdir.** Janly gurluşyň gyjyndyryjynyň çeşmesine umumy we mehaniki ugrukmasy **taksis** atlandyrylýar. Meselem, iň ýönekeý jandarlaryň biri bolan paramesiýa ýönekeý awtomatlaşan gymyldylar arkaly iýmite meňzeş islendik zatlara gönükdirlip,ýakymsyz täsirden (meselem ýiti ýagtylykdan) gaçýar. Mör-möjekleriň tomus gijesinde yşyga yňdyrylmagy-da taksisdir.

Nerw ulgamynyň ösmegi bilen taksisleriň ornuna jandarlarda belli bir ýagdaýa ymykly ornaşdyrylan we has takyk jogap hereketleri gelýär. Bular reflekslerdir. Täsirleriň haýsydyr bir duýgy organyndan nerw ulgamy arkaly bedeniň beýleki bölümlerine geçirmeklikliginiň awtomatlaşan jogap hereketini döretmegine **refleks** diýilýär. Meduzanyň bedeniniň bir nokadyna galtaşylsa, gyjyndyrma onuň ähli ulgamy boýunça ýaýran myşsalaryň düýrülmegini döredýär we jandar gyjyndyryjydan çekilýär.

Nerw ulgamynyň ýörüteleşmegi bilen ýokary gurluşly haýwanlarda bu dogabitdi, nesil boýunça maksatnamalaşdyrylan refleksler kem-kemden bedeniň belli bir ýerinde ornaşyp, has möhüm ýagdaýlara laýyklykda özüňi alyp barşyň has çylşyrymly görňüşleri bilen çalşyrylýar.

Kähalatlarda käbir ýagdaýlar dogabitdi refleksleriň «maksatnamasynyň özgerdilmegini» döredip, jandary adaty täsire täzeçe jogap bermeklige mejbur edýär. Muňa **şertli refleksler** diýilýär. Meselem, aç ite et görkezseň tamşanyp sülekeýini ýuwudýar. Ony muňa öwrenmek hökman däl, ol dogabitdi hereket. Eger ite et görkezmezden ozal jaňjagazy jyňňyrdadyp, muny birnäçe gezek gaýtalasak, ol diňe jyňňyrdyny eşidip tamşanýar.

2.2. Dogabitdi özüňi alyp baryş

Taksisler we refleksler sada bir mazmunda gaýtalanýan hereketler bolup, iň bir ýönekeý jandarlara mahsusdyr.

Eýsem suw alakalary-bobrlaryň kuwwatly agaçlary ýykyp bent gurşy, arylaryň ölçegli we kaşaň geometrik keşplerde kökeleri, guşlaryň höwürtge ýasaýşy, garynjalarda zähmet bölünişi we bu tutumlaryň şol bir görnüşde bir meňzeşligi näme bilen düşündirilýär? Öwredilmegi talap etmeýän, nesil üsti bilen geçirilýän özüňi alyp barşa **instinktler** diýilýär.

Imprinting

Ýaňy ýumurtgadan çykan gaz çagalary ilkinji gözüniň düşen, hereket edýän zadyň yzyna düşýärler. Gözýetimde peýda bolan ilkinji hereketlenýän zat, obýekt ene hökmünde kabul edilip, gazjagazlar öz kowumdaşlarynyň sürüsine

goşulmakdan ýüz öwürýärler. Bu hadysa awstriýaly etolog K.Lorens tarapyndan öwrenilip, imprinting atlandyrylýar. Imprinting haýwanat dünýäsinde ýaşaýyşy dowam etdirmekligiň ähtibar usulydyr. Tebigy şertlerde gazjagazlaryň gözüne ilkinji ilýän zat olaryň enesi bolup, diňe oňa eýermek howpdan gorap bilýär. Ýokary derejede ösen haýwanlarda (maýmynlarda) bu hadysa gijräk we has aýdyň görnüşde ýüze çykýar.

2.3.Öwreniş. Endikler

Jandarlaryň ýaşaýşy gös-göni goldaýan ymtyldyryjylara (stimul) gönükdirilen hereketleriniň ýaşaýyş üçin bitarap ähmiýetli täsirler bilen dowamly utgaşmagy netijesinde şeýle täsirler soňa baka özüňi alyp barşyň esasy dolandyryjy şertine öwrülýär. Boş gapyrjaga salnan alaňňyrt başly-barat urunýan wagtynda tötänleýin onuň diwaryndaky galdyryjy guraljagaza basyp, şol bada hem iýmit alýar. Jandar soňra diňe aç bolanda ryçagy ulanyp, başga wagt oňa üns bermeýär. Bu öwreniliş bolup, onuň netijesinde **endik** döreýär. Endigiň dowamlylygy üçin hereketiň ýaşaýşa gös-göni zerur zatlar bilen berkidilip durulmagy zerurdyrdyr. Alaňňyrt galdyryjy guraly näçe basanda hem iýmit almasa, soňa baka oňa höwesini doly ýitirýär.

2.4.Pähimli özüňi alyp baryş

Endikler köplenç öýkünmegiň ýa-da şertli refleksleriň esasynda, şeýle hem synanyşyk we ýalňyşlyk usulynda kemala gelip, synaglaryň sany ýokarladygyça ýalňyşlar azalýar.

Ýokary süýtemdirijilerde, aýratynda maýmynda we adamda kelle beýniniň çylşyrymly ösüşi netijesinde ýumşy ilki synanyşyk etmezden çözmäge mümkinçilik berýän ukyplar döreýär. Şeýle özüňi alyp baryş usulynda mesele ýagdaýyň dürli düzüm böleklerinin arasyndaky baglanyşygy pikirde döretmek arkaly çözülyär. Aç iti gözenege gabap, ondan bir az uzaklykda daşyna ýüp daňylan et bölegini goýýarlar. Ýüpüň ujuny dişi bilen çekip iýmiti almaga derek it çyňsap uzak wagtlap, ýumşy çözüp bilmeýär. Şimpanze şeýle ýagdaýda goýlanda ol on minut geçmänkä ýüpi çekip iýmiti alýar. Adam şekilli maýmyn şeýle ýagdaýda içi boş iki turbajygy bir-birine geýdirip has uzakdaky iýmiti hem özüne süýşürmäni başarýar.

2.5. Aň, onuň psihiki häsiýetnamasy

Ýokary derejede ösen jandaryň öz hajatlary üçin daşky gurallar bilen bir hatarda içki psihiki «gurallary» - şertli belgiler, dil, sözleýiş - ulanyp başlamagy psihikanyň aň derejesini döredýär.

Aňyň adaty psihiki gurluşdan düýpli özboluşlyklary bardyr. Aň zatlary, hadysalary diňe bir umumy häsiýetleri däl-de, düýpli häsiýetleri boýunça

baglanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Başgaça aýdanyňda ol, bir tarapdan, materialy bir, emma wezipe-funksiýasy başga signallary seljerip, ikinjiden, materiýaly dürli, wezipeleri bir signallary birleşdirip bilýär. Beýleki psihiki hadysalara we öz-özüňe akyl ýetirmek - refleksiýa hem onuň möhüm häsiýetnamasydyr. Meselem, kerpiç we dinamit materialy, keşbi boýunça örän meňzeş-de bolsa, adam özüne öýkünip jaý gurýan şimpanzeden tapawutlykda partladyjyny gurluşykda ulanmaýar. Ikinjiden, hyrly çüýi çykarmak üçin adam ýörite towlaýjydan, şeýle hem pyçakdan-da peýdalanyp bilýär.

Psihiki gurallara, ýagny sözleýiş ulgamyna daýanmak mümkinçiligi aňyň taryhy we indiwidual ösüşini utgaşdyrýar. Şeýle gurallar mynasybetli nesilleriň gazananlary bir-birine geçirilip, akyl ýetirişiň üznüksiz kämilleşýän dowamaty üpjün edilýär. Şeýle kämillik adamyň iş-durmuşyny uýgunlaşmadan döredijilikli tutuma öwürýär.

III-BÖLÜM. AKYL ÝETIRIŞ HADYSALARY

3.1.Duýmanyň we kabul edişiň umumy häsiýetnamalary

Duýma bedeniň gurşaw bilen psihologik baglanyşygynyň ilkinji görnüşidir. Ol aňlanylýan, adamyň beýnisinde subýektiw häsiýetde syzylyan, ýa-da aňlanylmaýan, emma özüňi alyp barşa täsir edýän daşky we içki signallaryň nerw ulgamynda özgerdilen gurluşydyr. Aňlanylmaýan, emma özüňi alyp barşa täsirini ýetirýän duýmalar syzyşasty (subsensor) duýmalardyr. Mazmun jähtde duýma gurşawyň zat, hadysalarynyň aýry-aýry sypatlarynyň psihikada şöhlelenmegidir. Kabul ediş hem duýgy organynyň üsti bilen akyl ýetirşiň hatarynda bolup, onda zatlar bütewi häsiýetnamasynda aňda şöhlelendirilýär. Meselem, sazyň duýluşynyň we kabul edilişiniň aýrybaşgalygy birinjide onuň ritmi, tony, olaryň aralygy, sazlaşygy we ş. m. aňda şöhlelenýän bolsa, ikinjide sazyň tutuş mazmuny kalba ornaşdyrylýar.

Duýma we kabul ediş, olaryň netijesinde döreýän keşp-obrazlar akyl ýetirişiň duýma üsti bilen amala aşyrylýan derejesidir. Akyl ýetirişiň ikinji basgançagy - düşünje, pikir ýöretme, pikir jemleme arkaly guralýan nazary pikirlenmesi bolup, ol esasan adama mahsusdyr.

Duýmanyň mazmun köpdürlüliginden adatça görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş, syzyş (galtaşma) görnüşleri tapawutlandyrylýar. Kabul ediş hem agzalan görnüşlerde bolmak bilen bir hatarda, wagtyň kabul edilişi, adamyň adamy kabul edişi, sosial kabul ediş ýaly hususy görnüşlere-de eyedir.

Duýma we kabul edişde maglumatyň kabul edilip, obýektiň gutarnykly keşp-obrazy aňda döredilişi birnäçe basgançaklardan ybaratdyr: G-DO-NI-KB-AD-KB-ÝAÜ-ZA-P-MA.

(G)- gyjyndyryjy- (görüş, eşidiş) bolup, ol duýgy organyna (DO) täsir edýär, (NI)-nerw impulsy, täsiriň fiziki, himiki mazmundan nerw häsiýetnamasyna öwrülişi, (KB)-kelle beýni, nerw geçirijileriniň impulslary eltýän bölümi, (AD)-aýry-aýry duýmalar, impulslaryň beýnide psihiki keşbe öwrülmegi, (KB)-kabul edişiň bütewi keşbi, zadyň duýmalar toplumyndan gutarnykly bütewi keşbe öwrülmegi, (ÝAÜ)-ýadyň ülňüsi-etalony, keşbiň ýatdaky öňki nusgasy bilen deňeşdirilmegi, (ZA)-zadyň aňlanylmagy, (P)-pikirlenme arkaly gowuşýan maglumaty öňki tejribe bilen baglanyşdyrmak, (MA)-maglumatyň aňlanylan düşünilişi.

3.2.Duýgurlygyň esasy häsiýetnamalary

Duýmanyň bosagalary

Aşaky bosaga- çalaja syzylyş döredýän gyjyndyryjynyň iň kiçi ululygy (I_o**). Ýokarky bosaga-** gyjyndyryjynyň seljeriji (analizator) tarapyndan takyk kabul edip bilinýän iň ýokary ululygy (I_o-I_{mak}). **Tapawut bosaga-**

gyjyndyryjylaryň aýrybaşgalygynyň olary entek özbaşdak duýma (ΔJ) häsiýetde kabul etmäge mümkinçilik berýän iň kiçi ululygy. ΔJ ululyk signalyň güýjenmesine /J/ göni baglanşykdadyr: ΔJ/J=K - Weberiň kanuny.

Uýgunlaşma, duýmanyň öz bosagalarynyň üýtgeýjiligi bilen utgaşýan daşky täsirleriň hemişeligine uýgunlaşmagydyr. Munuň netijesinde duýgurlyk ýokarlanyp (meselem, ujypsyz yşyga), ýa-da peselip (meselem, güýçli ysa) biler.

Duýmalaryň özara täsiri – bir seljerijiniň (analizatoryň) (analizator-seljeriji - duýma organyny, geçiriji nerwleri we olaryň beýni merkezini özünde jemleýän anatomik-fiziologik gurluş) ulgamyndaky duýmalaryň beýleki seljeriji ulgamynyň işiniň täsirinde üýtgemegidir. Şeýle özara täsir, adatça, bir seljeriji ulgamynyň gowşak gyjyndyryjylarynyň beýleki ulgamyň duýgurlygyny ýokarlandyrýan, güýçlileriniň bolsa ony peseldýän häsiýetde bolýar. Meselem, güýçli bolmadyk turşulyk görüş duýgurlygyny ýokarlandyrýar. Duýgurlygyň seljerijileriň özara täsiriniň, hem-de üznüksiz türgenleşigiň esasynda ýokarlanmagyna **sensibilizasiýa** diýilýär.

Duýmalaryň gapma-garşylygy - **kontrastlygy** – duýmanyň güýjenmesiniň we hiliniň öňki tejribedäki ýa-da şu pursatdaky gyjyndyryjylaryň täsirinde üýtgemegi. Çürşük alma üýşmeginiň ýanynda adaty almalar has kaşaň görünýär. Güwwüldisi ýetik bazardan yzyna çöle gelen çopana öz goşy öňküden-de gum-gukluk bolup görünýär.

Sinesteziýa hadysasy- duýgy organynda duýmanyň bir görnüşiniň oýanmagy bilen onuň beýleki görnüşine mahsus bolan duýmanyň döremegidir. Meselem, seljerijiniň - analizatoryň merkezi ýadrolaryndaky duýmalaryň özara täsiri netijesinde reňk duýmasy adamda sowuk-ýylylyk duýmasyny döredip biler. Adatça pes derejedäki sesler çal, gara golaý, belent sesler bolsa sary, gyzyla ýakyn reňkleriň duýmasyny döredýär («Reňkli saz» täsiri hut şu hadysa esaslanandyr).

3.3.Kabul edişiň aýratynlyklary we häsiýetleri

Aýdylyşy ýaly kabul ediş duýma bilen özüniň köp umumylyklarynyň hatarynda hususy häsiýetlere hem eýedir.

Birinjiden, kabul ediş duýmadan tapawutlykda görmesi kyn, dine pikir ýöretmek mümkin bolan wagt hadysasynyñ geçmiş, şu günki gün, gelejek yaly kesimlerini aňda şöhlelendirmäge mümkinçilik berýär. Ýöne wagtyň bu kesimleriniň kabul edilişinde özboluşly psihiki birtaraplaýynlyklar bolýar. Meselem, gyzykly wakalar bilen utgaşýan şu pursatyň syzylyşynda wagt has çalt

ý

garamazdan möçber, görnüş, reňk häsiýetleriniň üýtgewsiz galmagy konstantlyk-hemişelik diýip atlandyrylýar. Bu häsiýetde zatlaryň fiziologik we psihiki keşpleriniň kabul edişdäki aýrybaşgalygy ýüze çykýar. Meselem, çep we sag ellerimiziň süýem barmaklaryny gözümizden dürli uzaklykda saklasak, onda biz olary bir ululykda kabul edýäris. Ýöne barmaklaryň görejimizdäki fiziologik şekilleriniň bolsa uzakdakysy kiçi, golaýdakysy uly möçberde bolýar. Towuk ýumurtgasy ýagty güneşde, ala garaňkyda we ýerzeminde diňe ak reňkde kabul edilýär. Emma bu reňkleriň dürli ýagtylykdaky spektral seljerme häsiýetnamasy başga-başgadyr.

Kabul edişiň bu häsiýeti gyjyndyryjylaryň orta ululyk derejesinde adalatly bolup, has uly ýa-da has kiçi ululyklarda ol bozulýar. Meselem, uçardan biz näçe synanyşsak-da tamlary adaty ululygynda görüp bilmeýäris.

3.4.Kabul edişde aldanmalar (illýuziýalar)

Adamyň amaly tejribesine, seljerjileriň /analizatorlaryň/ aýratynlygyna, kabul edişiň şertlerine we ş.m baglylykda kabul edişde ýalňyşmalar, aldanmalar ýüze çykýar. Kabul edişiň şeýle häsiýetiniň fiziki, fiziologiki, psihiki sebäpler arkaly ýüze çykýan görnüşleri bardyr. Çüýşe çaý guýyjysynyň suwuklygyna çemçejik çümdürlende onuň howa bilen araçäkleşýän ýeri «döwük» bolup görünýär (fiziki sebäpli aldanmalar). Eger göz almasy ýaňak tarapdan barmak bilen basylsa, zatlar goşalanyp görünýär. Bu fiziologik aldanmadyr. Demir ýoluň has uzakdaky bölegi golaýdakydan kem-kem daralýan häsiýetde kabul edilýär. Bu psihiki aldanmadyr. Adamlaryň bir toparynyň uçýan näbelli obýektleri “görmekleri-de” köplenç şeýle häsiýetdäki aldanmalaryň görnüşidir.

3.5. Şahsyýetiň pähimli özüni alyp barşynyň aýratynlyklary

Pikirlenme we hyýal

Adamyň işi we durmuşy onuň öňünde täze-täze çylşyrymly meseleleri goýýar. Olaryň belli bir bölegi akyl ýetirişiň aşaky derejeleri bolan duýma we kabul ediş arkaly çözlüp, has çylşyrymlylary bolsa özüniň aýan edilmegi üçin akyl ýetirişiň ýokary derejelerine daýanmaly bolýar. Her bir adam durmuşyň belli bir pursatlarynda haýsydyr bir häbelliligiň çozlüşini hut özi açmaly bolýar. Meselem, tomsuň jowzasynda çölde suwsuz galanyň otlara suw halta geýdirip, gije onda bugarmadan ýygnanan nemleri toplap oňşuk edip bilmegi. Şeýle jöwzada salkynlyk duýmak üçin sowadylan içgä derek çaý içip derlemek bilen fizikanyň degişli kanunyny ulanyp bilmek we ş.m. Ýumuşlaryň şeýle çözlüşi adamyň gündelik tejribesinde öň bolmadyk, diňe onuň öz pähimi boýunça amal edilýän bolsa, onda adam özboluşly açyş edýär. Şeýle açyş jemgyýet üçin däl-de, onuň diňe özi üçin niýetlenen we döredilendir. Adamyň durmuş bilen özara täsiriniň şeýle görnüşi ýokary akyl ýetirişiň görnüşini düzýän pikirlenme arkaly dolandyrylýar.

Pikirlenme - bu sözleýiş, dil bilen baglanyşykly, belli bir täzelik açmaga gönükdirilen, barlygy aralaşdyrylan usulda onuň düýpli baglanyşyklarynda aňda şöhlelendirýän psihiki hadysadyr.

Pikirlenmäniň sözleýiş bilen arabaglanyşygy dil we dilüsti däl aragatnaşyk serişdeleriniň pikiriň maddy "gabygy" bolup hyzmat edýänligi bilen düşündirilýär. Sözlerde aňladylan pikir adamyň özüne hem-de beýlekiler üçin düşnükli bolýar. Şol bir wagtyň özünde söze, şertli belgilere baglanmaýan ''keşpsiz'' pikiriň bolup bilýändigi hem bellenmelidir (Kýulpe, Bine).

Pikirlenmäniň kesgitlemesinde getirilýän onuň açyş edişe gönükdirilenligi bu psihiki hadysanyň hemişe döredijilikli häsiýetde bolýaýndygyny häsiýetlendirýär.

Eýsem, pikirlenmäniň barlygy aralaşdyrylan usulda şöhlelendirilýändigi nämäni aňladýar? Mysala ýüzleneliň. Nähoşuň gyzgynyny biz elimiz bilen hem barlap bilýäris. Ýöne şeýle çemeleşiş hemişe birtaraplaýyn, nätakyk bolýar. Nähoşuň maňlaýyny ellemezden ozal adam elinde nähili ýylylykdaky zady tutýanlygyna laýyklykda hassanyň gyzgynlygy has ýokary ýa-da kadaly ýaly kabul edilip bilner. Şeýle nätakyklygy aradan aýyrmak üçin lukmanlar aralaşdyrjynyň kömeginden peýdalanýarlar. Termometrdäki simap sütüniň gyzgynda giňelip ýokary galmak häsiýeti nähoşuň gyzgynyny anyk ölçemeklige ähtibar serişde bolýar. Gös-göni görüp bolmaýan ýagtylyk tizligini ýörite abzal arkaly ölçemek bolýar.

Pikirlenmäniň barlygy, onuň düzüjilerini düýpli baglanyşyklarda şöhlelendirýän häsiýeti şeýle baglanyşyklaryň **umumy** we **düýpli** görnüşlerde bolýandygy bilen baglanyşyklydyr. Meselem, jandarlaryň görnüşlere bölünişinde diňe umumy baglanyşykdan ugur alynsa, onda kit balyklaryň görnüşine goşulyp (suwda ýaşaýanlygy, ýüzgüçleriniň barlygy we ş. m), egerde düýpli baglanyşyga esaslansa, ol süýtemdirijileriň synpynda bolýar.

Pikirlenme bir-biriniň üstüni doldurýan iki ylym – logika /mantyk/ we psiholigiýa tarapyndan öwrenilip, birinji özüniň derňewini pikiriň logiki görnüşleri bolan düşünjä, pikir ýöretmä we pikir jemlemä gönükdirýär. **Düşünje** – bu özünde zatlaryň we hadysalaryň umumy, düýpli häsiýetlerini şöhlelendirýän pikirdir. "Adam" düşünjesi onuň zähmete, pikirlenmä, sözleýşe ukyplylygy ýaly häsiýetlerini özünde jemleýär. **Pikir ýöretme** – bu zatlaryň we hadysalaryň, ýa-da olaryň häsiýetleriniň arasyndaky baglanyşyklary aňda şöhlelendirmekdir. Meselem, "demirgazyk buzly ummanynda ýaşaýan aýylar ak bolýar" pikir ýöretmesi jandarlaryň reňkiniň, onuň ýaşaýyş gurşawynyň reňki bilen arabaglanyşyklydygyny aňladýar.

Pikir jemlemeler – birnäçe pikir ýöretmelerden başga bir pikir ýöretmäni almaklyga mümkinçilik berýän pikirleriň arasyndaky baglanyşykdyr. Özünden ikinji bir pikir ýöretme getirilip çykarylýan başlangyç pikir ýöretmä pikir jemlemäniň gözbaşy ugrukdyryjysy diýilýär. Meselem, ýokardaky mysalda "Ähli demirgazykda ýaşaýan aýylar akdyr" (umumy ya-da uly ugrukdyryjy), "Bu aýy demirgazykda ýaşaýar" (bölekleýin ýa-da kiçi ugrukdyryjy) ýaly pikir

ýöretmeler ugrukdyryjylardyr. Pikir ýöretmäniň prosesinde bu iki ugrukdyryjydan alynýan netijä (Diýmek, bu aýy akdyr) **pikir jemleme** diýilýär.

Pikir jemlemäniň zatlaryň ýekelik häsiýetinden ulgamlyga gönükdirilen **induktiw** we tersine, olaryň umumy häsiýetleri esasynda ýekelik häsiýetler alynýan **deduktiw** usullary bardyr.

Logika pikirlenmäni esasan onuň netije tarapyndan öwrenýär. Ýöne pikirlenme işiniň netijesi bilen bir hatarda onuň ýene-de bir düýpli tarapy **pikirlenme prosesi** bolup, onuň netijesinde pikirlenmäniň önümleri - düşünjeler, pikir ýöretmeler we ş.m döreýär. Onuň bu tarapyny logika däl-de, psihologiýa öwrenýär. Psihologiýanyň dersi akyl ýetiriş netijelerine getirýän pikir ýöretmäniň içki geçiş kanunlaryny derňemekdir.

Pikir ýöretme pikirlenmäniñ operatiw birlikleri bolan seljermä /analize/, birleşdirmä /sinteze/, ýerleşdirmä, umumylaşdyrma we beýlekilere daýanýar.

Seljerme (analiz) obýektde onuň düzüjilerini ýüze çykarmak, akyl ýetirilýän zady böleklere bölmekdir. Seljermede bölünen bütewiligiň bölekleriniň baglanyşdyrylmagyna birleşdirme (sintez) diýilýär. Birleşdirme seljemede daragadylan düzüm bölekleriň ýönekeý gaýtadan toplanmagy däldir .Ol haçanda bütewiligiň seljerme arkaly dargadylan böleklerine akyl ýetirilip baglanyşdyrylan ýagdaýynda ýüze çykýar. Motory açyp, bölekleriniň funksiýalaryny aňlamazdan ýene-de öňki ýerinde goýuşdyrmak pikir birleşdirmesi däldir.

Ýerleşdirme pikiriň iň bir başlangyç, ýönekeý operasiýalarynyň (hereketleriniň) biri bolup, haýsydyr bir dargadylan bütewiligiň bölekleriniň synag-ýalňyş-düzediş häsiýetde gezekli-gezegine orunlaryna laýyk goýlyp pikir jemlemegiň gazanylmagydyr. Şeýle usulda arheologlar bölejiklerden gadymyýetiň ýa-da beýleki döwürleriñ galyndylarynyň keşbini dikeltmegi, döwür-eýýäm barada netijä gelmegi guraýarlar.

Umumylaşdyrma prosesinde deňeşdirilýän zatlary seljermek esasynda haýsy-da bolsa bir umumy häsiýet ýüze çykarylýar. Üçburçluklaryñ deňýanly, deňtaraply, göniburçly, kütek burçly ýaly köpdürliliginden we köp öwüşgünliginden sowlup, olar “üçburçluk” hadysasyna umumylaşdyrylýar.

Pikirlenme arkaly mysal çözmek

Pikirlenmäni diňe döredijilik prosesinde hereketlenýän (iň bolmanda ýumuşlaryň öň çözlenlerini özbaşdak çözmek) hadysa hökmünde seredýän nazaryýet ony ýumuşlaryň belli bir çylşyrymlylyk derejesi bilen baglanyşdyrýar. Muňa laýyklykda “2x2=?” ýaly hat-da çagalaryň ýüzünugra çözüp bilýän ýumuşlaryna pikirlenme gatnaşmaýar. Olar öwrendekligiň, awtomatizmiň esasynda amal edilýär. Adaty pikirlenme adam özüniň haçanda öňden bar bolan taýýar usullar bilen ýüzünugra çözüp bilmeýän meselesine uçranda, ýagny, **mesele ýagdaýynda (problema situasiýasynda)** herekete gelýär. Mesele ýagdaýyna girilişilip, belli näbelli bilen baglanyşdyrylyp, onuň haýsydyr bir belli häsiýeti ýüze cykarlanda mesele ýagdaýy özüniň meseleligini bes edip,

ýumşa öwrülýär. Ýumuş bolsa öz gezeginde agzalan pikirlenme operasiýalary (hereketleri) seljerme-birleşdirme, ýerleşdirme, umumylaşdyrma arkaly çözülýär. Aýdaly sülçi demir ýoluň ýakasynda otludan öldürilip taşlanan meýde pete-pet geldi. Ony kimiň heläkländigi belli däl. Göräýmäge doly näbellilik. Emma heläkçilik golaý wagtlarda bolan bolsa sülçüde ýagdaýdan bir belli häsiýeti anyklamak mümkinçiligi bar. Heläk bolanyň gyzgyny ölçenip, bedeniň her sagatda bir gradus ýylylyk ýitirýänligini nazarda tutup, näçe wagt mundan ozal bu ýerden haýsy otlynyň geçýänligini we ş.m anyklap bolýar.

Pikirlenme arkaly mysal çözmekde öňündengörüjilik

Näbellini öňünden pikirde şöhlelendirmek hadysasyna baha bermekde psihologiýada bir-birinden aýrybaşga garaýyşlar bardyr. Olaryň birinde akyl ýetirişiň her bir öňki "ädimi" gös-göni özüniň yzyndaka başlangyç bolup hyzmat edýär diýip tassyklanyar. Şeýle garaýyş pikirlenmäni jandarlaryň iş hereketine ýakynlaşdyrýar. Hakykatda bolsa pikirlenmäniň barşynda näbelli hiç bolmanda belli bir häsiýetde öňünden pikire getirilýär.

Bu nazaryýetleriň başga birinde näbelliniň çözlüşini tapmakda adamyň taýýar çözlüşi bada-bat öňünden pikire getirmek mümkinçiligi has güýçlendirilip, oňa aýgytlaýjy ähmiýet berilýär. Ýumuş teklip edilende şeýle bada-bat öňündengörüjilik döremese, adam göýä bu ýumşy hiç wagt hem çözup bilmeýär. Bu çemeleşişiň nädogrylygyna göz ýetirmek üçin okuwçynyň mysal çözüşini synlamak ýerliklidir. Oňa täze ýumuş teklip edilende ol hiç wagt ahyrky netijäni şol bada pikirlenmä getirip bilmeýär. Mugallymyň "ýaňzytmalary" esasynda onuň aralyk çözgütlerinden gutarnyklylyga geçýär.

Üçünji bir çemeleşmä görä pikirlenmäniň barşynda obýektiň häsiýetleri bilen baglanyşykly umumy düzgünleri, kadalary, çözlüş usullary yzly-yzyna saýlanylyp, laýygynyň üstünde saklanmaly. Bu nazaryýet pähimi kibirnetiki nukdaýdan derňemekligiň çäginde döräp, pikirlenmede näbellini öňünden pikire getirmekligi düýbünden inkär edýär.

Bu birtaraplaýyn çemeleşmeler meselä dialektiki garaýyşda ýeňlip geçilip, hakyky adama mahsus pikirlenme üsti bilen ýumuş çözlüşde näbellini aýan etmeklik hiç bolmanda hemişe bir ädim ilerledilen häsiýetde bolýandygy ykrar edilýär.

Pikirlenmäniň **aýdyň-hereket** (3 ýaşa çenli çagalaryň pikir ýöredişi) **aýdyň-keşp** (3 ýaşdan 6-7 ýaşa çenli döwürde) we **söz-logiki** ýa-da nazary pikirlenme (mekdebe çenli döwrüň ahyrynda döreýän) görnüşleri bardyr.

3.6. Hyýal

Ýokarda agzalan mesele ýagdaýynyň (problema situasiýasynyň) näbellilik derejesiniň dürli-dürlüligi onuň çözlüşine akyl ýetirişiň özboluşly görnüşleriniň goşulmaklygyny döredýär. Eger-de ýumşuň, ylmy meseläniň başlangyç şertleri belli bir aýanlykda bolsa, onda onuň çözlüşi pikirlenme arkaly amala aşyrylýar.

Mesele ýagdaýynyň näbellilik derejesi ýokary bolup, takyk seljermä mümkinçilik bermeýän bolsa, bu ýagdaýda onuň çözlüşi hyýalyň kömegi bilen döredilýär. Entek birinji, ikinji älem tizlikleri açylmanka, älem gämisiniň gurluşy tehniki-tehnologik jähtde aýan bolmanka aýa uçuş meşhur Žýul Werniň hyýaly romanlarynda amala aşyrylypdy.

Hyýal - döredijiligiň möhüm düzüjisi bolup durýan, işiň aralyk we ahyrky netijelerini oňa girişilmänkä aýdyň keşpde añda döredýän, meseläniň näbellilik derejesi ýokary bolanda çözlüşiň, özüňi alyp barşyň maksatnamasyny döretmäge mümkinçilik berýän akyl ýetiriş hadysasydyr. Mesele ýagdaýy kesgitli görnüşe geçmänkä hyýal pikirlenmäniň belli bir pursatynyň üstünden böküp geçip, akyl ýetirişiň ahyrky netijesini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär.

Hyýalyň **işjeň** we **işjeň däl** görnüşleri bolup, birinji öz gezeginde gaýtadan dikeldiji we döredijilikli hyýal, ikinji bolsa ygtyýarly we ygtyýarsyz hyýala bölünýär.

Edebi eserlerde tebigatyň beýan edilýän ýerleri okalanda, geografiki kartalar we taryhy ýazgylar öwrenilende, bularda şekillendirilýän zatlaryň keşpleri hyýalda dikeldilýär. Käbir okyjylara mahsus bolan eseriň hut şeýle beýan edilmelerinden sowlup, gahrymanlaryň aýgytly hereketlerine ýetmäge howlukmaklyk gaýtadan dikeldiji hyýaly çeşmesiz goýýar.

Döredijilikli hyýal maddy we ruhy önümlerde ornaşdyrylýan gaýtalanmajak täze keşpleri özbaşdak döretmekdir. Hyýalyň bu görnüşinde öňden bar bolan keşbi mazmunlaryň özgerdilmesine belli bir derejede daýanylýan hem bolsa, onuň esasy hörpi döredilişiň özbaşdaklygy, gaýtalanmazlygy bilen baglanyşyklydyr.

Adamyň şahsyýetiniň gymmaty köp derejede onuň gurluşynda hyýalyň degişli görnüşiniň agdaklyk etmegi bilen kesgitlenýär. Eger-de adamyň işiniň dürli görnüşinde amalyýete ornaşdyrylma alýan döredijilikli hyýal diňe boş göwün ýüwürtmede galýan işjeň däl hyýaldan ýokary bolsa, bu onuň şahsyýetiniň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär.

Täze keşpler hyýalyň ýelmeşdirmek (agglýutinasiýa), ulaltmak (giperbolizasiýa), ýiteltmek, nusgalaşdyrmak(shematizasiýa) hem-de umumylaşdyrmak(tipleşdirmek) ýaly usullar arkaly döredilýär.

Ýelmeşdirmek – zatlaryñ, hadysalaryñ gündelik durmuşda birikdirip, baglanyşdyryp bolmaýan häsiýetlerini, böleklerini bir-birine sepläp täze keşp almakdyr. Balygyň we aýalyň alamatlaryny özünde jemleýän suw perisi, baýanyň we fortepiýananyň sepleşmesinde döreýän akkordeon bularyň degişli mysallarydyr.

Ulaltmak – giperbolizasiýa täze keşbiň döredilişi zadyñ öz möçberini ýa-da onuñ düzüm böleklerinin sanyny, göwrümini ulaltmaklyga esaslanýar. Kyrk gulaç saçly Garagöz peri, döw, Pilmahmyt, ýartygulak we ş.m. zady tutuşlygyna ulaltmak (ýa-da kiçeltmek) esasynda gazanylýan bolsa, hindi rowaýatlaryndaky köp elli hudaýlar, ýedi kelleli aždarha we ş.m zatlaryň böleklerinin sanynyň üýtgedilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Ýiteltmek usulynda zatlaryň jähek, reňk, zolak ýaly häsiýetleri has goýaldylyp doýgunlaşdyrylýar. Ýoldaşlyk degişmelerinde, wäşi şekillendirilmelerde, oňlanylmaýan şahslaryň ýazgaryjy keşpleri /karrikaturalary/ döredilende ýiteltmek esasy täre öwrülýär.

Nusgalaşdyrmak – hyýaly göz öňüne getirmede zatlaryň keşplerini bir-birine goşup, aratapawutlaryny ýuwmarlap, meňzeş sypatlary aýgytlaýjy orna geçirmek esasynda täze kebiňp alynmagydyr. Türkmen halysynda hut şu usulda tebigatyň ösümlik we jandar dünýäsiniň gaýtalanmajak sypatlary nusgalaşdyrylmak esasynda hasaply geometric şekilde suratlandyrylýar.

Hyýaly göz öňüne getirmeleriň tipleşdirmek arkaly döredilşinde zatlaryň, hadysalaryň belli bir gatnaşyklarda, wakalarda gaýtalanýan düýpli bir häsiýeti ýüze çykarypylyp, ol anyk keşbe ornaşdyrylýar. Çeper eserlerde birinji derejeli we olara goşmaça bolýan gahrymanlaryň gylyk-häsiýetlerini ýatda galyjylykly mazmunda okyja ýetirmekde bu usulyň ähmiýeti uludyr.

Hyýalyň göz öňüne getirmeleri, bir tarapdan, beýniniň fiziologik gurluşynyň ýardamynda döreýän gurluş bolup, ikinji bir tarapdan ol bedeniň maddy düzümine dolandyryjy, özgerdiji täsir edýär. Orta asyr adamlarynyň nerw keseline ýykgyn edýänleriniň käbirinde olar Isa Pygamberiň haça çüýlenip ezýet çekişiniň Injilde beýan edilen ýerlerini göz öňüne getirenlerinde, soňluk bilen olaryň elleriniň aýasynda, aýaklarynda (myhyň urlan ýerlerinde) ganly dömmeler “haça çüýlenmegiň belgileri” görnüşinde döräpdir. Ýaralar bitenden soňra yz galyp, ony “stigma” – tagma, şeýle adamlar bolsa “stigmatlar” diýip atlandyrlypdyr. Türkmençilikde göwreli aýala hiç kimi gaty ýigrenmezligiň maslahat berilmekligi onuň psihiki keşbiniň çaga geçmek ätiýajyny duýdurmak bolup, ol ýokarky hadysa bilen ugurdaşdyr.

Adamyň umytly geljegi hyýalynda beslemegi **arzuwdyr**. Ol adamyň barlygy özgertmeklige gönükdirlen döredijilikli ymtylmalaryny durmuşa geçirmegiň zerur şertidir. Adamyň eli bilen döredilen her bir zat özüniň taryhy mazmuny boýunça adamyň hasyl bolýan arzuwlarynyň önümidir.

IV. BÖLÜM: PSIHIKANYŇ UMUMY HÄSIÝETLERI

Üns we ýat

4.1.Üns

Ünsüň we ýadyň psihikanyň umumy häsiýetnamasy hökmünde aýrybaşgalygy olaryň ikisiniň-de ähli beýleki psihiki hadysalaryň döreýşine, hereketlenişine we dolandyrlyşyna şert bolýandygy bilen baglanyşyklydyr.

Ünsüň psihiki häsiýetnamasyna berilýän kesgitlemeleriň bir ugry ony aňyň ähli beýleki zatlardan sowlyp, barlygyň belli bir obýektlerinde saklanmagy häsiýetde berýän bolsa, beýleki biri onuň psihiki hadysalaryň hereketlenişiniň takyklygyny, aýdyňlygyny, işjeňliligini, netijeliligini üpjün edýän mazmun görnüşinde häsiýetlendirýär. Nazaryýetleriň üçünji biri ünsi psihikany, aňy, öňki mazmunyndan saplap, ony bitarap ýagdaýa getirýän gurluş görnüşinde kesgitleýär.

Döreýşinde ruhy güýjüň sarp edilişiniň derejesine laýyklykda ünsüň **erksiz**, **erkli** we **erkden soňky üns** görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Erksiz üns – adamyň haýsydyr bir zady kabul etmek dogrusynda ýörite maksat-niýetiň bolmazlygynda, obýektiň duýdansyzlygy, güýji, hereketlenip başlamagy, gyjyndyrjylaryň özara çaprazlygy ýaly häsiýetnamalary esasynda döreýär. Obýekte gönükdirilmek we onda saklanmak esasan onuň agzalan häsiýetleri esasynda amala aşyrylýanlygy üçin ünsüň bu görnüşinde erkli güýç sarp edilişiň tygşytlylygy döreýär.

Erkli üns – obýekte aňly dolandyryşly gönükdirilmeklik bolup, ol daşky ýa-da içki maksat arkaly ugrukdyrylýar. Ünsüň bu görnüşinde goýlan maksadyň işjeňligini goldamak hem-de onuň ugrukmasyny bökdeýän gapdal täsirden sowulmak zerurlygy adamdan erkli güýç sarp edilişi talap edýär. Şonuň üçin ünsüň bu görnüşiniň netijeli işjeňligi ortaça 20 minut hasaplanýar.

Erkli ünsüň döredilişini işjeňleşdirýän şertleriň hatarynda işiň maksadyna magat düşünmek, onuň öňünde öz borjuňy aňlamak, işiň görnüşlerini yzygider çalşyrmak (akyl, amaly, oýun işleri we ş. m.), işi belli bir wagtda ýerine ýetirmek, ünsi sowýan gyjyndyryjylary aradan aýyrmak we beýlekiler görkezilýär.

Erkden soňky ünsde erkli ünsdäki erkiň dartgynlygynyň işe goşulmasy kemelip, işiň gidişi we dolandyrylyşy şahsyýetde dörän höwesdir, bilesigelijiligiň esasynda amala aşyrylýar. Ýumşyň çözlüşine erkli ünsüň goldawynda ilki dartgynly ýagdaýda çemeleşýän adam, ondan käbir belli alamatlary ýüze çykarandan soňra bu iş onuň üçin islege öwrülip, dartgynlyk aradan aýrylýar, çözlüş özakymlaýyn dowan etdirilýär.

Adamyň işi diňe erksiz ünse tabynlykda ýerine ýetirlende hiç bir maksada gönükdirilmäniň gazanylyp bolmaýşy ýaly, ol ýeke-täk erkli ünse daýananda hem uzak dowam edip bilmez. Erkli güýçli sarp ediş işiň ilkinji pursatlarynda öz

ähli gor, ätiýajyny paýawlap, öz ornuny ýene-de erksiz ünse berip, ünsüň gapdal gyjyndyryjylara sowulmagyna getirýär. Şonuň üçin ol ýa-da beýleki adamda işiň erkden soňky üns boýunça dolandyrylmaklygy onuň öz işjeňligini diňe talap boýunça däl-de, höwes, isleg boýunça amal edýändiginiň görkezijisidir.

Ünsüň häsiýetleri. Ünsüň göwrümi, paýlanmagy, jemlenmegi, durnuklylygy we bir zatdan beýlekä geçirilmegi onuň esasy häsiýetlerini düzýär.

Ünsüň göwrümi. Bir bada ünsüň merkezinde kabul edilip bilinýän obýektleriniň sany bilen kesgitlenip, ol uly adamda 4-6 maglumat birligine deňdir. Ünsüň göwrümini kesgitlemek üçin synalýana bir-biri bilen baglanyşygy bolmadyk zatlaryň özüni ýa-da keşbini 1\10 sekund dowamlylykda görkezip, üsti ýapylandan soňra ondan nämeleri görendigi soralýar. Zatlary ugurdaş häsiýetleri boýunça toparlara birleşdirip bu göwrümi ulaltmak bolar.

Ünsüň paýlanmagy. Adamyň şol bir wagtda işiň iki ýa-da ondan köp görnüşini amal etmek mümkinçiliginde ýüze çykýar. Dirižer bir wagtda kirişli, üflenip çalynýan, skripka, urguly saz gurallaryny çalýanlara ünsüni paýlap, olaryň bir bitewilikde ýaňlanmagyny gazanýar. Gulajyňy ýaýyp, keseleýin pürsüň üstünden ýöräp, şol wagtyň özünde ýatdan goşgy okamak ýa-da mysal çözmek haçan-da işleriň hiç bolmanda biri aňyň gatnaşmazlygynda, özakymlaýyn dolandyrylýan ýagdaýynda mümkin bolýar. Ýadawlyk, tolgunmaklyk ýagdaýlarynda ünsüň bu häsiýeti peselýär.

Ünsüň jemlenmegi. Ünsüň obýekte berilmek we onda saklanmaklyk derejesi boýunça kesgitlenip, onuň esasy görkezijisi ünsüň bir zatda jemlenip, gapdal päsgelçiliklere durnuklylygydyr. Jemlenmeklik ünsüň göwrümi we paýlanmagy bilen baglanşyklydyr. Ünsüň bir bada paýlanylmaly işleriniň sany näçe az bolsa, jemlenilmeklik şonçada ýokarydyr.

Ünsüň durnuklylygy. Onuň wagt häsiýetnamasy bolup, ol ünsüň obýektde saklanmagynyň dowamlylygynda ýüze çykýar. Durnuklylyk ünsüň jemlenmegine ters gatnaşykdadyr. Obýekte gönükdirilmäge we onda saklanmaklyga sarp edilýän güýç näçe ýokary bolsa, munuň netijesinde döreýän nerw-psihiki ýadawlyk ünsüň dowamlylygyny şonçada gysgaldýar. Ünsüň obýektden her bir 6-10 sekuntdan sowlup durmagy adamyň beýnisiniň maglumaty kabul etmekdäki tebigy arakesmeleri bilen baglanyşyklydyr. Depesi bize gönükdirlip çekilen kesik piramida dykgatly we dowamly seretsek, onda ünsüň tebigy «yrgyldysy» boýunça şekilde käte piramida, käte bolsa bizden aňyrlygyna uzaýan däliz görünýär. Şeýle biygtyýar üýtgeýjiligiň işiň dolandyrylyşyny erksiz başga tarapa sowmazlygy üçin işi onuň akyl, hereket, oýun ýaly görnüşleri bilen çalşyryp durmalydyr.

Ünsüň bir zatdan beýlekä geçirilmegi. Bu onuň aňlanylýan niýet esasynda bir obýektden beýlekä gönükdirilmegidir. Bu häsiýetiň ýörite niýete tabynlygy ony ünsüň sowulmaklygyndan tapawutlandyrýar. Edebiýat sapagyndan matematika sapagyna geçen okuwçylar esli wagt birinjiniň mazmunyndaky pikir duýgulardan saplanyp bilmän, ünsi mysalyň seljermesine gönükdirmekde kynçylyk çekýärýärler. Ünsi gös-göni ähmiýetli gyjyndyryjydan onuň pes, ýada bitarap ähmiýetlisine geçirmek kyndyr. Muny ýeňilleşdirmeklik

işiň jemgyýetçilik we şahsy ähmiýetini aňlamak, şeýle hem işiň has kynyny ýeňlinden öň ýerine ýetirmek ýaly usullar ulnylyp bilner. Käbir psihiki nähoşluguň täsirinde ünsüň geçirilmegi düýpli peselýär, adam şol bir pikir, duýgy, hereket tutumlaryna üznüksiz dolanýar. Meselem, göwnüne degen adam bilen hasaplaşmak pikirlerini birnäçe gezek hyýalda öwrenden soňra hem adam oňa ýene-de yzygider dolanmagyny dowam edýär. Muňa ünsüň **durgunlygy - rigidligi** diýilýär.

4.2 Ýat

Ýat adamyň duýma we kabul edişi boýunça aňda toplan maglumatlaryny olaryň keşbi (ýa-da olar dogrusyndaky piker-duýgy) görnüşinde belli bir dowamlylykda saklap, zerurlykda gaýtadan öz işinde ulanyp, hakydasyna getirmäge mümkinçilik berýän psihiki hadysadyr.

Aňa ornaşdyrylýan zatlaryň dersine laýyklykda hereket, keşp ýady (görüş, eşidiş, we ş. m.), emosional-duýgy we söz-logiki ýatlary bardyr.

Aňa ornaşdyrylyşynyň we gaýtadan dikeldilişiniň wagtyna baglylykda uzak wagtlaýyn we gysgawagtlaýyn hem-de işewür-operatiw ýatlar tapawutlandyrylýar.

Ýadyň hereketlenişine düşünmekde birnäçe taglymatlar bolup, olaryň iň gadymylarynyň biri psihologik nazaryýetdir. Psihologik nazaryýetden has giňişleýin ýaýrany ýadyň assosiatiw (baglanyşyk) taglymaty bolup, oňa laýyklykda iki ýa-da ondan köp täsiriň bir bada ýa-da biri-biriniň yzysüre aňda peýda bolmaklygy olaryň arasynda iki taraplaýyn baglanyşyk döredýär. Soň - soňlar olaryň biriniň aňda ýüze çykmaklygy beýlekileriniň-de hakydada peýda bolmagyna getirýär. Tabşyrygy unutmazlyk üçün barmaga ýüpjagaz baglamak, iş ýeriňdäki käbir zatlary adaty bolmadyk görnüşde goýmak we beýlekiler bu nazaryýetiň hereketlenişiniň amaly mysallarydyr.

Bu nazaryýetde seljermäniň diňe ýada ornaşdyrylýan zatlaryň (obýektiň) töwereginde jemlenýändigi, ony ýada ornaşdyrýan adamyň (subýektiň) bolsa bu tutumyň çäginden daşda galýandygy ýaly bellikler ýadyň beýleki taglymatlary nukdaýyndan tankydy bellenildi.

Ýadyň proseslerine ýada ornaşdyrmak, gaýtadan dikeltmek we ýatdan çykarmak degişlidir.

Ýada ornaşdyrmak. Bu täze maglumaty psihikada bar bolan öňki mazmun bilen baglanyşdyrmakdyr. Haýsydyr bir maglumat ýörite maksat boýunça aňa ornaşdyrylanda, ol özüniň asyl mazmunyna golaýlygyna laýyklykda sözme-söz, tekste golaý we manyly ýatlamak ýaly häsiýetde bolýar. Sözme-söz ýat tutmak maglumatyň birnäçe gezek gaýtalanmagyna daýanýan bolsa, tekste golaý usulda gaýtadan dikeltmekde käbir sözler çalşyrylyp, ýa-da goýberilip, ýatda tekstiň logiki subutnamasy, esasy söz ätiýajy we grammatikasy saklanýar. Manyly ýat tutulyşda mazmunyň kanunalaýyk baglanşyklary aňa ornaşdyrylýar.

Gaýtadan dikeltmek - aňyň haýsydyr bir mazmunyny uzak wagtlaýyn ýadyň düzüminden alyp, işewür ýada goşmakdyr. Onuň iň başlangyç pursaty **tanamak** bolup, onda öň ýada ornaşdyrylan zat gaýtadan kabul edilende adamda oňa golaýlyk, tanyşlyk duýgysy döreýär. Bireýýäm unudylan hasaplanýan zada gaýtadan gabatlaşylanda ol tanalýar. Başlangyç synp okuwçylary kähalatlar öý işlerini etmäge girişenlerinde materialyň mugallymyň düşündirişini ýatladýan ýerlerine baranlarynda döreýän tanyşlygy materialyň doly gaýtadan dikeldilişi hasaplap, işi togtadýar. Ertesi sapakda şeýle okuwçylar öý işiniň mazmunyny hakyky gaýtadan dikeltmäge ukypsyz bolýarlar. Şeýle aldanmaklygy aradan aýyrmak üçin okuwçylaryň öý işlerini amal edenlerinden soňra onuň mazmunyny özlerine sesli aýdyp bermekligi zerurdyr. **Hususy gaýtadan dikeltme** tanamakdan tapawutlykda degişli mazmunyň ikilenç kabul edilmezden özbaşdak hakyda getirilmegidir. Döredilişi usullaryna degişlilikde ol hatyrlamak (degişli mazmuny haýsydyr bir taryhy waka, senä gabatlaşdyryp gaýtadan dikeltmek), hakyda getirmek (ýada salmasy kyn zady erkli güýç sarp ediş boýunça gaýtadan dikeltmek) ýaly görnüşlerde bolýar.

Ýatdan çykarmak - degişli mazmunyň wagtlaýyn ýa-da gutarnykly aňdan aýrylmagy bolup, ol özüniň adaty, fiziologik häsiýetnamasynda kadaly ýagdaýdyr. Täze özleşdirilýän maglumat üçin psihikada öňküniň göwrüm, hereketleniş ornunyň boşadylmagy ýatdan çykarmanyň adaty kadaly häsiýetidir.

Özleşdirilýän maglumatyň (sözüň giň manysynda) işiň maksady däl-de serişdesi orunda bolmagy, işe yzygider goşulmazlygy, adam üçin ähmiýetsizligi we beýlekiler ýatdan çykarmany döredýän şertlerdir. Urgy ýa-da psihiki bozulma esasynda aňyň şikeslenmegi-de ýatdan çykarmanyň sebäp hatarynda durýar.

Z.Freýdiň psihoanaliz taglymatynda psihikada aňlanylýan we aňlanylmaýan düzüjileriň ýüze çykarylmagy ýatdan çykarmanyň aýratyn bir görnüşini esaslandyrmaga mümkinçilik berdi. Adamyň psihikasynda ýörite gurluş bolup, ol adamyň ejizligini duýdurýan zatlary aňdan gysyp çykarýar. Eger aýal maşgalanyň hakydasyna getirjek bolýan adamynyň ady bir wagt öz söýgüsini jogapsyz galdyran adamyň ady bilen meňzeş bolsa, ol ony ýada salyp bilmeýär. Psihikanyň gysyp çykaryjy düzüjisi ýakymsyz mazmunlary ýatdan aýryp, şahsyýetiň “Meni-ne” degişlilikde özboluşly psihologik gorag wezipesini ýerine ýetirýär.

Ýatdan çykarmanyň takyk tejribe esasynda öwrenilişi ilkinji gezek nemes psihologyy Ebbingauz tarapyndan geçirilýär. Ol synag edilýänlere manysyz bogunlary ýat tutduryp, olaryň dürli wagt dowamlylygynda unudylyşynyň möçberini häsiýetlendirýän «ýatdan çykarmanyň egremini» esaslandyrýar. Görlüp oturylsa özleşdirilen mazmunyň birinji gije-gündizde 60 göterim möçberi ýatdan çykyp, kem-kemden onuň depgini gowşaýar we soň-soňlar belli bir ujypsyz bölegi has uzak dowamlylykda ýatda saklanýar. Materialy manysyna aralaşman ýada ornaşdyrmak bilen onuň manyly ornaşdyrylyşynyň ýatdan çykarylyşynyň belli bir özboluşlylygy bar hem bolsa, olar umuman bu kanunalaýyklyklara tabyndyr.

V BÖLÜM: PSIHIKANYŇ DUÝGY-ERK HÄSIÝETLERI

5.1 Duýgylar we emosiýalar

Akyl ýetiriş hadysalary barlygy onuň obýektiw gurluşy tarapyndan aňda şöhlelendirýän bolsa, psihikanyň başga bir düzüjisi ony adamyň isleg-meýillerine laýyklykda şöhlelendirýär. Bu duýgy-emosiýadyr. Adamyň öz ýerine ýetirýän işine ýa-da akyl ýetirýän zatlaryna, beýleki adamlara, öz-özüne bolan gatnaşyklaryny duýgyda syzmagyna **emosiýa** diýilýär.

Häzirki zaman psihologiýa edebiýatynda emosiýa we duýgy bir adalgada «emosiýa» atlandyrylýan-da bolsa bu iki hadysa özara tapawutlanýar. Emosiýa adamyň iş-durmuşyny beden - fiziologik jähtde dolandyrýan bolsa, duýgy ony şahsyýet hökmünde dolandyrýar. Aç-suwsuzlygyň syzylyşy emosiýa arkaly guralýan bolsa, watandan aýra düşmeklik yzasy duýgy esasynda syzylýar. Emosiýanyň aragatnaşyk, dolandyryjy, habar beriji, meýillendiriji, bahalandyryjy, goranyş funksiýalary bardyr.

Emosional-aňladyjy hereketler –yşaratlar, ümlükler, göwräniň tutulyşy adamyñ öz ýagdaýy dogrusynda beýleki adamlara maglumat geçiriş serişdesi bolup hyzmat edýär. Şeýle maglumat alyşmaklyk adamyň akyl ýetiriş, amaly hereket işiniň möhüm dolandyryjysydyr. Emosiýanyñ üsti bilen biz wakalaryň isleglerimize bolan gatnaşygyny şöhlelendirýäris. Emosiýa daşky gurşawdan we içki dünýäden gelip gowuşýan habarlary ähmiýet nukdaýdan bahalandyryp, olaryň peýdaly ýa-da zyýanly häsiýeti, ýerleşýän ýeri dogrusynda entek takyk jogap alynmanka irgözin ýüze çykýar.

Pajygaly ýagdaýlarda adam dörän ýagdaýdan amatly çykalga tapyp bilmeýän wagtynda emosiýalar affekt, ýagdaýdan gaçmak, doňup galmak, hüjüm etmek ýaly öwrendekli jogap hereketleri döretmek bilen goranyş funksiýasyny yerine ýetirýär.

Adamyň işiniň netijesiniň hoşamaý bahalandyrylmagy netijesinde döreýän emosiýalar ony ýene-de şeýle ýakymly duýgylary syzmaklyga, onuň bilen birlikde bolsa işi üstünlikli dowam etmeklige meýillendirýär. Emosiýanyň **oñyn-ýakymly, oñyn däl-ýakymsyz, goşa, näbelli-ugrukdyryjy** görnüşleri tapawutlandyrylýar. Bu görnüşler emosiýanyň adamyň oýanan isleglerini haýsy zatlaryň kanagatlandyrýandygyny, ýa-da kanagatlandyryp biljekdigini we munuñ tersine, nämäniñ kanagatlandyrma päsgel berip biljekdigini seljermek ýaly hyzmatlary bilen baglanyşylykdyr. Meselem, iýmite bolan islegiň kanagatlandyrylmagy lezzet döredip, onuň kadaly kanagatlandyrylmagyna päsgel berýän zat bolsa ynjalyksyzlyk döredýär.

Emosiýanyň oňyn, oňyndäl iki görnüşinden başgada goşa duýgylar hem bolup, onda bu iki gapma-garşylykly duýgy birbada syzylýar. Munuň adaty mysaly bolan gabanjañlykda söýgi we ýigrenç özboluşly birleşýär. Hakykatda, durmuşyň iki-ýeke ýagdaýlary bolaýmasa, ähli wakalary hemişe goşa ähmiýetlidir. Çaganyň dünýä inmegi, adamyň dünýäden ötmegi ýaly bir öwüşginli begenç ýa-da gynanç duýgy döredýän sanlyja ýagdaýlar diýäýmeseñ,

hat-da toý meýlisiniň-de geçişiniň dabara-şadyýançylygy onuň çykdaýjylarynyň alada duýgysy bilen utgaşýar. Ýöne degişli pursatda begenç ýa-da alada öwüşginleriniň syzylyşynyň üstemligi beýleki öwüşgini entek basmarlaýar.

Emosiýanyň özboluşly görnüşiniň biri-de näbelli-ugrukdyryjy tarapy bolup, onda oňyn-oňyndäl, şadyýan-alada öwüşginleri entek açyk ýüze çykmaýar. Munuň has adaty ýüze çykyşy, ýokarda agzalan, pikirlenmäniň gözbaşy bolan **mesele ýagdaýydyr (problema situasiýasy)**. Bu ýagdaýda näbellilige uçran adam ondan haýsydyr bir belli alamaty anyklaýança ol geň galma, düşünmezlik, gyzyklanma, duýgy-hereketiň durgunlygy ýaly ýagdaýda bolýar. Meseleden (sözüň giň manysynda) hiç bolmanda ýekeje belli sypat ýüze çykarylanda näbelli ugrukdyryjy emosiýa öz ornuny begenç-ruhubelentlik, ýa-da çözgüt düýpgöter başartmasa-gynanç-lapykeçlik duýgysyna beryär.

Beýniniň belli bir nokatlaryna elektrodlar ornaşdyryp, onuň biotoklaryny ýazyp almak arkaly geçirilen tejribeler süýtemdirijileriň gabyk asty zolagynda **lezzet** we **hasrat merkezleriniň** bardygyny anyklady. Merkezleriň birinjisi gyjyndyrylanda jandar şeýle bir ýakymly duýgy syzyp, soňra şeýle gyjyndyryjynyň gaýtalanmagyny isleýär. «Hasrat» merkezi gyjyndyrylanda bolsa haýwan gorkusyna titräp, gaçmaga synanyşyp, soňra şeýle emosiýalar döredýän ýagdaýdan gaça durýar. Adam ruhy nähoşlygyň daşyndakylara has howply görnüşlerine uçran wagtynda özüniň we hossarlarynyň razyçylygy bilen beýniniň agzalan nokatlaryna düzediji täsirler edilýär.

Duýgularyň syzylyş görnüşleri. Duýgynyň syzylyşynyň iň ýönekeý we başlangyç görnüşi **duýgy äheňi** ýa-da **tonydyr.** Bu ýagdaýda duýgynyň hut özi aňlanylman, ol adamda belli bir gatnaşyk döredýän zadyň aýratyn häsiýeti hökmünde syzylýar.

Adam kähalatlarda duýgynyň zatlaryň obýektiw häsiýetiniň şöhlelenmesi boýunça ýa-da özüniň olara subýektiw gatnaşygy esasynda döreýändigini aýyl-saýyl seljermeýär. Ýakymly söhbetdeş, ýürek gysgynç kitap, hupbatly iş we ş. m. diýlende bular köplenç adamyň öz subýektiw gatnaşygy boýunça döreýär.

Käbir adamlarda has güýçli ýüze çykýan duýgy tony ***idiosinkraziýa*** – häsiýetine eýe bolup, onda beýleki adamlar üçin parhsyz ýa-da ýakymly gyjyndyryjylar adatdan daşary ýakymsyz, çydamsyzlyk derejesinde syzylýan duýgy döredýär. Käbir adamlarda çäge ýa-da aýna döwükleri gyjyrdadylanda şeýle duýgy döreýär.

Hususy emosiýalar. Bular duýgulary syzmagyň adaty görnüşi bolup, onda haýsydyr bir duýgy gös-göni syzylýar (onuň aňlanylyşyndan, bahalandyrylyşyndan tapawutlykda). Ol duýgy çeşmesiniň işjeň ähmiýetini adamyň şu pursatdaky isleg-höweslerini kanagatlandyrmak nukdaýdan şöhlelendirýär. Adamyň saza bolan durnukly, ornaşan duýgysy emosiýa däl-de, onuň şu pursatda diňleýän mukamynyň oňat ýa-da erbet ýerine ýetirilişinden alýan lezzeti ýa-da lapykeçligi emosiýadyr.

Affektler. Affekt – adamyň ruhy dünýäsini çalt eýeleýän, onuň aňyny düýpli özgerdip, hereketleriň erkli dolandyrylyşyny bozýan, şeýle hem bedeniň işini üýtgedýän duýgy ýagdaýydyr. Ol oňyn we oňyn däl, joşgunly hem-de ezýet

beriji sebäpler boýunça döräp bilýär. Dünýä bäsleşiginde altyn gabagy getirýän aýgytlaýjy pökginiň derwezä girizilmeginde azarkeşlerde döreýän partlaýşa meňzeş göçgünlik duýgysy, köp bolup urulýan namysjaň adamyň belli bir pursatda aklyndan azaşanyňky ýaly elde-aýakda durmaýan hereket ýagdaýyna gelmegi affektlerdir. Deslapky meýil näçe joşgunly bolup,ony amal etmeklige ýoňsuz güýç-gor sarp edilmezligine garamazdan işiň netijesi juda ujypsyz bolsa, affekt şonçada güýçlüdir. Affekt ýagdaýynda hereketleriň aňly dolandyrylyşy togtaýanlygy üçin, adamyň diňe özüniň aňly, erkli hereketlerine jogapkärçilik çekýändigini nazarda tutup, adamyň affekt wagtynda eden opurylyşygyna onuň jogapkärçiligi ýumşadylýar ýa-da jogapkärçilikden doly boşadylýar(affektiň hakykatdan-da bolanlygy ýörite psihologik anyklaýyşda subut edilende). Affekt netijesinde bedeniň işiniň duýgy ýökary göterilişi peselmeklik, güýç-gujuryň ýitirilmekligi bilen çalşyp, beden öňki kaddyna gelip ýetişmeýär. Adama uka meýillilik aralaşýar.

Stress - dartgynlylyk ýagdaýy. Bu howply ýagdaýda, dürli fiziki we akyl işiniň agyr geçýän wagtynda, çalt we jogapkärçilikli netijä gelmeli bolanda, şeýle hem uzak wagtlaýyn we güýçli psihologik dartgynlykda, nerw ulgamy çendan aladaly bolanda döreýän duýgy ýagdaýydyr. Onuň belli bir möçberdäki ululygy adamyň iş-hereketiniň işjeňleşmegine getirýän bolsa, mundan beýläk güýçlenmesi tersine, işjeňligiň umumy togtadylyşyny, sussupesligi, hereketsizligi döredýär.

Güýçli dartgynlykda aňly-erkli hereketler togtadylyp, özleşdirilişi endige, öwrendeklige öwrülen hereketler işjeňleşýär. Çagasynyň duýdansyz tapdan gaçmagyna tolgunan ene lukmanyň telefonyna derek öz öý nomerini aýlaýar. Siwilizasiýanyň «keseli» bolan stress ýürek-damar, aşgazan-içege kesellerinin döremegine «towekgellik şertini» döredigi hasaplanýar.

Şäht. Şäht adamyň tutuş özüni alyp barşyna we onuň aýry-aýry psihiki häsiýetlerine durnukly öwüşgin berýän umumy duýgy ýagdaýydyr.

Ol hususy emosiýa, dartgynlyk we ş.m. ýaly pursatlaýyn sebäpler boýunça däl-de, has düýpli sebäpleriň netijesinde döreýär. Adamyň jemgyýetde, öz iş toparynda eýeleýän orny we onuň şahsyýetiniň üstünlige ymtylyş derejesine laýyklygy, maşgalada, iş ýeriňde, jemgyýetçilik ulgamynda amala aşyrylýan gatnaşyklardan kanagatlanmak ýa-da kanagatlanmazlyk we beýlekiler şäht ýagdaýyny kemala getiriji şertlerdir.

Adamyň emosional-duýgy ulgamyny şahsyýet derejesinde ösdürmek we kämilleşdirmek, birinjiden, onuň mazmunyny täze-täze zatlar, wakalar, ynsan gatnaşyklary bilen baýlaşdyrmak, ikinjiden, adamyň öz duýgularyny aňly, erkli dolandyrmak derejesini ýokarlandyrmak, üçünjiden, özüňi alyp barşyň dolandyrylyşyna ýokary gymmatlyklary bolan ynsaplylygy, lebizliligi, borç-jogapkärçiligi aralaşdyrmak ýaly tutumlar esasynda gazanylyp bilner.

5.2 Erk.

Erk adamyň işjeňliginiň iň ýokary derejesi bolup, ol maksat goýmak, oňa ýetmeklige güýç sarp etmek (fiziki we ruhy), karara gelmek, we ony hereketde amala aşyrmak ýaly tutumlar bilen baglanyşyklydyr. Onuň mazmunynda meýilleriň deňeşdirilmegi, özara göreşi ýaly hadysalaryň bolmaklygy erki ähli beýleki psihiki häsiýetlerden tapawutlandyrýar.

Erk özüňi çäklendirmek, käbir güýçli meýilleriňe bäs gelip, olary beýleki has ähmiýetli maksatlara aňly tabyn etmek, pursatlaýyn döreýän ýüzünugra hyjuwlary togtatmak bilen baglanyşyklydyr.

Erkiň möhüm aýratynlyklarynyň biri-de hereketiň oýlanyşykly meýilnamasynyň we onuň amala aşyrylyşynyň bolmagydyr. Işiň alnyp barlyş pursaty ýakymsyz, ýürege düşgünç häsiýetde bolanda erk ony garaşylýan ähmiýetli netijä tabyn etmek arkaly dowam etdirmäge mümkinçilik berýär. Işiň alnyp barlyşy hiç hili höwes döretmeýän, netijesi-de şahsy ähmiýetsiz bolanda erk özüňi alyp barşy aňly döredilýän borç duýgysyna ugrukdyryp, işi amal etmäge kömek edýär.

Erk adatça belli bir maksada gönükdirilen, oňa ýetmek ugrunda döreýän kynçylyklary ýeňip geçmklige güýç sarp etmeklik bilen baglanyşykly aňly hereketleriň ulgamy häsiýetde kesgitlenýär.

Maksada gönükdirilmeklik, hereketleriň aňlanylmaklygy ýaly häsiýetnamalar erkiň hususy durkuny däl-de, şahsyýetiň has umumy sypatlary bolup, onuň kynçylyklary ýeňip geçmeklik bilen baglanyşyklylygy-da entek erkiň aýgytlaýjy häsiýetnamasy däldir.

Adamyň özüni alyp barşynda kynçylyklaryň aňrybaş derejeleriniň ýeňlip geçilmegi-de öz-özünden şahsyýeti erk tarapdan häsiýetlendirmeýär. Erkiň hususy häsiýetnamasy işiň, hereketiň jemgyýetçilik ähmiýetliligini anyklamak bilen baglanyşyklydyr. Ýetginjekleriň arasynda kähalatlarda kimiň has çydamlylygyny aýgyt etmek üçin eliň aýasyndan çüý geçirmek ýaly göçgünli bäsleşikler guralýar. Tene çümýän çüýe «wah» diýmezlik kynçylygy ýeňmegiň aňrybaş derejesi bolsa-da, ýetginjekleriň bu tutumy erkli hereket däldir. Şeýle kelle göçgünli hereketler dar şahsy meýillere tabynlykda guralyp, olar jemgyýetiň berkararlygyna däl-de, onüň opurylyşygyna gönükdirilendir.

Egerde, ýetginjegiň şeýle çydamlylygy özünden harby ýa-da beýleki Watan ähmiýetli syry aljak bolup gynaýan duşmanyň jezasyna dözmeklikde ýüze çykýan bolsa bu hakyky erkli hereketdir.

Mazmun-gurluş jähtden erk maksat goýmak, meýilleriň göreşi, karara gelmek, ony ýerine ýetirmek ýaly düzüjileri özünde jemleýär.

Adamyň özakamlaýyn iş-hereketlerinden tapawutlykda erkli hereket ýörite maksat esasynda guralýar. Goýlan maksadyň amal ediliş ýolunda döreýän meýilleriň göreşi durmuş hadysalarynyň öňki temada bellenen iki öwüşginliligi bilen baglanaşyklydyr. Aýdaly, adam öz hünärini çalşyrmakçy bolýar. Bu maksadyň ýüzünugra amal edilmegi adamyň hereketiniň oýlanşyksyzlygyndan,

tutumynyň agras däldiginden habar berýär. Durmuş wakalarynda bolşy ýaly bu tutumda hem adamyň öňünde goýlan maksadyň iki tarapy örboýna galýar: täze iş ýeriň öýe golaýlygy, töleginiň ýokarylygy özüne çekiji, emma öňki işiňe öwrenişenligiň, ondaky adamlaryň hoşniýetliligi, täze işi deslapdan özleşdirip başlamaklyk we ş.m. onuň adamy oýlandyrýan taraplary bolýar. Gitmek ýa-da galmak meýilleri özara deňeşdirilip, olaryň deňähmiýetliligi näçe ýokary bolsa, psihiki göreş şonçada dartgynly bolýar.

Meýilleriň göreşi özüniň gysga ýa-da dowamlylygyna garamazdan hökman netijä, karara gelmek bilen tamaplanýar. Eger maksadyň goýluşy oýlanyşyksyz, kişi maslahatyna yrylmak boýunça döredilen bolsa, adamyň kalbynda edenine şübhelilik netijä gelnenden soňra hem galýar. Maksat aýdyň, oňa ýetmek zerurlygy hiç bir şübhesiz aňlanylanda karara gelmeklik meýilleriň güýçli bolmadyk göreşi görnüşinde geçýär. Gelnen netijäni ýerine ýetirmeklik belli bir kynçylyklara uçraýar. Bu ýagdaýda adamdan uly çydamlylyk, özdiýenlilik, duýdansyz döräp biläjek ýagdaýlary göz öňünde tutmaklyk ýaly sypatlar talap edilýär. Erkli işe mahsus bolan güýç sarp etmeklik diňe bir garşylykly meýilleriň dartgynlygynda däl-de, gelnen karary gutarnykly amala aşyrmakda döreýän daşky garşylyklary ýeňip geçmek zerurlygynda hem döreýär.

Şahsyýetiň erkli sypatlarynyň esasylaryna özbaşdaklyk, towekgellik, erjellik, sowukganlylyk, maksadaokgunlylyk degişlidir.

Özbaşdaklylyk – erkli hereketiň meýilleriniň we karara gelnişiň aýratynlygynda ýüze çykýar. Ol adamyň öz hereketlerini daşyny gurşaýanlaryň görkezmesi boýunça däl-de, degişli ýagdaýlarda özüňi alyp barşy hususy ynançlarynyň, bilim-düşünjeleriniň esasynda guraýşynda ýüze çykýar.

Döreýän meseleleri özbaşdak çözmeklik şahsyýetiň erkiniň has ösen derejesiniň görkezijisi bolýar. Bu häsiýetiň gapma-garşylykly sypaty **yrylmaklyk** bolup**,**ol daşky çawuşlara laýyklykda pikiriňi üýtgedip iş alyp barmaklykdyr. Şeýle sypatly adam daşky täsire görä çalt üýtgäp, onuň hereketiniň meýilleri öz pikir-ynançlarynyň esasynda däl-de, gapdal täsirleriň esasynda döreýär.

Towekgellik – adamyň dörän ýagdaý dogrusynda ikirjiňlenmän karara gelip, ony amal etmek ukybynda ýüze çykýar. Onuň gapma-garşylykly häsiýeti ***ýaýdanmaklyk*** bolup, ol adamyň karara gelmekde ikirjiňlenip, saýlan ugrunyň dogrylygyna üznüksiz şübhelenmegi bilen baglanaşyklydyr. Bu häsiýetiň esasy özboluşlyklarynyň biri-de onda meýilleriň göreşiniň üznüksizligidir. Ýaýdançlyk gelnen karary amala aşyrmakda hem dowam edýär.

Erjellik – towekgellik bilen bir hatarda gelnen karary üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik berýän erkli häsiýetleriň biridir. Erjellik adamyň uzak wagtlap gowşamaýan dartgynlykda öz güýjüni işe gönükdirmeginde ýüze çykýar. Adam goýlan maksadyň kynçylygyndan çekinmän, oňa ýetmäge çalyşýar. Erjellik **keçjallykdan** tapawutlandyrylmalydyr. Keçjallyk adamyň öňde goýan meýilnamasynynyň ýetilmejegine gözi ýetip durka hem ondan el çekmän, ýerliksiz dyzamagynda ýüze çykýar. Bu adamyň erkiniň

gowşaklygynyň görkezijisi bolup, adam hakykata dogry baha bermäge, ýagdaýyň üýtgemeginde öz hereketini oňa laýyk guramaga ukypsyz bolýar.

Sowukganlylyk – ýa-da öz-özüňe erk etmeklik, adamyň gelnen karary dürli içki päsgelçiliklere (ýaltalyk, gorky we ş.m.) garamazdan amala aşyrmaklyga özüni mejbur etmeginde ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda adam özüniň güýçli, emma ýerliksiz meýillerini, makullanylmaýan duýgylaryny – gahary, görkyny, affekti, ruhdan düşmekligi we ş.m. jemgyýet ähmiýetli meýilleriň täsirinde öz erkine tabyn edýär.

Şahsyýet derejesinde erk durnuklylyk, özdiýenlilik, gujurlylyk, erkiň güýji we ş.m. häsiýetlerde ýüze çykýar. Bulary erkiň özeni sypatlary atlandyrmak bolar.

Erkli adamy töwekgellik, batyrgaýlyk, sowukganlylyk, özüne ynamlylyk tapawutlandyrýar. Bular ýokarda agzalanlardan psihiki ösüşde soňrak döräp, durmuşda gylyk-häsiýet bilen baglanyşyklykda ýüze çykýar. Şonuň üçin olary diňe bir erkiň däl, gylygyň-da häsiýtleri hökmünde seretmek bolar. Bular ikinji häsiýetli erk sypatlarydyr.

Galyberse-de, erkiň üçünji bir topar häsiýetleri bolup, olar ahlak-gymmatlyk ugrukmasy bilen baglanyşyklydyr. Bular – jogapkärçilik, tertiplilik, hökmanylyk, sözüňe eýelilikdir. Ugurtapyjylyk, işewürlik ýaly adamyň işe gatnaşygyny aňladýan sypatlar hem hut şu topara girýär.

Adamyň erkli özüni alyp barşynyň ösüşi psihiki hadysalaryň erksiz görnüşlerini erkli häsiýete öwürmek, onuň öz hereketleriniň üstünden gözegçilik edip bilmekligi we şahsyýetiň erkli sypatlaryny döretmek ýaly ugurlarda amala aşyrylýar.

Bu tutumyň ikinji bir ugry adamyň öz öňünde kem-kemden çylşyrymlaşýan ýumuşlary goýup, ýetilmegi uzak wagtyň dowamynda uly erkli güýç sarp edilişi talap edýän alys maksatlara ugrukmak bilen baglanyşyklydyr.

VI BÖLÜM. IŞIŇ WE SÖZLEÝŞIŇ PSIHOLOGIÝASY

6.1.Işiň psihologiýasy

Bizi gurşaýan barlygyň ähli düzüjlerine belli bir derejede işjeňlik mahsusdyr. Şöhlelenme, tozama, himiki reaksiýalar, daşgynlar-gaýtgynlar onuň jansyz tebigatdaky görnüşleri bolsa, fotosintez, gyjynmaklyk, duýgurlyk we beýlekiler işjeňligiň janly ulgamdaky ýüze çykyş alamatlarydyr. Işjeňligiň adamda ýüze çykyşy onuň jandarlar dünýäsindäkiden düýpgöter tapawutlydyr. Işjeňligiň haýwanat we adamzat ulgamynda hereketlenişiniň düýpli umumylygy olaryň ikisinde hem işjeňligiň islegler arkaly döredilýänligidir. Islegler işjeňligiň çeşmesi, onuň hereketlendiriji güýjüdir.

Ýöne işjeňligiň isleglere gatnaşygy adamda we haýwanda başga-başgadyr. Isleg haýwanyň özüni alyp barşynyň işjeňligini gös-göni we boýdan-başa kesgitleýär. Meselem, açlyk isleg ýagdaýy haýwany aw üçin ýerinden galmak, awy agtarmak, kowalamak, ýetmek, iýmek ýaly hereketlere ugrukdyrýar. Bu isleg kanagatlandyrylandan soňra haýwan işjeňlik ýagdaýyny pişesizlik bilen çalşyrýar. Adaty, şertli refleks açlygyň kanagatlandyrylyşyny iýmite gös-göni dahylsyz jaň, yşyk bilen aralaşdyrýar diýeli. Ýöne, meselem, it üçin et berilmezden öňürti jyňňyrdaýan jaň, aýrybaşga zat däl-de, hut iýmitiň bir bölegi hökmünde kabul edilýär. Jyňňyrdynyň yz ýany iýmit alyp öwrenen it, jaňdan soň ony almasa, baryp şol jaňy ýalaýar.

Başgaça aýdanyňda, haýwanyň hat-da iň çylşyrymly şertli refleks işinde-de islegler onuň psihikasynyň şöhlelendiriji we dolandyryjy funksiýalaryny gös-göni kesgitleýär. Haýwanyň bedeniniň isleg zerurlygy psihikanyň daşky dünýäde ***nämäni saýlaýandygyny*** we nähili jogap hereketlerini döredýändigini kesgitleýär.

Adamyň özüni alyp barşy düýbünden başgaça guralandyr. Onuň öz isleglerini kanagatlandyrmakda dürli gurallary ulanmaklygy onuň psihikasynyň gurluşyny aýgytly üýtgedýär. Iýmiti çemçe, çarşajyklar ýaly gurallar arkaly iýmek, işiň alnyp barlyşynyň belli bir bölegini ilki -ilkiler haýwanlaryň ýük çekiş, ýer sürüş ýaly hyzmatlaryna ýüklemek, soň-soňlar bolsa ony maşynlar arkaly amala aşyrmak, iş-hereketiň özboluşly, hususy adama mahsus mazmunyny döredýär. Islegiň gös-göni özi däl-de, onuň jemgyýet amalyýetinde kabul edilen **kanagatlandyrylyş usullary** adamyň özüni alyp barşynyň düýp mazmunyny kesgitleýär.

Isleg haýwanlarda psihikanyň aýgytlaýjy ugrukdyryjy, dolandyryjy gurluşy bolýan bolsa, adamda ol ***maksada*** tabynlykda hereket edýär. Jandarda ýaşaýşyň esasy manysyna öwrülýän isleg, adamda onuň çylşyrymly özüni alyp barşynyň diňe bir düzüjisine öwrülýär. Iýmek üçin ýaşamak, ýaşamak üçin iýmek bular janly ulgamyň adama çenli we adama mahsus derejelerini aýgyt edýän guralyşdyr. Diýmek, işjeňligiň adam derejesindäki aýgytlaýjy özboluşlylygy onuň özüni döreden isleg boýunça doly kesgitlenmeýänligidir. Aýdaly, kätmen urýan daýhanyň iş tutumy iýmite bolan isleglerin

kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen diýeli. Ýöne onuň şu pursatda edýän iş-hereket tutumy şeýle islegi kanagatlandyrmaga däl-de, ýeri tohum sepmäge tagtlamaklyga, ýagny zähmetiň jemgyýet bölünişiginde özüne tabşyrylan ýumuş-maksadyň amal edilmegine gönükdirilendir.

Başgaça aýdanyňda adamyň iş-hereketi özüniň gözbaşynda isleg bilen döredilse-de, onuň dolandyrylyşy jemgyýet mazmunly gurluşa tabyndyr.

Işjeňligiň islegler arkaly döredilip aňlanylan maksat boýunça dolandyrylýan görnüşine psihologiýada iş diýilýär.

Işiň psihologik gurluşy onuň administrativ–hukuk, sosiologik, inžener-tehniki gurluşyndan tapawutlydyr. Işiň esasy psihologik düzüjilerine maksat, meýil, alnyp baryş usullary we işiň dersi – predmeti degişlidir. Meselem, işiň inžener-tehniki gurluşynda onuň nämä gönükdirilenliginiň we nämäniň bähbidine gönükdirilendiginiň aýrybaşgalygyny ýüze çykarmak onçakly derwaýys däldir. Emma okuwçynyň degişli tema boýunça bilimleri hakykatdan-da bilim özleşdirmek, ýa-da diňe baha almak üçin amal edýändigini anyklamak psihologik jähtden aýgytlaýjydyr. Şonuň üçin käbir psihologlar (A.N.Leontýew) işjeňligiň diňe bir görnüşini - ýagny, haçanda onuň nämä gönükdirilenligi (maksat) bilen nämäniň bähbidine (meýil) ugrukdyrylýanlygynyň gabat gelýän görnüşine iş diýmekligi makullaýarlar. Şundan ugur alynsa, eger-de okuwçy öý işini diňe gowy baha ymtylyp edýän bolsa, bu hakyky okuw işi däldir; haçanda ol ony bilim özleşdirmek maksadyna tabynlykda amal edende bu tutum hakyky okuw işine öwrülýär.

Işiň psihologik mazmunynyň esasy düzüjisi bolan ***maksat*** – bu işiň gelejekki netijesiniň (önüminiň) oňa girişilmezden ozal aňda döredilýän ruhy keşbidir. Maksadyň esasy aýratynlygy-da onuň aňlanylýanlygydyr. Işiň beýleki taraplary – meýiller, alnyp baryş usullary, zerur maglumatlaryň seçilip alynmagy, gaýtadan işlenilmegi aňlanylyp ýa-da aňlanylman bilner. Meselem, çaga özüni oýna ugrukdyrýan meýilleri, kiçi mekdep ýaşlylar bolsa okuw işiniň hakyky meýlini seýrek aňlaýar.

Uly adamlarda-da “bir zat isleýän, näme isleýänimi bilemok” ýaly ýagdaýlarda işiň meýliniň heniz öz dersini tapmaýan wagtlary seýrek bolmaýar. Kähalatlarda bolsa adam beýleki birine bolan gatnaşygynyň meýlini doly aňlaman “Men şeýle diýmek bilen pylan zady göz öňünde tutýaryn” diýip, aňyň dile “oklaýan” çem gelen delilini aýdyp goýberýär.

Meýil – işiň psihologik häsiýetnamasynda ýörite ýüze çykarylýan düzüjisi bolup, ol işjeňligiň nämäniň bähbidine, haýsy islegiň takyk kanagatlandyrylyşyna gönükdirilenligini kesgitleýär. Işiň mazmunynda ol maksada tabyn bolsa-da, belleniliši ýaly, şahsyýetiň gurluşynda onuň gönükdirilmesi hökmünde gözbaşy düzüjileriň birine öwrülýär. Maksat işiň umumy ugrukmasyny häsiýetlendirýän bolsa, meýil onuň işjeňliginiň çeşmesi, işiň sebäbini döredijidir.

Işiň alnyp baryş usullary – bu işiň dersini üýtgedip, maksada ýetmäge mümkinçilik berýän tilsimdir, tärleriň ulgamydyr. Adamzat döräli bäri işiň bu düzüjisini maşyndyr, gurallara ýükleýär. Işiň şol bir maksady dürli usullar

arkaly amala aşyrylyp bilinýär. Meselem, diwary çotga ýa-da pürküji ulanyp agardyp bolýar. Haşal otlar otag ýa-da himiki däri-dermanlar bilen ýok edilýär. Işiň bu düzüjisiniň aňlanylyşy barada aýdylanda bolsa, olaryň köpüsi aňyň gatnaşmazlygynda amala aşyrylýar. Muňa mysal edip islendik endige öwrülen hereketleri – ýöremek, sözleýiş, ýazuw, awtomobil sürmek, saz çalmak we ş.m.görkezmek bolar.

Işiň dersi – bu usullar arkaly özgerdilip, maksadyň ýetilmegine şert bolup durýan maddy ýa-da ruhy obýekt, zatdyr. Meselem, oturgyjyň ýasalyşynda onuň dersi tagta ýa-da demir bölekleri, bilim özleşdiriş işiniň dersi bolsa ýazgylar, beýanetler, tekstlerdir. Adamyň akyl ýetiriş işiniň dersi pikir, jemleýji keşpler – obrazlardyr.

Işiň gymyldy- hereket düzümi. Iş dürli hereketler ulgamyndan durup, hereket bolsa onuň haýsydyr bir pursatlaýyn ýumuşy ýerine ýetirmeklige gönükdirilen çendan/otnositel/ gutarnykly kesimidir. Zähmet işinde zat-predmet hereketleri, akyl ýetirişde pikir hereketleri, aragatnaşykda bolsa sözleýiş, yşarat hereketleri bolýar.

Her bir hereket giňişlik we wagt ulgamynda amala aşyrylýan gymyldylardan durýar (ýöne piker hereketleriniň wagt häsiýetnamasy bolsa-da, olaryň giňişlik häsiýetnamasy ýokdur). Gymylda bir mysal: “o” harpy ýazmak üçin heki başam, süýem we orta barmagyň arasyna gysyp, ony tagtanyň belli bir nokadyna düşürip, sagat diliniň garşysyna ýöredip, tegelegiň şekilini çekip, ony başlangyç nokada eltmeli. Sanalanlaryň ählisi maksadagönükdirilen gymyldylardyr. Gymyldylaryň amal edilişine onuň netijesini ahyrky maksat bilen deňeşdirmek arkaly yzygiderli gözegçilik edilýär. Aralyk netijeleriniň makul ýa-da däldigi ***yza dolanýan baglanyşyk*** boýunça beýnä habar berlip, iş tutumynyň gidişine zerur düzedişler girizilýär.

Hereketiň käbir taraplary ilki-ilkiler anyk aňlanylyşy talap edip, üznüksiz gaýtalanmagy netijesinde bolsa soňabaka kem-kemden aňyň gatnaşmazlygynda amala aşyrylyp başlanýar. Bu ýagdaýa **awtomatlaşma** diýilýär.

Adamda maksadalaýyk gymyldylaryň ýerine ýetirilişiniň we dolandyrylyşynyň bölekleýin awtomatlaşma häsiýetde aňyň gatnaşmazlygynda amala aşyrylyp başlanmagyna **endik** diýilýär. Mysal üçin biz hat ýazanymyzda "O" harpynyň ýokarda agzalan düzüji gymyldylaryny aňlamazdan ýerine ýetirýäris. Bu ýagdaý tigir, maşyn sürýänleriň, saz çalýanlaryň we beýlekileriň degişli hereketleri özleşdirişinde hem hut şeýledir.

Ýöne gymyldylaryň amala aşyrylyş tärleriniň aňlanylmazlygy gutarnykly däldir. Ýazuw işiniň kadasy bozulyp, harplar nusga laýyk gelmän ugran ýagdaýynda olaryň gymyldy mazmunlary we tärleri gaýtadan aňlanylyp, olara düzediliş girizilýär.

Mälim bolşy ýaly endikleriň dürli görnüşi adamyň iş-durmuşynda yzly-yzyna däl-de, köplenç bir wagtda döreýär. Şonuň üçin täze döreýän endik adamyň özleşdiren endikler ulgamynda ýüze çykyp, olaryň birnäçesi täze endigiň döremegine ýardam etse, beýlekileri päsgel berýär, üçünjisi bolsa ony özgerdýär we ş.m. Bu hadysa psihologiýada **endikleriň özara täsiri** diýilýär.

Bu tutumda iki hili gapma-garşylykly ýagdaýyň bolmagy mümkin. Birinjiden, haçanda iki hili hereketiň maksady, şerti adam tarapyndan meňzeş kabul edilip, hakykatda bolsa bu hereketler özleriniň ýerine ýetirilişiniň dolandyrylyş usullary boýunça düýpli tapawutlanýar. Netijede özleşdirilýän endigiň usullary öňki daşky taýdan meňzeş endigiň usullary bilen çapraz utgaşyp, endigiň ýüze çykmagyny bökdeýär, togtadýar. Muňa oňyn däl geçiriliş ýa-da **endikleriň interferensiýasy - bir-birine ýüklenmegi** diýilýär.

Awtomobilde bir menzilden beýlekä ýetmek daşary ýurtlaryň köpüsinde çep taraplaýyn düzgün boýunça ýerine ýetirilip, biziň ýurdumyzda we beýlekilerde sag taraplaýyn ugrukmasy boýunça berjaý edilýär. Bu ýurtlaryň sürüjileri başga ýurtda maşynly hereket etmekçi bolanlarynda endikleriň ýokarda agzalan bir-birine çaprazlygy ýüze çykýar. Şeýle ýagdaý dil öwreniş amalyýetinde hem bolup bilýär. Ses, grafiki, yşarat aňladylyşy, birmeňzeş sözleriň bir medeniýetdäki mazmuny beýlekä gapma-garşylykly bolýar. Muňa ruslarda we bolgarlarda baş atmaklygyň birinde ykrar, beýlekisinde bolsa inkär etmeklik manylaryny görkezmek bolar. Ýa-da bolmasa iňlisçe we rusça “importance” sözüniň belgileniş, seslendiriş meňzeşliginde olaryň manylary gapma-garşylyklydyr.

Endikleriň özara täsirinde ikinji bir adatdan daşary bolup biläýjek ýagdaý haçanda iki ýumşyň maksady ýa-da şerti dürli-dürli bolup, ýöne olaryň dogry çözülmegi üçin zerur bolan hereketler özleriniň ýerine ýetiriliş, dolandyryş usuly boýunça birmeňzeş bolanda ýüze çykýar.

Meselem, mekdep okuwçysy ýyllarynda skripkada oýnamagy ezberlän jahyl soňra lukmançylyk institutynda gantebibi-hirurg hünärinden gitse, onuň pyçajygy tutmak endigi özleşdirmesi oňa gatnamadyklaryňkydan has çalt kemala geler. Munuň sebäbi - skripkanyň kemançasyny tutmak endigi bilen hirurgyň pyçajygyny ýöretmegiň tilsimi bir-birine gabat gelýär. Bu ýerde hereketleriň obýektiniň we maksatlarynyň tapawutlygynda olaryň ýerine ýetiriliş we dolandyryş usullarynyň meňzeşligi bolup, oňa **oňyn geçiriliş** ýa-da **endikleriň induksiýasy** diýilýär.

Oňyn däl geçiriliş eger-de okadylyşda, esasan-da gaýtadan öwrenişde uly päsgelçilik döredýän bolsa, bu ýagdaýy bir-birine çaprazlaşýan ýumuşlary wagty boýunça aýrybaşgalap, olaryň has tapawutly alamatlaryny okuwçylaryň aňyna ýetirmek arkaly belli bir derejede gowşadyp bolar.

Işiň esasy görnüşleri. Işde adamyň şahsyýeti ýüze çykyp, şol bir wagtda iş onuň şahsyýetini kemala getirýär. Çaganyň dünýä inmeginiň ilkinji ýyllarynda işiň ýönekeý görnüşlerini özleşdirmeklige taýýarlyk döreýär. Olaryň biri-de **oýundyr.**

Oýun adamyň işiniň bir görnüşi hökmünde beýlekilerden aýrybaşgalygy - onda işiň maksady bilen meýliniň bir bütewi bolmagydyr. Çaga oýny diňe oýnamak üçin oýnaýar. Onda haýsydyr bir bilim-başarnyklary özleşdirmek, ýa-da ondan peýda-ähmiýet agtarmak ýaly maksatdyr, meýiller bolmaýar. Ilki-ilkiler çagada oýnuň esasy urukdyryjy meýli toplanan güýç-gory sarp etmeklik

bolsa, soňa baka onuň alnyp barlyş tutumynyň şüweleňi onuň itekleýji meýli bolýar.

Mekdebe çenli ýaşyň ahyrynda oýnuň **düzgünli** görnüşi ýüze çykyp, onda ilkinji gezek maksat meýilden aýrylyp, oýunda "düzgünleri berjaý edip, utmaly" diýen özbaşdak maksat döreýär. Şonuň üçin guralyşy we netijesi hiç hili maddy önüm döretmeýänligi nukdaýdan bu tutum oýun häsiýetinde galsa-da, öz psihologik gurluşy boýunça ol zähmet işine golaýlaşýar. Oýunlaryň mundan başga-da şüweleňli, orunly(rolly) oýunlar ýaly görnüşleri bardyr.

Adamyň jemgyýetçilik gurluşyna goşulyp, hususy adama mahsus sypatlary gazanyşy ***öwrenmekligiň***, ýagny tejribäni özleşdirmegiň netijesidir. Şeýle öwreniliş özakymlaýyn, çaganyň uly adama öwrülmesinde ýalňyşmak-düzetmek häsiýetde tejribe toplamak, hem-de ýörite guralan öwrediş işi arkaly amala aşyrylýar.

Esasy maksady belli bir maglumaty, hereketleri, özüňi alyp barşyň görnüşlerini özleşdirmek, öwrenmek bolup durýan işiň görnüşine **okuw** diýilýär. Okuw şu aşakdaky düzüjileri öz içine alýar:

a) barlygyň ähmiýetli häsiýetleri barada, işiň nazary we amaly görnüşlerini üstünlikli guramaklyga zerur maglumatlary özleşdirmek (munuň netijesi bilimlerdir);

b) işiň mazmunyny düzüji usullary we hereketleri özleşdirmek (netijesi-endikler);

c) ýumuşlaryň şertlerine we goýlan maksadyna laýyklykda degişli usullary we hereketleri dogry seçip almak we gözegçilik etmek üçin görkezilen maglumatlaryň ulanyş tärlerini özleşdirmek (bu tutumyň netijesi başarnykdyr).

Şeýlelikde, okuw adamyň belli bir bilimleri, endikleri we başarnyklary özleşdirmek boýunça aňlanylan maksat bilen dolandyrylýan işidir.

Görnüşi ýaly okuw özboluşly, diňe adama mahsus işdir. Haýwanlarda diňe öwrenmek bolýar. Ösýän şahsyýetiň işini we özüni alyp barşyny adamzadyň jemgyýetçilik tejribesini özleşdirmeklige işjeň gönükdirmek we dolandyrmak **okatmak** diýip atlandyrylýar. Bu tutumyň belli bir gatnaşyklary, meýilleri we özüňi alyp barşyň kadaly görnüşini kemala getirmek tarapyna **terbiýe** diýilýär.

Eger-de adamyň oýun, okuw işlerinde maddy we ruhy önümler ýörite maksada tabynlykda öndürilmeýan bolsa, ***zähmet*** *işi* jemgyýete peýdaly (ýa-da jemgyýetde ulanylýan) degişli maddy we ruhy gymmatlyklary, önümleri öndürmeklige gönükdirilendir. Zähmet adamyň esasy we baş işidir. Onuň maksady adamlaryň ulanýan zatlary we olary döretmeklige serişde hökmünde peýdlanýan – iýmit, öý goşlary, geýim-gejimler, yşyk we ş.m. bolup biler. Bu hatarda aňyýet önümleri ylym, sungat, şeýle hem adamlaryň özüni alyp barşyny we zähmetini guraýan hereketler (dolandyrmak, gözegçilik, goramak, terbiýe) hem görkezilip bilner.

Agzalan önümler, gymmatlyklar zähmetiň jemgyýete peýdaly netijeleri bolup, onuň jemgyýete gös-göni peýdaly däl-de,diňe onda ulanylýan görnüşleri has özboluşlydyr. Ýadro ýaragy, neşe önümleri we beýlekiler diňe jemgyýetiň

zerurlygy üçin ulanylýan, emma jemgyýete peýdaly däl önümlerdir. Bu işiň önümleriniň obýektiw we ahlak häsiýetnamalarynyň çendan aýrybaşgalygynyň ýüze çykmasydyr.

6.2. Sözleýiş

Ýokarda bellenilişi ýaly janly ulgamda bir nesliň gazanan tejribesini indikä doly we kämil geçirmek esasan diliň üsti bilen amala asyrylýar. Haýwan, meselem, ýyrtyjy kitler-kasatkalar öz çagalaryna ýalpak ýerde deňiz ýolbarslaryny gyra itekläp awlamaklygy öwretseler-de, aýratyn jandaryň ýaşaýyş tejribesiniň agramly bölegi onuň ölümi bilen öz ýanynda gidýär. Aýratyn adamyň ýa-da toparyň jemgyýetçilik tejribesini kem-kemden kämilleşdirilýän görnüşde gelejege dowamatlandyrmak dil, sözleýiş mynasybetli mümkin bolýar.

Has umumy kesgitleme derejesinde dil söz we söz üsti däl ***belgileriň ulgamy*** diýip häsiýetlendirilýär.

Belgi - bu biziň işimizi aralaşdyrmak arkaly onuň amala aşyrylyşyny kesgitleýän barlygyň islendik düzüjisidir. Yşyk çalşyrjynyñ(swetofor) gök we gyzyl reňklileri şertli belgiler hökmünde biziň özümizi alyp barşymyzda dürli ugrukdyrylmalary döredýär. Ýagşy we ýaman söz degişlilikde biziň kalbymyzda dürli duýgulary, ony aýdýana dürli gatnaşyklary ýüze çykarýar. Adamyň daşky amaly işiniň gurallary pil, palta, orak we ş.m. daşky dünýäde nähili özgertmeler döredýän bolsa, dil belgileri "psihologik gurallar" (L.Wygotskiý) hökmünde adamyň içki ruhy dünýäsinde edil şonuň ýaly üýtgeşmeler döredýär. Bu daşky amaly iş bilen içki ruhy işiň esasy serişdesi bolan sözleýşiň psihologik umumylygydyr.

Dil jemgyýetiň ruhy medeniýetiniň düzüjisi hökmünde gös-göni psihologiýanyň öwreniş dersi däldir. Dil sözleri olaryň degişli manylary bilen, şeýle hem olaryň sözlemde hereketleniş kadalaryny-sintaksisi özünde jemleýär. Özüni döreden jemgyýetden soňa galyp, işjeň sözleýişde ulanylmaýan dillere öli diller diýilýär. Muňa latyn, sanskrit, gadymy Maýýa döwletiniň dilini we beýlekileri görkezmek bolar.

Sözleýiş psihologiýanyň öwrenýän dersi bolup, ol öz gezeginde diliň üsti bilen kesgitlenýänligi sebäpli dil bu ylym üçin hem belli bir gyzyklanma döredýär.

Sözleýiş özüniň ösüşinde: a)**fonematiki eşidişiň we ene diliň fonemalaryny kabul etmegiň, gürlemegiň endiklerinin kemala gelşi, b)söz ätiýajynyň toplanmagy we sintaksisiň düzgünleriniň özleşdirilişi, w)diliň manysynyň (semantikasynyň) özleşdirilişi ýaly döwürleri** geçýär.

Birinji döwür çaganyň dünýä inen gününden başlanyp, ol üç aýlykka özboluşly güwwüldi, bölek-bölek sesleriň agy-gygyrmak bilen çalyşmagy

görnüşinde bolýar. Ene diliň seslerinin takyk eşidilişi we olary aýyl-saýyl aýtmak endigi tä ýetginjeklik ýaşa çenli dowam edýär. Bu döwrüň geçilişi maksadalaýyk guralmasa, ýa-da çaga bir dil medeniýetinden beýlekä geçirilse, sesleriň aýdylyşynda özboluşly çalgyrtlyk galýar. Bu ýagdaý ikinji dili özleşdirýän uly adamlarda hem ýüze çykýar. Türkmen dilinde "L" sesi adatça ýumşak aýdylýandygy üçin rus dilindäki "ulybka" sözüni ony täze özleşdirýänler köplenç "ulibka" diýip aýdýarlar.

Ikinji döwür – söz ätiýajyny we grammatikany özleşdirmek çaganyň ikinji ýaşyndan başlanyp, ýöne sintaksisi özleşdirmek esasan üç ýaşdan işjeň güýje girýär. Çaga 3 ýaşa çenli özüne üçünji ýöňkemede, ýagny özüne beýlekileriň ýüzlenişi ýaly - “Amanjygyň eli”, “Amanjyk oýnaýar” we ş.m. häsiýetde gürläp, 3 ýaşdan baslap ol özüniň içki “Menini” aňşyrýar we mundane beýläk ol “Meniň elim”, “Men oýnaýaryn” diýip, zatlary özüne degişlilikde baglanyşdyryp gürläp ugraýar. Diliň grammatikasyny özleşdirmek esasan 7 ýaşa çenli tamamlanýar. Mekdep ýaşlarynda okadylyşda söz baýlygyny we sintaksisi özleşdirmek ýazuw üsti sözleýiş, çet ýurt dillerini özleşdirmek tutumynda kämilleşýär.

Üçünji döwür – diliň manysyny özlesdirmek, ikinji döwür bilen bilelikde başlanýar. Bir ýaşyň ahyrynda, ikinji ýaşyň başynda çaga sözleri gürläp başlamagy bilen onuň mazmunyny-da aňşyryp ugraýar. Ýöne çaganyň sözleri, sözlemleri kadasy boýunça ulanyşy onuň manysyna düşünmekligini aňlatmaýar. Meselem, «Sen näme üçin ýaşaýaň?» diýen sowala ikinji synp okuwçysy edil durmuşyň ajy-süýjüsini gerdeninde çekeniňki ýaly «Il-güne azda-kände gerekli adam bolmaklyk üçin» diýip jogap gaýtarmagy mümkin. Emma çaga bilen ulynyň bu jogaby gaýtaranda onuň manysyna aralaşmagy, olarda döreýän (ýa-da döremeýän) duýgy düýpli tapawutlydyr. Sözüň manysy çaganyň okuwçy döwründe has çuň özleşdirilip, özüniň doly kämilligine ýetginjekligiň soňunda, dünýägaraýşyň kemala gelmekligi bilen ýetýär.

Sözleýşiň **belgilemek – signifikasiýa, jemlemek – generalizasiýa we aragatnaşyk – kommunikasiýa** ýaly funksiýalary bardyr.

Haýsydyr bir zady habar bermek üçin söz ony ilkinji nobatda belgilemelidir. Seslendirilýän we ýazuwda beýan edilýän söz degişli zady, hadysany aňladýar. Göraýmäge haýwanat dünýäsinde hem olaryň käbir görnüşleri sesler arkaly habarlaşyp, ses belgilerini üstünlikli ulanýan ýaly. Ýöne jübtüni gözleýän sugunyň gygyrmasy, otlap ýören antilopalara garawulçylyk edýäniniň aýagyny tapyrdatmasy we ş.m. bular belli bir isleg, gorky, lezzetlilik ýaly ýagdaýlary aňladyp, gös-göni takyk zat bilen baglanyşdyrylmaýar. Galyberse-de, haýwanlaryň agzalýan ýagdaýlarynda belgileri habar beriş üçin ulanmagyň başlangyç nusgalary bar hem bolsa, ol belgiler aňyry gitse zatdyr, hadysalaryň diňe umumy häsiýetlerini kabul edip, onuň düýpli hereketlerini şöhlelendirip bilmeýär.

Adamda söz, söz utgaşmalary zatdyr, hadysalaryň diňe bir keşbiniň aňladyjysy bolman, eýsem olaryň düýpli häsiýetleriniň, funksiýalarynyň zat-belgi bagalanyşykdaky utgaşmasydyr.

Zatlaryň umumy we düýpli häsýetlerini özünde şöhlelendirmeklik, ýa-da ***jemlemek*** sözleýşiň ikinji funksiýasydyr. Eger adamyň barlygy sözde-pikirde belgilemekligi zatlaryň diňe umumy sypatlaryny birleşdirmek derejesinde galýan bolsady, onda jaý gurluşygy üçin kerpije meňzeş dinamit, maşynlara ýaga derek suw, basyrylýan towuga ýumurtga derek ak daş, sogan goýup oňardyk. Aýdylyşy ýaly haýwanlar zatlaryň diňe umumy sypatlaryny şöhlelendirmek derejesindäki jemlemek bilen oňýanlygy sebäpli käbir zerurlyklarda towugy belli bir ýerde guzlatmak üçin ýumurtga derek ak reňkli, ýumurtga çalymdaş zatlar hem ulanylýar.

"Üçburçlyk" sözi onuň aňyrsynda durýan "gönüburçly", "kütek burçly", "deňýanly", "deň taraply" we ş.m. ýaly bölek görnüşlerinden sowlup, onuň umumy hem-de düýpli häsiýetlerini özünde jemleýär. Derejeleri boýunça sözleriň jemleýjilik möçberi tapawutlydyr. "Süýt emdirijiler" sözi "adam" sözünden has göwrümli jemleýjiliklidir.

Sözleýşiň üçünji bir hyzmaty **aragatnaşyk** ýa-da kommunikasiýa bolup, ol bilimleri, gatnaşyklary, duýgulary adamlaryň biri-birine geçirmeklik bilen baglanyşyklydyr. Aragatnaşygyň maglumat geçirmek, aňlatmak we erke tabyn etmek ýaly taraplary bardyr.

Mugallymyň temany düşündirişi, radio, telewidinýäniň gepleşikleri, söýüşýänleriň sesli-sessiz biri-birine ýüzlenmeleri ahyr netijede belli bir maglumat geçirýär. Sözleýşiň maglumat geçiriş tarapynyň maşynlar ulgamyndakydan tapawutlylygy onda maglumat bir adamdan beýlekä ýöne bir geçirilmän, eýsem iki adamyň arasynda döredilýär. Beýle diýildigi taraplaryň ikisi-de bu tutumda işjeň alyp baryjy - subýekt bolup çykyş edýärler.

Sözleýşiň aňladyjy tarapy sözüň gös-göni manysy bilen bir hatarda "sözüsti", duýgy-yşarat esasynda düşünilmeli tarapynyň bardygy bilen tapawutlanýar. Meselem, aýaly adamsyna "Men bäş-alty sany lampoçka aldym" diýmegi, diňe bir edilen sowdany aňlatman, adamsynyň aşhanadaky köýen yşyklandyryjyny çalşyrmalydygyny hem aňladýar. Aýalynyň sözleýşindäki igençli äheň adamsynyň şu çaka çenli şol ýumşy etmän yza çekdirip ýörenligine sypaýyçylykly duýduryşy hem beýan edýär.

Sözleýşiň erke tabyn etmek tarapy sözleýäniň diňleýjini näderejede öz erk - ygtyýaryna maýyl edip, ony yryp we ynandyryp bilmek mümkinçiligi bilen baglanyşyklydyr. Hut şonuň üçin hem talyplar üçin magnit lentasynda diňledilýän ussat akademigiň umumy sapagyndan, ýaňy işe alnyp galnan ýaş mugallymyň janly çykyşly sapagy has täsirlidir. Soňkyda - janly sözleýişde ýaş mugallym diňleýjileriň düşünişi, özini alyp barşy dogrusynda dil üsti däl kanallar arkaly alynýan yza dolanýan baglanyşyk esasynda özüniň gürrüňiniň erk edijilik derejesini kadalaşdyrýar.

Sözleýşiň esasy görnüşleri **dialog, monolog we ýazuw üsti** sözleýişdir.

Injildäki "ilki söz bolupdyr" aýdylmasyny Gýötäniň Fausty "ilki iş bolupdyr" diýip düzedýär. Hakykatda iň ilki, gadymy adamlarda bilelikdäki iş wagtynda özara yşarat hereketleri bilen utgaşdyrylýan özara seslenmeler esasynda birek-birege düşüniliş bolupdyr. Şonuň üçin dialog sözleýşiň iň

gadymy görnüşidir. Iş – durmuşyň çylşyrymlaşmagy, adamlaryň pähimlilik derejelerinde tapawutlylyk döräp ugransoň bir adamyň sözleýşine gulak asmaklyk, ýagny monolog ýüze çykypdyr.

Dialog gysgawagtlaýyn, goldanylýan, tutumynda dil üsti däl aňladylyşlar işjeň ulanylýan sözleýişdir. Monologda bu häsiýetnamalar belli bir derejede tersinedir. Taraplar bir-birine düşünişenligini aňşyranda, dialogda sözlem gutarylman hem galdyrylyp bilinýär. Monologda beýle ýagdaý bolmaýar diýen ýalydyr. Monologyň radio we beýleki habar beriş serişdelerinde diňleýji bilen sözleýäniň arasynda janly yza dolanýan baglanyşyk bolmaýar. Şonuň üçin monologda düzülýän sözlemleriň düşnükliligini gazanmak onuň ýörite oýlanyşykly düzülişini talap edýär.

Bellenilişi ýaly jemgyýetiň ösüşiniň ýetilen derejesini gelejekki nesle geçirmek zerurlygy **ýazuwüsti** sözleýşi döredýär. Onuň iň ilkinji taryhy görnüşi hökmünde surat üsti ýazuwy - ***ideografiki*** ýazuwy görkezýärler. Gadymy adamlaryň gowagyň diwarlarynda galdyran suratlary diňe bir şekillendiriş sungaty bolman, eýsem öz döwrüniň iş-durmuşy barada belli bir maglumatlary bize geçirýär. Şonuň üçin onuň ýazuwüsti sözleýşe degişliligi şertliräk hem bolsa ol belgileri grafikada aňlatmagyň ilkinji görnüşleriniň biri bolup durýar.

Ýazuwüsti sözleýşiň taryhy ikinji görnüşi ***ieroglifler*** bolup, ol ýokarky görnüşden has kämil, özünde bir bada zadyň keşbini we şertli belgi alamatlaryny jemleýär. Ieroglifler zatlary ýa-da bütewi pikirleri aňladyp, ol sesli sözleýiş bilen baglanyşykly däldir.

Ýazuwüsti sözleýişiň häzirki zamanda ulanylýan görnüşi elipbiý-alfawit ýazuwydyr. Ol sesli sözleýiş bilen onuň iň bir ince öwüşginlerine çenli arabaglanyşyklydyr.

Sözleýşiň ýene-de bir görnüşi **içki sözleýiş** bolup, ol öz gezeginde ***içiňden gürlemek*** **we** ***hususy içki sözleýiş*** ýaly böleklerden durýar. Içiňden gürlemeklik öz gurluşy boýunça daşky sözleýiş – monologdan tapawutlanmaýar. Ol işiň içki – psihologik öňünden meýilnamalaşdyrylyşynda, şeýle hem käbir sesli aýdylmasy kyn sözlere içiňden ezberleşmekde giňden ulanylýar.

Hususy içki sözleýiş bu esasan akyl ýetiriş hadysalarynyň hereketlenişinde giňden ulanylyp, ol gurluşy boýunça daşky sesli we ýazuwüsti sözleýişden özüniň bölek-püçekleýinligi, grammatiki kadalara mätäç bolmaýanlygy, söz sözlemlerinden ýa-da sözlemiň ornuny tutýan söz utgaşmalaryndan durýanlygy bilen tapawutlanýar. Sözleýişiň bu görnüşinde sözleýşe daýanyp pikir ýumuşlaryny çözmek birinji orunda bolup, onuň aragatnaşyk hyzmaty bolsa oňa tabynlykda hereket edýär. Munda pikiriň adamyň özüne düşnükliligi sebäpli sözlemleriň giňişleýin düzülmesi, gutarnyklylygy hökmany däldir.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda meşhur şweýsar psihology Žan Piaže sözleýşiň **egosentriki,** ýagny öz-özüňe gönükdirilen görnüşini mekdebe çenli ýaşly çagalarda açdy. Ol üç ýaşyň ahyrlarynda döräp, 5 ýaşda has güýjäp, mekdebe çenli ýaşyň ahyrynda bolsa ýitip gidýär. Açylyşy Piažä degişli hem bolsa bu sözleýşiň çuňňur psihologik düşündirilişi ajaýyp psiholog L.S.Wygotskä

degişlidir. L.Wygotskiý ýörite tejribelerde egosentriki sözleýşiň çaganyň irki ýaşlarynda entek öz güýjüne girip bilmeýän hususy içki pikirlenmesiniň funksiýasyny ýerine ýetirýändigini subut etdi. Çaga oýnaýan wagty ne özüne, ne-de daşyndakylara niýetlenişi bolmadyk häsiýetde üznüksiz gürleýär. Ol entek içki dünýäsinde pikirlere daýanç bolýan sözleýşi ulanyp bilmeýändigi üçin, oýnuň gelejekki yzygiderliligini daşyndan seslenmeklige daýanyp meýilnamalaşdyrýar, dolandyrýar, bahalandyrýar.

VII BÖLÜM. ŞAHSYÝETIŇ PSIHOLOGIÝASY

7.1. Şahsyýetiň psihologiýasyna giriş

Şahsyýet düşünjesine kesgitleme bermek. "Şahsyýet" adalgasy özüniň mazmun ugrukmasy boýunça "adam", "indiwid", "indiwiduallyk" ýaly düşünjeler bilen baglanyşýar. "Adam" düşünjesi ol ýa-da beýleki ynsana degişlilikde adamlara mahsus bolan ähli sypatlary özünde jemlese (olaryň käbiriniň ýa-da köpüsiniň şol bir anyk adamda barlygyna ýoklugyna garamazdan), onda "indiwid" aýratyn bir adamy häsiýetlendirip, oňa mahsus psihologik sypatlar bilen bir hatarda onuň biologik häsiýetlerini-de aňladýar. Mundan başgada "indiwid" adalgasyna şol bir adamy beýlekilerden tapawutlandyrýan, hem-de olara umumy bolan häsiýetler hem giryär.

Indiwiduallyk – özüniň köp manylygyna garamazdan ilkinji nobatda adamyň ruhy sypatlaryny aňladýar. Ol anyk adamyň şahsy häsiýetleriniň gaýtalanmaýan birligidir. Kähalatlarda adam indiwid hökmünde dünýä inip, şahsyýet hökmünde kemala gelýär, indiwiduallygyny bolsa ykrar etdirýär diýilýär.

Eýsem adamyň haýsy psihologik, durmuş-jemgyýetçilik durky şahsyýet diýip atlandyrylýar?

Bu sowala jogap bermekde awtorlaryň bir bölegi adamyň psihologik gurluşynyň käbir düzüjileriniň oňyn häsiýetnamasyny öňe sürýän bolsa (meselem, akyl ýetiriş, erk-duýgy we ş.m.), beýleki bir bölegi muňa adamyň hukuk-borç, durmuşdaky orny ýaly häsiýetlerini-de goşýar. Şol bir wagtda dürli nazaryýetleriň bu babatda umumylygy şahsyýete kesgitleme bermekde onuň mazmun düzüjileriniň iň az möçberli sanawyna daýanmakdan ugur almaklygydyr.

Deňeşdirme üçin birnäçe kesgitlemelere ýüzleneliň. K.K.Platonow: "Şahsyýet – jemgyýetçilik ösüşiň wekili, jemgyýetde belli bir orun eýelän we

belli bir jemgyýetçilik wezipäni ýerine ýetirýän aňly indiwid”. R.S.Nemow: “Şahsyýet – özi durmuşyň täsirinde dörän, tebigaty boýunça jemgyýetçilik häsiýetli gatnaşyklarda we baglanyşyklarda ýüze çykýan, durnukly we adamyň ahlak özüni alyp barşyny kesgitleýän, özüne, töweregindäkilere düýpli ähmiýetli psihologik häsiýetnamalary özünde jemleýän adamdyr". A.N.Leontýew şahsyýeti işleriň bir-birine ähmiýet derejesi jähetden tabynlygy, iş ulgamynyň psihikada şöhlelenmesi häsiýetde kesgitleýär.

Şahsyýetiň has jemleýji häsiýetdäki kesgitlemesinde ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň işjeň alyp baryjysy – subýekti we bu gatnaşyklaryň kabul edijisi - obýekti, işiň, akyl ýetirişiň,aragatnaşygyň ýerine ýetirijisi bolup durýan adam jähetde häsiýetlendirilýär.

Şahsyýetiň taglymatlary onuň kemala gelşinde içki psihologik düzüjilere, ýa-da daşky gurşawyň täsirine ähmiýet berlişine laýyklykda psihodinamiki, sosiodinamiki we interaksion görnüşlere bölünýär.

Düşünilişi ýeňilleşdirmek üçin bu taglymatlaryň nusgalaýyn beýanýetini şeýle mazmunda aňlatmak mümkin.

ÖB=F (Ş,G),

bu ýerde ÖB – özüňi alyp baryş, F – funksional, iş-hereket baglylygy, Ş – şahsyýetiň içki subýektiw-psihologik häsiýetleri, G – daşky durmuş gurşawy. Şeýlelikde şahsyýetiň psihodinamiki taglymaty:

ÖB= F (Ş)

bu ýerde özüňi alyp baryş içki psihologik gurluşdan getirilip çykarylýar.

Sosiodinamiki taglymat bolsa:

ÖB= F (G)

munda özüňi alyp barşyň döreýşinde daşky gurşawa aýgytlaýjy orun berilýär.

Şahsyýetiň interaksion taglymaty bolsa:

ÖB=F (ŞG) görnüşinde aňladylýar.

Bu nazaryýetde adamyň şahsyýeti içki we daşky täsirleriň özara täsiriniň netijesi mazmunda garalýar.

Amerikan psiholog U.Maýşeliň şeýle taglymat nukdaýdan döreden şahsyýetiň gurluşy nusgasynda aşakdaky häsiýetler ýüze çykarylýar:

1. Adamyň ukyplary – onuň şu pursatda özbaşdak daşky gurşawdan garaşsyz ýerine ýetirip bilýän zady.
2. Akyl ýetirişiň baş ugry – adamyň ýagdaýy kabul edişi, bahalandyryşy, oňa laýyk özüňi alyp baryş usulyny saýlamaklygy.

3. Garaşmalar – şu ýagdaýda amala aşyrylýan hereketleriň ähtimal netijelerini bahalandyrmak.
4. Gymmatlyklar – adam üçin ähmiýetli zatlar. Adam dörän ýagdaýda özüniň gymmatlyklaryny ykrar edäýjek özüňi alyp baryş usullaryny saýlaýar.
5. Özüňi alyp barşyň meýilnamasy, onuň öz pikirine laýyk - subýektiw dolandyryş usullary. Ol ýa-da beýleki ýagdaýda adamlar özüne adaty bolan usullar, tejribede barlanan meýilnamalar boýunça hereket etmeklige ymtylýarlar.

Şahsyýetiň gurluşy. Gurluş,adatça, degişli zat- hadysanyň düzüjileriniň özara we olaryň her biriniň bütewilik bilen arabaglanyşygy häsiýetde kesgitlenýär. Wagt jähetde seredilende şahsyýetiň psihologik gurluşynyň dünýäde giňden ýaýran nusgasyny ilkinji teklip eden Z.Freýddir.

Bu nusgada şahsyýetiň "Ol", "Men", "Ýokary men" ýaly bölekleri ýüze çykarylyp, olar aňlanylyş derejeleri boýunça bir-birinden tapawutlanýar. (Adalgalar nemesçe Id, Ego, Super-ego ýöňkemeleriň atlary bilen baglanyşyklydyr).

"Ol" – psihikanyň aňlanylmaýan bölegi bolup, mazmuny boýunça dogabitdi biologik meýillerden ybaratdyr. Adam energiýa ulgamy häsiýetde seredilip, "Ol" öz gezeginde tebigaty boýunça jyns meýillerine kybapdaş güýç ymtylmalary bilen şertlendirilendir. ("Jyns energiýasy" düşünjesi Freýdde has giň manyda ulanylyp, meselem, çaganyň emmekde agyz töweregi myşsalaryndan alýan lezzeti hem jyns lezzeti atlandyrylýar). Aňlanylmaýan, akyl ýetirişe gapma-garşylykda durýan "Ol" ***lezzetlilik*** düzgünine tabyn bolýar. Başgaça aýdanyňda onda dörän dartgynlyk diňe jyns energiýasy boşadylyp, degişli isleg kanagatlanan ýagdaýynda kadalaşýar. Öňürtiläp aýdylanda adam bu energiýany döredijilikli işe hem ugrukdyryp bilýär.

"Men" – psihikanyň aňlanylýan düzüjisidir. Munda adam öz görýän, eşidýän, edýän zadyna jogap berýär. "Men" – **hakykat(reallyk)** düzgünine tabyn bolup, onda döreýän ymtylmalar haçanda hakykata laýyklananda adamyň bu ulgamdaky işi kadalaşýar. Deňeşdirme häsiýetde "Meni" agyzdyryklanmadyk ata meňzeş bolan "Ol" bilen jemgyýetiň ahlak talaplaryny yzly-yzyna eňterýän "Ýokary meniň" arasyndaky barlyşdyryjy hökmünde seredýärler.

«Ýokary men» - aňlanylýan we aňlanylmaýan derejelerde hereket edýän düzüji bolup, ol öz mazmuny boýunça adamyň psihologik gurluşyna aralaşýan jemgyýetde kabul edilen çäklendirmeler, ahlak kadalary, gymmatlyklarydyr.

«Ol»-dan gelýän aňlanylmaýan meýiller köplenç «Ýokary meniň» mazmuny bilen çaprazlykda bolup, şeýlelikde döreýän dartgynlyk hakykata laýyklyga eýerýän «Men» arkaly çözülýär ýa-da ýumşadylýar. "Men" "ne çiş köýsün, ne-de kebap» häsiýetde hereket edip, «Ol»-yň meýilleriniň mümkingadar kanagatlandyrylmagyna we şol bir wagtda ahlak kadalarynyň bozulmagyna ýol bermezlige ymtylýar. Gapma-garşylyklar «Men»-iň ylalaşdyryjy güýjünden üstem gelen ýagdaýynda şahsyýetde psihiki bozulma - newroz döreýär.

Ýakymsyz emosional ýagdaýlardan saplanmak maksady bilen «Men» özünde goranyş usullaryny döredýär:

1. **Inkär etmek** – haýsydyr bir öz ejizligiňi duýdurýan zada göz ýumup, ony ýok, ýa-da ýalan hasaplap, hyýala ýüz urmak. «Beýle zat bolup bilmez» ugrukmasyna eýerip, adam pähime uýman, öz pikirindäki çaprazlygy duýmazlyga çalyşýar.
2. **Basmarlamak** – meýli añyň çäginden aýyrmak. Inkär etmekde gysyp çykarylmak daşdan gowuşýan maglumatlara degişlilikde bolýan bolsa, basmarlama «Men»-den gelýän içki duýgylara, şeýle hem «Ýokary men»-den gelýän howplara gönükdirilendir. Bu tutum adatça adamyň öz kabul eden ahlak gymmatlyklaryna we kadalaryna çapraz gelýän pikir-meýillere degişlilikde amala aşyrylýar.
3. **Rasionallaşdyrma (ýuwmarlama)** – laýyk hasaplanmaýan özüňi alyp baryş ugurlaryny, pikirleri, hereketleri, meýilleri düşündürmek we aklamak üçin subutnamalar, oňaýly ahlak, pähim esaslandyrmalary döretmek. Meselem, haýsydyr bir zada ukypsyzlygyny boýun almazlyk üçin adam oňa höwesiniň ýoklugy bilen delillendirmäge synanyşýar, ýa-da bolmasa ýakymsyz hereketini daşky gurşawyň mejburlygyna ýoňkeýär.
4. **Inwersiýa** – yzyna öwürmek, gapma-garşylykly herekete ýüz urmak, öz hakyky meýilleriňe laýyk hereketleri, pikirleri, duýgulary olara düýpgöter gapma-garşylykly hereket, pikir, duýgylar bilen çalşyrmak (meselem, enesiniň söýgisini gazanmaga ymtylýan çaga bu söýgini alyp bilmän enesiniň gaharyny getirmeklige, özüne ýigrenç döretmeklige gönükdirilen hereketler edýär).
5. **Proýeksiýa** – üste düşürmek, beýleki adama öz hususy häsiýetleriňi, pikir-duýgylaryňy ýönkemek, ýagny «howpy özüňden aýyrmak». Beýleki adamlarda nämedir bir zat ýazgarylanda, hut şu nogsanlygyň özünde bardygyny adam kabul etmeýär. Meselem, adam «mugallymlar öwut berip gürlemekligi gowy görýär» diýýär. Hakykatda bolsa bu sözler onuň «men maý bolsa akyl öwretmäge synanyşýaryn» diýmekligini aňladýar.
6. **Izolýasiýa** – gabawlama, ýagdaýyň howp salýan bölegini psihikanyň galan ulgamyndan aýyrmak; bu şahsyýetiň goşalanmagyna, «Men»-niň bölünip, dargadylmagyna getirip bilýär.
7. **Öwezini dolmak** – bu ýakymsyz meýli haýsydyr bir ahlak taýdan ýazgarylmaýan ugurda gytaklaýyn we bölekleýin kanagatlandyrmakdyr.

Şahsyýetiň gurluşynyň ýene-de bir psihologiýada ýaýran ülňüsi K.K.Platonow tarapyndan esaslandyrylandyr. Bu nusgada şahsyýetiň gönükdirilmesi, tejribesi, psihiki hadysalaryň özboluşly aýratynlyklary, biopsihiki sypatlar ýaly düzüjileri ýüze çykarylyp, olara esas hökmünde degişli bölegiň sosial-durmuşy ýa-da nesil-biologik şertde döredilenligi şertlendirilýär. Şahsyýetiň gönükdirilmesi - ynançlary, dünýägaraýşy, höwesi, meýilleri öz mazmunynda jemläp, olaryň jemlenmesi adamda jemgyýet bähbidine, öz bähbidine, iş bähbidine gönükdirilmek ýaly görnüşleri ýüze çykarýar. Şahsyýetiň gönükdirilmesiniň kemala getiriliş usuly terbiýedir.

Tejribe – bilim, başarnyk, endikleriň düzümi hökmünde okadylyş, öwrediliş usuly arkaly döredilýär.

Psihiki hadysalaryň özboluşly aýratynlyklary – akyl ýetiriş, emosional-erk, gymyldy-hereket hadysalaryň mukdar, hil özboluşlylyklarynyň adamyň şahsyýetinde döredýän gaýtalanmazlygy bolup, öz kemala getirilişinde gönükme-ýumuşlara daýanýar.

Biopsihiki sypatlar – temperament, jyns, ýaş aýratynlygy bilen baglanyşykly psihikanyň tebigy häsiýetnamasyny döredýän gurluş bolup, ol türgünleşik arkaly kemala getirilýär.

Şahsyýetiň kemala getirilişi we ösüşi. Şahsyýeti kemala getirmek bu durgun häsiýetli hadysa däl-de, üznüksiz, işjeň tutum-dowamatdyr. Şonuň üçin sözüň jemleýji manysynda şahsyýeti kemala getirmek bu onuň barha ýokarlanýan üstünlige ymtylyş derejesi bilen oňa ýetmäge zerur bolan mümkünçilikleriň arasynda dialektiki gapma-garşylygy döretmekdir. Üstünlige ymtylyşyň we onuň serişde üpjünçiliginiň bir-birine laýyklygy ilki-ilkiler daşky gurşaw arkaly guralýan we dolandyrylýan häsiýetde bolýan bolsa, kämilligiň ýolunda bu tutumyň guralyş dolandyrylyşy şahsyýetiň öz erkine tabynlykda amala aşyrylýar. Kemala geliş bir-birini üznüksiz çalşyrýan şahsyýetiň obýektiw gurşaw şertlere uýgunlaşmagy bilen bu şertleri özgertmegi, öz maksadyna laýyklamagy ýaly düzüjileriň özara täsirinde geçýär.

Ösýän şahsyýetiň kemala gelşinde ýüze çykýan psihologik döwürler bilen tanyşmak gyzyklydyr. Adamyň şahsyýet hökmündäki ruhy ösüşini döwürleşdirmegiň giňişleýin nusgasy E.Eriksona degişlidir.

1. Ynanç ýa-da ynanmazlyk çökgünligi - krizisi (bir ýaşyň dowamynda).
2. Şubhelenmeklige we utanja garşy durýan awtonomiýa-özbaşdaklyk (2-3 ýaş aralygynda)
3. Günäkärçilik duýgusyna garşy durýan ugurtapyjylygyň döremegi (3-6 ýaşlar aralygynda)
4. Özüňi kembaha duýmaklyga garşy durýan zähmetsöýerlik (6-12 ýaşlar aralygynda).
5. Rollaryň garysmaklygyna garşy durýan “Meniň” öz-özüneligi(Ego-identifikasiýa) (12-19 ýaşlar aralygynda).
6. Psihologik ýekelige garşy durýan içgin-pinhan aragatnaşyk guramaklyk(20-25 ýaşlar aralygy).
7. Durgunlyga garşy durýan öndürijilik (26-64 ýaşlar aralagynda).
8. Ýaşalan ömre ahmyr etmeklige garşy durýan ’’Menleriň birleşmesi esasynda ýaşalan durmuşdan kanagatlanmaklyk (64 ýaşdan ýokary).

Bu döwürleriň adamyň ösüş terjimehalyndaky yzygiderliginiň häsiýeti we gutulgysyzlygy çekeleşikli mesele bolsa-da, olaryň hakykata laýyklygy teklip edilen nusga üns bermeklikligiň artykmaç däldigini görkezýär.

7.2 Temperamentiň psihologiýasy

Temperament psihikanyň tebigy esasyny düzýän gurluşdyr. Ol hereket-duýgylaryň işjeňligini, çaltlygyny, haýallygyny, galjaňlygyny ýa-da asudalygyny, sözleýşe göwünjeligini ýa-da aragatnyşyga meýilsizligini, galagoplugyny ýa-da äwmezekligini, onuň daşky gurşawa uýgunlaşmak aýratynlygyny kesgitleýär.

Ýöne agzalan häsiýetler diňe bir temperamente bagly bolman, olar adamyň meýillerine, ýagdaýa, işe bolan gatnaşygyna hem baglydyr. Şeýle iki mazmunlylygy aradan aýyrmak üçin temperamenti meýil-gatnaşyklaryň döredýän özüňi alyp baryş nusgasyndan tapawutlandyrýan goşmaça şertler esaslandyrylmalydyr.

Birinjiden, meýillerden tapawutlykda temperamentiň şol bir häsiýeti şol bir adamda onuň işiniň dürli görnüşlerinde we dürli meýil-gatnaşyklarynda ýüze çykýar.

Ikinjiden, temperamentiň häsiýetleri örän durnukly bolup, olar adamyň iş-durmuşynyň,ömrüniň uzak ýa-da bütin dowamynda ýüze çykýar.

Üçünjiden, temperamentiň dürli häsiýetleri bir-biri bilen totänlikde utgaşman, durnukly kanunalaýyklykda baglanyşýar. Munuň netijesinde döreýän durnukly gurluş temperamentiň tipini - umumy sypatyny düzýär.

Birinji şert barada aýdylanda eger-de adamyň galagoplulygy temperamentden gaýdýan bolsa ol onuň okuw, zähmet, oýun işlerinde ýagdaýyň mazmuny hat-da özüne bähbitsiz bolan ýagdaýynda hem ýüze çykýar. Eger-de bu häsiýet diňe özüne oňaýlylyk (kesekiniň rehimdarlygyny gazanmak) meýli esasynda döreýän bolsa, ol ýagdaýyň bähbitlilik häsiýetnamasynyň üýtgemegi bilen üýtgeýär.

Temperamenti aýgyt edýän ikinji şert bu gurluşyň esasynda döreýän sypatyň adamyň ömrüniň iňňän uzak dowamynda (eger bedeniň gurluşyny düýpgöter üýtgedýän kesel-bozulmalar ýaly sebäpler bolaýmasa) oňa hemra bolandygyny aýgyt edýär.

Eýsem temperamentiň dürli häsiýetleriniň tötänleýin däl-de, şol bir adamda berk ähtibar kanunalaýyklykda bir-biriniň üstüni doldurýan mazmunda baglanyşýandygy nämäni aňladýar?

Adam temperamenti boýunça galjaň, ganygyzma bolsa, ol edil şonuň ýaly-da çalt sowaýan we bu halda goýberen nogsanlygyna ökünmek bilen bolýar. Gyzmalygyň kanunalaýyklykda sowamak bilen utgaşmagy diňe temperamentden gaýdýan özüni alyp barşa mahsusdyr. Edil şonuň ýaly-da fiziki güýji ejiz, işde çalt ýadaýan häsiýetli temperamentde bu ýetmezçilik onuň iňňän ýokary duýgurlygy, çalt kabul edijiligi ýaly artykmaçkyk bilen utgaşýar.

Temperamentiň fiziologik esasy dogrusynda nerwizm we konstitusionalizm ýaly giňden ýaýran iki nazaryýet bolup, olaryň birinjisi temperamentiň sypatlaryny nerw ulgamynyň häsiýetleri bilen, tiplerini bolsa merkezi nerw işiniň tipleri bilen baglanyşdyrýar. Bu ugur esasan I.P.Pawlowyň işleri bilen baglanyşyklydyr. Konstitusionalizm nazaryýeti temperamentiň, şahsyýetiň tebigy aýratynlyklaryny bedeniň dolmuşlygy ýa-da hortaňlygy ýaly içki mäzleriň işi arkaly döredilýän fiziologik häsiýetlerden getirip çykarýar.

Temperamentiň gadymy grek alymy Gippokratdan gaýdýan umumy tipleri sangwinik, holerik, flegmatik we melanholik ýaly görnüşleri özünde jemleýär. I.Kant adamyň temperamentini duýgynyň we işiň temperamentlerine bölüp, birinjä sangwinigi we onuň gapma-garşylygy bolup durýan melanholigi goşýar. Ikinji görnüşe bolsa holerik we flegmatik degişli bolýar.

Sangwinikde duýgy örän çalt döräp, ol özüniň daşky özüňi alyp barşynda ýokary işjeňligi, emma içki syzylyşda ýüzleý, dowamly bolmadyk duýgysy bilen tapawutlanýar. Bu hili adamlar nätanyş ýagdaýda özüni ýitirmeýän, hemmeler bilen esentanyş, höwesleri çalt üýtgeýän, beýleki adamlara çüňňur könül berip bilmeýän, oňa meýli peselýän, göwüngalyjylygyny çalt unudýan, özüni alyp barşy umuman şähdiaçyk adamlardyr.

Melanholikde duýgularyň daşky özüňi alyp baryşdaky ýüze çykyşynyň ýüzleýligi şeýle kysymly adamyň içki dünýäsinde örän çuňňur we dowamly syzylyşy bilen utgaşýar. Ol ýokary duýgurlykdaky surat alynýan ýarkanyň(plenka) yşykdan gorkuşy ýaly, daşky gurşawyň nätanyş, duýdansyz, güýçli fiziki täsirlerinden çekinýär, aljyraýar. Uýgunlaşmadyk derejesinde daşky sähelçe päsgelçilikleri ýeňip geçip bolmaýan garşylyk häsiýetde kabul edýär, ujypsyz sebäplerden galagoplylyga, gaýgy-gussa batýar. Öwrenişilen gurşawdyr, ýagdaýlarda bolsa oňa adaty işjenlikde we öndürüjilikde zähmet çekmek mahsusdyr.

Holerik iş temperamenti hökmünde özüniň herekerleriniň kadasyzlygy, döreýän päsgelçiliklere ýokary galjaňlygy, işiniň gidişine ýokary göterilişler we düşnüksiz ruhy peselmeleriň mahsuslygy bilen tarawutlanýar. Bedeniniň fiziologik ulgamy umuman ýokary güýjenmede bolýan bu hili adamlar işiň başlangyç döwürlerinde esasy güýç ätiýajyny sarp edýänligi üçin onuň soňlanmasynda netijeliligiň pese düşmekligi olary gatyrgandyrýar. Hut şeýle güýjenme onuň päsgelçilikli ýagdaýlarda sowukganlylygyny ýitirmeklige getirýär.

Flegmatik iş temperamentiniň ikinji görnüşi bolup, ol daşky täsirlere örän haýallykda jogap hereketlerini gaýtarýan, daşky we içki päsgelçiliklere durnukly we dowamly garşy durýan, özüniň umumy sowukganlylygy bilen tapawutlanýar. Işe girişmesi haýal bolsa-da onuň tabyny ele alansoň maksada birsydyrgyn işjenlikde ýetmegi başarýar. Gurşawyň duýdansyz üýtgeşmelerine haýal uýgunlaşýar. Flegmatige umuman sowukganlylyk mahsusdyr.

Temperamentiň tipleri öz mazmunynda degişli psihologik häsiýetleri jemleýär. Olaryň esaslary aşakdakylardyr.

1. **Duýgurlyk-senzitiwlik**. Adamda haýsy-da bolsa bir psihologik reaksiýany döretmek üçin zerur bolan täsirleriň iň kiçi ululygy bilen kesgitlenýär. Mysal hökmünde duýma döretmek üçin zerur gyjyndyryjynyň iň ujypsyz güýjüni (duýmanyň aşaky bosagasy), ýa-da adamy ynjalyksyzlandyrýan islegleriň iň pes kanagatlandyrylmazlyk derejisini görkezmek bolar.
2. **Reaktiwlik.** Adamlaryň şol bir güýçdäki daşky we içki täsirlere emosional-duýgy jogap beriş derejesidir. Jemgyýetçilik ulagynda atanlykda aýaklary basylan fiegmatik oňa äwmezek, melanholik bolsa ýokary ynjama bilen jogap

berýär. Reaktiwligiň iň aýdyň görnüşleri emosionallyk we ýokary kabul edijilikdir.

3. **Işjeňlik.** Adamyň näderejede daşky dünýä işjeň täsir edýändigi we maksada ýetmekde daşky we içki garşylyklary ýeñip geçýändigi bilen kesgitlenýär.
4. **Reaktiwligiň we işjeňligiň utgaşmasy.** Adamyň işiniň, özüni alyp barşynyň daşky ýa-da içki tötänleýin sebäplere (meselem, keýp-şähte, tötänleýin wakalara) ýa-da esaslandyrylan maksada, niýete tabynlygy bilen kesgitlenýär.
5. **Hereketleriň depgini**. Dürli psihologik reaksiýalaryň, proseslerin ýüze çykyşynyň tizligi boýunça kesgitlenýär (meselem, gymyldylaryň çaltlygy, sözleýşiň depgini, ýagdaýdan çykalga tapmagyň, pikiriň çaltlygy we ş.m.).
6. **Çeýelik we onuň garşylykly häsiýeti - durgunlyk.** Adamyň üýtgeýän daşky täsirlere çalt uýgunlaşmagy (çeýelik), ýa-da munuň tersine, bu ýagdaýda özüni alyp barşyny üýtgetip bilmezligi (durgunlyk) bilen kesgitlenýär.
7. **Ekstrawertlik we onuň garşylykly häsiýeti - intrawertlik**. Adamyň reaksiýalarynyň we işiniň şu pursatda täsir edýän daşky täsirlere baglylygy (ekstrawert), ýa-da tersine, geçmiş we gelejek bilen baglanyşykly pikirlere, ýatlamalara tabynlygy (intrawert) bilen kesgitlenýär.

Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň usullary. Oýun, okuw, zähmet işleri mazmuny, talaplary boýunça bir mazmunly bolup, olaryň ýerine ýetirijisi bolan adamlar bolsa, görşümiz ýaly keminden dört görnüşdedir. Eýsem olaryň haýsy biri ol ýa-da beýleki işiň talaplaryna has uýgunlaşan bolýar? Seredilen görnüşleriň her birinde oñyn we oñyn däl häsiýetlere duşmak bolýar. Aýdaly, sangwinik duýgysy joşgunly we işeňňir bolsa-da, onuň höwesleri we ünsüniň jemlenmesi durnuksyzdyr. Melanholik çalt ýadaýan, özüne ynamsyz, galagoply, ýöne ol inçe duýguly, we seresaply.

Eýsem adam öz temperamentiniň durnukly we hemişelik görnüşini nähili ýol bilen hünäriň (sungat, sport, mugallymçylyk we ş.m.) talaplaryna uýgunlaşdyrýar?

Şeýle ýollaryň mümkingadar görnüşleriniň biri – öz temperamentiňe laýyk iş saýlamakdyr. Meselem, galjaň holerige dälileriň keselhanasynda lukman bolmak, ýa-da melanholige duýdansyz döreýän weýrançylyk howpuny bada-bat duýup, aýgytly netijä gelmegi talap edýän çylşyrymly energoulgamda işlemek örän kyn bolýar. Işi adamyň psihiki häsiýetlerine laýyklykda saýlamaklyga **hünäre ugrukdyrylma we hünäre seçgi** diýilýär. Ýöne bu usul örän çäklidir. Köpçülükleýin häsiýetli hünärlere zerur mukdardaky adamlaryň sany olara temperamennti boýunça gabat gelýänleriňkiden hemişe köpdür. Meselem, okuwy hemmeler diýen ýaly okamaly, köpçülikleýin häaiýetdäki zähmeti(oba hojalyk, önümçilik) hem dürli temperamentdäki adamlar amal etmeli bolýar.

Uýgunlaşdyrmanyň ikinji bir ýoly adama bildirilýän talaplary indiwiduallaşdyrmak, onuň temperamentine laýyklamakdyr. Meselem, ikilik alan melanholik okuwçynyň şowsuzlygy güýçli ýazgarylsa, ol ruhdan düşüp, özüne ynamsyzlygy öňküden-de güýçlenýär. Bu ýagdaý adata öwrülse ol

gorkak, nalajedeýin bolup ösýär. Tersine, öwgi-hoşamat onuň özüne ynamyny berkidýär.

Sangwinigiň ýakymsyz duýgylary çalt unudyp, özüne aşa baha bermäge meýilliligini nazarda tutup, onuñ kemçiliklerine dözümliräk daraşyp, aýgytly ýazgarylsa, oňat netije berýär. Şeýle temperamentli okuwçy sapakda bäşlik alanda onda badyhowalyk döremez ýaly mugallym bahany “mundanam gowrak aýdyp bilerdiň” ýaly sözlerde jemlese oňaýlydyr.

Ýöne bu usul hem çäklidir. Işiň adama bildirýän talaplary garaşsyz-obýektiw şertler boýunça döredilip, onuň bahalandyrylyşy esasan netijeliligine bagly bolýar. Mugallym melanholik okuwçynyň oñyn däl jogabyny ýazgaryşynyň äheňini ýumşatsa-da, oňa «2-ge» derek «5-k» goýup bilmez.

Temperamenti işiň talabyna uýgunlaşdyrmagyň üçünji bir usuly-temperamentiň oňyn däl häsiýetlerini meýiller bilen ýeňip geçmekdir. Bellenilişi ýaly, işiň güýç häsiýetnamasy adamyň diňe temperamenti bilen däl-de, meýiller arkaly hem döredilýär. Täsirli meýilleri ulanyp, melanholigiň çekinjeň, ýygra häsiýetlerini ýeňip geçmek mümkin. Urşa ilkinji gezek düşen melanholik, elbetde, top oklarynyň, bombalaryň gohuna sangwinikden has güýçli howatyr edýär. Degişli hünärmenler tarapyndan melanholik esgerde onuň Watan öňündäki borjy oýarylyp, ýurda howp abananda adamyň gorkysy has yzky orna geçmelidigi dogrusynda ynanç döredilse, onuň gaýduwsyzlygy güýçli temperamentlileriñkiden asgyn bolmaýar. Ýeri gelende bu usulyñ-da çäklidigi aýdylmalydyr: dartgynly ýagdaýlarda, taýýarlyksyz aýgytly hereketler etmeli wagtynda temperamentiň häsiýetleri meýillere garamazdan ýüze çykmagy mümkindir.

Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň iň bir hertaraplaýyn usuly – işiň indiwidual tärini döretmekdir. Munda adam iş hereketleriniň ýerine ýetiriliş usullaryny öz temperamentine laýyk saýlaýar. Şonuň üçin bu usulyň ilkinji şerti - adamyň işe yhlasly, işjeň gatnaşygynyň bolmagydyr.

Melanholik okuwçy ýazuw işinde, özüne ynamynyň pesligi we galagoplulygy sebäpli köp wagtyny garalama sarp edip, ony göwnüne laýyklandan soňra barlanan, düzedilen teksti arassalama göçürýär. Tersine, sangwinik okuwçy pikir-meýilleriniň üýtgeýjiligi sebäpli köp wagtyny pikir jemlemäge sarp edip, degişli mazmuny aňda döredenden soňra garalama ulanman, bada-bat arassa ýazuwda beýan etmäge girişýär. Işiň şeýle indiwidual tärleriniň temperamente laýyklykda döreýän aýratynlyklary tejribe-eksperimentde zähmetiň dürli görnüşlerinde ýüze çykaryldy.

7.3. Gylyk

Her bir adam bir-birinden diňe bir tebigy aýratynlyklary boýunça däl-de, eýsem meýilleriniň, gatnaşyklarynyň we olara laýyk özüňi alyp baryş usullarynyň durnukly utgaşmalarynda hem tapawutlanýarlar. Gylygyň gadymy greklerde “harakter” adalgasynyň jemleýji keşp, galdyrylan yz, tagma manysy bolup, ýöne psihologiýada onuň has takyk manysy bardyr. Adamyň islendik

özboluşly-indiwidual aýratynlygy gylyk däldir. Aýdaly, görüşiň garaňka, ýagtylyga öwrenişiniň çalt-haýallygy, ýadyň göwrümi, ýatdan çykyrmanyň depgini we ş.m. psihologik aýratynlyklar bolsa-da gylyk däldir. Ikinji bir tarapdan bu agzalan psihologik häsiýetleri gylykdan doly aýrybaşgalaşdyrmak hem hakykata laýyk däldir. Olar belli bir derejede gylygyň mazmun ýa-da görnüş tarapyna öwüşgin berip bilýär.

Gylygyň psihologik düzüminde aýgytlaýjy orun meýillere, gatnaşyklara degişlidir. Munuň sebäbi ýokarda seredilen temperament özüniň ýüze çykyşy boýunça gylyga meňzeş bolsa-da, olaryň aýrybaşgalygy birinjiniň özüňi alyp baryşyň nähili amala aşyrylýanlygyny, ikinjiniň bolsa nähili we nämäniň bähbidine amal edilýänligini kesgitlemeklerindedir. Adamlaryň bir bölegi işiň has kynyny saýlap, ony ýeňip geçmekden alynýan lezzete ymtylyşda hereket edýän bolsa, beýlekisi onuň onçakly azap-alada talap etmeýän derejelerini saýlap, “aç başym dynç gulagym” meýle tabynlykda özlerini alyp barýarlar.

Gylyk – bu şahsyýetiň jemlenen, has durnukly meýil-gatnaşyklarynyň we olary ýüze çykarýan özüňi alyp baryş usullarynyň psihologik bütewiligidir.

Gylygyň psihologik düzüminde meýil-gatnaşyklar onuň mazmuny, özüňi alyp baryş usuly bolsa oňa forma-görnüş tarapy häsiýetde utgaşýar. Adatça şahsyýetiň gylyk dörediji gatnaşyklaryndan: 1) öz-özüňe bolan gatnaşyk (talap edijilik, özüňe göwniýetijilik, özüňi bahalandyryşyň tankydylygy we ş.m.); 2) beýleki adamlara gatnaşyk (ili bilenlilik ýa-da özüňibilenlik, özüňe bolsunlyk ýa-da köpe bolsunlyk, duýgydaşlyk ýa-da biparhlyk, ýalançylyk ýa-da dogruçyllyk, ýumşaklyk ýa-da gödeklik we ş.m.); 3) tabşyrylan ýumuşa bolan gatnaşyk (zähmetsöýerlik ýa-da ýaltalyk, ugurtapyjylyk ýa-da aýdylaryna garaşmaklyk, jogapkärçilik ýa-da sypjyklyk, takatlylyk ýa-da takatzyslyk we ş.m.); 4) gylygyň erkli sypatlarynda ýüze çykýan - erjellik, özbaşdaklyk, töwekgellik, tertiplilik, sowukganlylyk we ş.m. häsiýetleri tapawutlandyrylýar.

Gylygyň görnüş tarapy adamyň adamlar, zatlar bilen özara gatnaşygyndaky öwüşginlerde ýüze çykýar. Şeýle öwüşginler gylyga salyhatlylyk-gödeklik, tap bilijilik-guraksylyk we ş.m. ýaly aýratynlyklar berýär.

Zatlaryň, hadysalaryň mazmun we görnüş taraplarynda hemişe bir- birine gös-göni gabat gelşiň bolmaýşy ýaly gylygyň-da meýil-gatnaşyk we görnüş-öwüşgin taraplarynyň bir-birine dürli häsiýetde utgaşmaklygy gylygyň özboluşly umumy sypatlaryny - tiplerini döredýär. Has düşnükli bolar ýaly bu ýagdaýy şertli belgide beýan edeliň:

$$\mathbf{G = M + ÖU}$$

bu ýerde G- gylyk, M- meýil, ÖU- özüňi alyp barşyň usuly. Gylygyň mazmunynyň we görnüşiniň bir-birine oňyn ýa-da oňyn däl utgaşmasynyň mümkingadar sany dört ugurlaýyn bolýar diýsek, onda onuň şoňa laýyk umumy sypatlaryny alarys:

1. $\mathbf{G = M^{+} + ÖU^{+}}$ - özüniň mazmuny we ýüze çykyş häsiýeti boýunça oňyn gylykly, ýokary ahlakly we özüni alyp barşy salyhatly adam;

2. **G = M^{+} + ÖU^{-}** - meýil, gatnaşyklary oňyn, ahlak mazmunly, emma özüni alyp barşynyň terbiýesi ýeterlik däl, hereketleri gödek, gurşawyna ýakymsyz sypatly adam;
3. **G = M^{-} + ÖU^{+}** - meýil gatnaşyklary öz bähbidine gönükdirilen, beýleki adamlary şahsyýet hökmünde däl-de, maksadyna ýetmäge serişde häsiýetde ulanýan, ýagdaýa çalt uýgunlaşyp, çeýelik bilen özi hakynda oňyn pikir döretmäge ýykgyn edýän adam;
4. **G = M^{-} + ÖU^{-}** -gylygynyň mazmun-meýil we görnüş-özüňi alyp baryş taraplary ahlaksyz, terbiýesiz, öz bähbidini arap ýaşaýan, beýleki adamlara degişlilikde gödek, göwne degijilikli hereketler edýän adam.

Psihologiýada gylygyň umumy sypatlaryny-tiplerini ýüze çykarmagyň ýene-de bir ugry ony adamyň beden gurluşynyň dolulyk-hortañlyk häsiýetnamasy bilen baglanyşdyrmak boýunça esaslandyrmakdyr. Muňa laýyklykda, meselem, Kreçmer beden gurluşyň: 1) **astenik** – ejiz, hor, döş kapasasy ýalpak, eginleri inçe, el-aýagy uzyn, ýöne kelle beýnisi has ösen adam; 2) **piknik** – gysga ýa-da orta boýly, ýag dokumalary ösen, güberçek döş kapasaly, uly garynly, togalak kelle, gysga boýunly adam; 3) **atletik** – süňklek, muskullary ösen, beden gurluşy gujurly we deňölçegli, eginlek adam; 4) **diplastik** – nädogry beden gurluşly adam – ýaly görnüşlerini ýüze çykarýar. Bu görnüşler öz gezeginde şahsyýetiň umumy görnüşleri bilen baglanyşdyrylýar: astenikler şizotimik sypaty bilen sepleşýär, ýagny dymma, pikir ýöretmä ýykgyn edýän, gurşawa kynlyk bilen uýgunlaşýan, duýgur, ynjyk sypatlary özünde jemleýär. Piknik beden gurluşy siklotimik bilen sepleşip, onuň duýgysy şatlyk bilen gussanyň arasynda üýtgäp durýan, sözleýşe meýilli, açyk göwün, pikiri hakykata laýyk häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Atletikler iskotimiki, ýagny gujurly, aýgytly, özüne ynamly, duýgusy pes, pikirlenmesi çeýe däl ýaly sypatlary özünde jemleýär. Gylygyň soňky ýyllardaky umumy görnüşleri onuň ýüze çykýan psihologik öwüşginleriniň-aksentuasiýalarynyň esasynda düzüldi. Muňa laýyklykda sikloid, gipertim, senzitiw, psihoasteniki, epileptoid, isteroid, paranoid, konform, we ş.m. sypatly gylyklar ýüze çykarylýar.

1. **Sikloid sypaty** – muňa çalt şähdi üýtgeýjilik, ýokary işjeňligiň onuň iňňän peselmegi bilen çalyşmagy, şonuň netijesinde adamlar bilen aragatnaşygynda höwesli sözleýşe goşulmaklyk bilen olardan çetde durmaklygyň arasynda tolkun atýar. Ruhy ýokary göteriliş wagtynda ol gipertim sypata, ruhupeslikde bolsa distim sypata meňzeýär.
2. **Gipertim sypaty** – bu hili adamlar sözleşmäge adatdan daşary göwünjeň, ýüz, el, göwre hereketleri iňňän janly, şol bir wagtyň özünde borçlaryna geleňsizräk, ýeňil kellelik, tertip düzgüne biperwaýlyk ýaly häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Birsydyrgyn iş, ýekelik onuň takat etmeýän zatlarydyr.
3. **Distim sypaty** – ýokarkynyň tersine, oňa aragatnaşyga, adamlara golaý durmaklyga meýilsizlik, durmuşy ýekelikde geçirýän, öýden çykmazak, saldamlylyk, adalatlylyk ýaly aýratynlyklar häsiýetli bolup, şol bir wagtyň özünde pes işjeňlik, haýal pikirlenmeklik, diňe özüňi bilmeklige ýykgynlyk ýaly oňyn däl sypatlar-da mahsusdyr.

4. **Senzitiw sypaty** – hemişe sussypes, durmuşyň esasan hupbatly taraplaryny görýän, çalt göwni galýan, ýaşaýşyň manysyny añlap bilmeýän, çalt ýadaýan, ýakyn adamlaryň hossarçylykly gurşawynda döwtalaplylyk, ýekelikde ýene-de gaýga batmaklyk ýaly häsiýetleri özünde jemleýär.
5. **Psihiasteniki sypaty** – töwekgelçilikden gaçýan, gorkak, hemişe şubhelenmeklige ýykgyn edýän, özi we ýakynlary üçin gorky-golagoplylykda bolýan, ony kemeltmek üçin dürli yrymlara ugrugýan adamdyr.
6. **Epileptoid sypaty** – örän gaharjaň, daşyndakylaryň pikirine çydamsyzlyk, sözüne garşy gitmeklerini ýigrenýän, öýünde hokmürowan, gaharyna bäs gelip bilmän hapa sözleri aýdýan, ýumrugyny işledýän, gazapdan ýaňa özüni ýitirmeklige çenli baryp ýetýän adamdyr.
7. **Isteroid sypaty** – her edip, hesip edip özüne üns çekjek bolýan, öz maksadyna ýetmek üçin islendik serişdeden gaýtmaýan (aldaw, gözboýagçylyk, özüňden gitmek, el-aýagyňy ysmaz edip görkezmek we ş.m.) adamdyr.
8. **Paranoid sypaty** – belli bir duýgularyň, pikirleriň, hereketleriň bir ýagdaýda togtamagy (“gabanjaňlyk was-wasy”, “yzarlanmak was-wasy” we ş.m.), gümanlylyk, müňkürlilik, zannyýamanlyk, fanatizm ýaly häsiýetleri özünde jemleýär.
9. **Komform sypaty** - «il hança, menem şonça» pähimine eýerip, öz pikirine derek kesekiniňkä eýermek, ony gürrüňsiz kabul etmek, toparda kabul edilen pikire gyşarnyksyz uýmak, öz ornunyň bolmazlygy ýaly häsiýetleri bilen tapawutlanýan adam.

Gylygyň kemala getirilişi. Derňewleriň görkezişine görä gylygyň rehimdarlyk, sözleýşe meýillilikk, duýgydaşlyk we olara gapma garşylykly bolan diňe öziňi bilmeklik, guraksylyk, adamlara biagyrylyk ýaly sypatlary beýlekilerden has ir kemala gelýär. Olar çaganyň mekdebe çenli döwürlerinde ýüze çykýar. Onuň zähmetsöýerlik, tämizlik, ynsaplylyk, jogapkärçilik, erjellik ýaly häsiýetleri bolsa şahsyýetiň ösüşiniň soňkurak döwürlerinde kemala gelýär.

Ýetginjeklik ýaşlarynda (10-15 ýaş) gylygyň erkli sypatlary, irki jahyllykda bolsa onuň ahlak, dünýägaraýyş esaslary döreýär. Mekdebi tamamlaýan döwrüne çenli gylyk dolulygyna diýen ýaly ýüze çykyp, mundan beýläkki üýtgeşmeler onuň özeni aýratynlyklaryna onçakly täsir etmeýär.

7.4.Ukyp

Ukypda adaty psihologik hadysalara mahsus bolmadyk özboluşlylyk bardyr: özüniň ýüze çykyşynda bir tarapdan ýokary derejedäki aýanlyk bolup, ikinji tarapdan bu aýanlyk onuň özüne doly degişli däldir. Adaty iş- ýumuş bitirmelerinde kemala gelýän şahsyýetiň gazanýan iş netijelerinde onuň haýsy böleginiň ukyp, haýsysynyň bolsa beýlekileriň gazananlaryna ýönekeý öýkünme, ýat tutma esasynda ýetilýändigini anyklamak aňsat däldir. Aýdaly, iki talyp tagtada şol bir tema boýunça birmeňzeş mukdar we hil möçberde mugallyma jogap berýär. Emma hünärmen psiholog we tejribeli mugallym bada-bat bu “meňzeşlikde” düýpli ukyplylyk aýrabaşgalygyny duýýar. Olaryň biriniň

jogabyndan kanagatlanylyp, ikinjisine bolsa ‚Mundan has gowy jojap berip bilerdi” diýilýär. Görnüşi ýaly ukyp işden üzňe ýüze çykmaýan-da bolsa, şol bir wagtyň özünde işiň netijesinde gös-göni hem aýan bolmaýar. Eýsem işiň netijesinde ukybyň gös-göni aýanlygyny gabatlaýan zat näme?

Bu birinjiden, bu ýerde aýan edilmeklige degişli zat - şol talyplaryň her biriniň tema taýýarlanmaga sarp eden wagtynyň möçberi bolsa, ikinjiden olarda sapak özleşdirmek, onuň mazmunyny gaýtadan dikeltmek, dilüsti we dil üstidäl aragatnaşyk serişdeleriniň üsti bilen ony gürrüň bermek boýunça başarnyk, endikleriniň derejesi, olaryň akgynlylygy, çeýeligi we beýlekilerdir. Biz bu ýerde ukybyň gös-göni bilim, başarnyk endige syrykdyrylmaýandygyna hem göz ýetirýäris. Bilim başarnyk, endikleriň ukyba gatnaşygy gurat ýa-da gurat däl saz guralynyň zehinli ýa-da zehinsiz sazanda gatnaşygy ýalydyr. Gurat bolmadyk saz guraly ussat sazandanyň çalşynyň görküni gaçyrýar. Ýöne aňrybaş naýbaşy dutar hem ortaça ýa-da körzehin sazandanyň mukamyny kaşañlaşdyryp bilmez. Zehinli okuwçynyň öz ýanyndan “temanyň düýp mazmunyny aňsam bes ony aýdyp beriş, beýan ediş başarnygym ähmiýetli däl” gatnaşykda bolmagy ussat sazandanyň gurat däl dutarda saz çalşy ýalydyr.

Zehinli, ýöne dürli sebäplere görä entek kaşañ sözlem düzüp, sözlere zerur äheňleri berip bilmeýän okuwçynyň çuň mazmunly jogaby guraksyrak, bu başarnyklary ezber özleşdirenleriňkiden birtaraplaýynrak kabul edilmegi mümkin. Tersine, töweregindäkilerden nähili sowala nähili jogap bermelidigini ýat tutma esasynda özleşdiren, emma ýumuş özgerdilende ony döredijilikli çozüp bilmeýän okuwçy daşyndan ukyply häsiýetde kabul edilip bilner.

Aýdylanlardan ukybyň şeýleräk kesgitlemesini jemlemek mümkin.

Ukyp – işiň möhüm düzüjileri bolan bilim, başarnyk, endikleri üstünlikli özleşdirmäge we onuň netijesinde işiň ýokary döredijiligini, öndürüjiligini gazanmaga mümkinçilik berýän, şol bir wagtda bilim, başarnyk, endiklere, işiň netijeliligine gös-göni syrykdyrylmaýan şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlygydyr.

Kesgitleme ukybyň psihologik mazmunyna düşünmekligi çunlaşdyrýan hem bolsa, ol inkär ediji häsiýetlidir. Ylmy kesgitleme öwrenilýän hadysanyň nämä syrykdyrylmaýanlygyny nygtamaly däl-de, ykrar ediji häsiýetde onuň nämedigini, näme barabardygyny aýgyt etmelidir.

Şuňa laýyklykda, **ukyp bu adamlaryň bilim, başarnyk, endikleri özleşdirmeginiň we iş döredijililiginiň hilinde we depgininde aýrybaşgalyk döredýän şahsyýetiň özboluşly – indiwidual psihologik aýratynlygydyr**.

Ukybyň häsiýetnamasyndaky oňa bildirilýän işin hil we çaltlyk talaplary jemgyýetçilik zerur wagt hadysasy bilen baglanşyklydyr. Jemgyýetde islendik işiň, onuň bölekleýin ýumuşlarynyň amal edilmegine belli bir wagt dowamlylygy kesgitlenýär. Meselem, orta mekdebi okuwçynyň 10 ýyla derek 15, ýokary mekdebi bolsa 5 ýyla derek 10 ýylda tamamlanylmagyna hiç bir döwlet razylyk berip bilmez. Şeýle wagt ölçegleri bilim ulgamynda, amalyýetiň dürli ugurlarynda pursatlaýyn ýumuş-gönükmeleriň çözlüşine deňeç laýyklykda işlenilip düzülendir. Başlangyç synp okuwçysynyň birinji ýarym ýylyň

ahyrynda, ýylyň soňunda 1 minutda okap bilmeli sözleriniň möçberi, çözmeli hasap ýumuşlarynyň hil, mukdar mazmuny we ş.m. umumy talapnamada göz öňünde tutulandyr.

Aýdylandan ugur alynsa, eger-de, şahsyýetiň belli bir häsiýetleri haýsy-da bolsa bir işi zerur bolan wagt aralygynda üstünlikli özleşdirmäge mümkinçilik berýän bolsa, onda bu adamda şol işe bolan ukyplaryň bardygyny aňladýar. Tersine, beýleki adam hut şeýle şertlerde bu işi özleşdirip bilmeýän bolsa, onda onuň degişli ukyplarynyň ýoklugy dogrusynda netijä gelmek bolar. Ukyplaryň ýoklugy adamyň bu işe degişli bilim-başarnyklary düýbünden özleşdirip bilmeýändigini aňlatman, diňe özleşdirmegiň uzaga çekýändigini, mugallymlaryň has köp güýç we wagt sarp etmeginde ujypsyz netije gazanylýandygyny aňladýar.

Degişli işiň nazarda tutulan jemgyýetçilik zerur wagtynyň çäginde hil we mukdar möçberde amal edilmek zerurlygy ukybyň hil we mukdar häsiýetnamasyny döredýär.

Ukybyň hil häsiýetnamasy bu birinjiden, adamyň ukybynyň işiň haýsy ugrunda, görnüşinde ýüze çykýandygyny (saz, surat, şahyrçylyk we ş.m.), ikinjiden, adamyň işiniň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjün edýän, oňa şol bir maksada dürli ýollar bilen ýetmäge mümkinçilik berýän psihologik aýratynlyklaryň toplumyny aňladýar.

Işiň bir däl-de, birnäçe görnüşlerinde ony üstünlikli amal etmäge mümkinçilik berýän ukyplara **umumy ukyplar** diýilýär. Akyl ukyplary, eliň gymyldy-hereketleriniň çeýeligi we takyklygy, ösen ýat, kämil sözleýiş we beýlekiler umumy ukyplardyr. Işiñ ýörite, aýratyn usullary talap edýän görnüşlerinde ýüze çykýan ukyplara **ýörite ukyplar** diýilýär. Muña saza, matematika, dile, tehnika, edebiýata, çeper-döredijilige, sporta we beýlekilere bolan ukyplar degişlidir.

Ukybyñ hil häsiýetnamasynyň şol bir maksada dürli ýollar bilen ýetmäge mümkinçilik berýän psihologik sypatlaryň toplumy mazmundaky düşünilişine dolanalyň. Psiholog B.M.Teplow sazçylyk ukybynyň möhüm düzüjisi bolan “absolýut eşidişiň” adamda ýoklugynyň onda saz ukyplaryny ösdürmäge päsgel döretmeýändigini subut etdi. Absolýut eşidişi bolmadyk adamlarda tembri kabul etmek, ses aralyklaryny ýat tutmak we ş.m. ýaly häsiýetleri kemala getirmek esasynda olarda ses belentliligini tapawutlandyrmaklyga bolan ukybyň, ýagny absolýut eşidişiň öwezini tutýan başarnyk döredilipdir. Ukyplaryň hil häsiýetnamasyndaky şeýle çeýelik olaryň bir gornüşiniň beýlekisiniň wezipesini ýerine ýetirmek mümkinçiligini açýar. Öň kadaly ýagdaýda saz eserlerini kabul edip, ondan lezzet alýan adamlar şikest esasynda kerlige uçranda, olar arkasynyň derisindäki syzyş duýmasynyň nerw şahajyklary arkaly saz diňläp bilýärler. Elleri bilen hat okaýan körleriň elipbisiniň gurluşy-da hut şeýle häsiýetdedir.

Ukyplaryň mukdar häsiýetnamasy adamda şol bir ukybyň näderejede ýüze çykarýandygyny sypatlandyrýar. Adatça ukyplaryň bu häsiýetnamasy testler - gysga wagtlaýyn synaglar arkaly kesgitlenýär. Ýöne testleriň esasy niýetlenişi

adamdaky bilim, başarnyk, endikleriň şu wagtdaky derejelerini anyklamak bolýandygyny, soňkylaryň bolsa ukyp bilen gös-göni däl-de, köp mazmunly baglanyşykda bolýanlygy nazara alynsa, şeýle ölçegler ukyplaryň kesgitlenmegine belli bir derejede golaýlaşmak häsiýetde kabul edilip bilner.

Özüniň mazmuny boýunça, meselem, akyl ukyplylygynyň testleri birnäçe soragdan ýa-da mysaldan ybarat bolup, olary belli bir wagt aralygynda üstünlikli çözmeklik ball ýa-da beýleki birliklerde hasaplanylýar. Akyl testleri köp mazmunly häsiýetde düzülip, ýöne onuň aňladylyşynda esasan bir tarapyna basym berilýär. Meselem, "Karlik–gartmaç adam köp mertebeli jaýyň 16-njysynda ýaşaýar. Ol irden işe ugranda lifte-göterijä münüp, birinji mertebäniň basgyjyny basyp düşýär. Işden dolananda bolsa ol 13-nji mertebäniň basgyjyny basyp, göterijiden düşüp, galan üçüsini pyýada çykýar. Bu ýagdaý her gün gaýtalanýar. Munuň sebäbi näme ?"–mazmundaky test. Göräýmäge beriljek jogap "Karlik şeýdip muskullaryny türgenleşdirýär" ýaly mazmunda hem bolaýjak ýaly. Ýöne testiň şertinde adaty adam däl–de, karlik – gartmaç adam berlip, onuň boýunyň göterijidäki 16–njy mertebäniň basgyjyna ýetmeýänligi göz öňünde tutulýar.

Testler köplenç kynçylyk derejesi boýunça artýan düzümde düzülýän "testleriň batareýasyndan" –toplumyndan jemlenýär. Toplum çözlenden soňra olaryň jogaplary ülňüleşdirilen – standartlaşdyrylan usulda hasaplanylýar: her bir synag edilýäniň gazanan ballary sanalýar. Bu bolsa "akyl ukyplylygynyň koeffisiýenti" diýip atlandyrylýan ululygy kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ol şeýle nusgada aňladylýar:

$$\mathbf{AK} = \frac{\text{AÝa x 100}}{\text{HÝa}}$$

bu ýerde AK – akyl koeffisiýenti, AÝa – akyl ýaşy, HÝa – hakyky ýaşy.

Aýdaly, şol bir 16 ýaşlylara niýetlenen testler toplumyny 14 ýaşly we 20 ýaşly ýetginjek we jahyllar çözüpdir. Onda birinjiniň AK-si:

$$\mathbf{AK} = \frac{16 \times 100}{14} = \mathbf{114{,}2}$$

ikinjiniňki bolsa: $\mathbf{AK} = \frac{16 \times 100}{20} = \mathbf{80}$ deň bolýar.

Meşhur psiholog L. S. Wygotskiý akyl testleriniň geçiriliş nazaryýetine we amalyýetine ýokary ynsanperwerçilikli mazmundaky düzediş teklip etdi. Çaga eger–de hödürlenen ýumşy özbaşdak işläp bilmese, bu entek onuň ukypsyzlygyny aňlatmaýar. Şeýle şowsuzlyk onda degişli bilim – başarnyklaryň ýoklugy sebäpli bolmagy mümkin. Çaganyň akyl taýdan ösüşi öz–özünden amala aşyrylman, hemişe okadylyş tutumynda, ulularyň kömek bermeginde bolup geçýär. Şonuň üçin çaga özüniň özbaşdak başarmaýan zadyny ulularyň

ugrukdyrmagy bilen başaryp bilmegi mümkin. Diýmek, ol tiz wagtda ýumşy özbaşdak çözüp biljek. Şundan ugur alyp, Wygotskiý ukyplary ölçemekde çagalara ýumşy bir gezek özbaşdak hödürlemek bilen çäklenmän, synagy iki gezek geçirmegi teklip edýär. Birinji gezek – çaganyň ýumşy özbaşdak çozüşini, eger-de başarmasa, ikinji gezek ony ulularyň kömegi bilen çözüşini synlamak maslahat berilýär. Bu ýagdaýda çaganyň ukyplylyk derejesi onuň ýumşy özbaşdak we ulularyň kömegi bilen işleýşiniň netijeleriniň tapawudy esasynda kesgitlenýär. Eger-de şeýle tapawut ýüze çykmasa, çaga öz deň–duşlarynyň çözýän ýumşuny ne özbaşdak, ne-de ulularyň kömegi bilen çözüp bilmese, onda onuň ukyplary pes, ýa-da ýok diýen netijä gelmek bolýar.

Ukyplaryň ýokary derejede ösen görnüşine **zehin** diýlip, ol adama haýsy-da bolsa bir çylşyrymly işi üstünlikli, özbaşdak we gaýtalanmaz häsiýetde ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän ukyplar toplumydyr.

Zehiniň ösüşi esasan jemgyýet zerurlygy arkaly ugrukdyrylyp, onuň gerimleýin ýüze çykyşy döwrüň islegi, döwletiň öňde goýýan wezipeleri arkaly kesgitlenýär.

Ukyplar we zehin öz kemala gelşinde belli bir tebigy esaslara - üşükdir, gora daýanýar. Soňkylar beýniniň, duýgy we hereket organlarynyň gurluşynda ýüze çykýan anatomik, fiziologik aýratynlyklardyr. Muňa iň ýönekeý mysal hökmünde uzyn boýuň basketbol oýunçysyna, uzyn barmaklaryň sazanda degişli ukyplary döretmekde tebigy mümkinçilik bolýanlygyny görkezmek bolar. Aňrybaş ince öwüşginli ysly sepijeleriň – atyrlaryň döredijilerinde ys kabul ediji fiziologik seljerijiniň adaty adamlaryňkydan has üýtgeşik gurluşy bolýandygy mälimdir.

Ukyplaryň döreýşinde agzalan tebigy artykmaçlyklar belli bir orun eýelese–de, ukyp we zehin tebigatyň däl–de, taryhyň, okadylyşyň we terbiýäniň önümidir.

Maşgalada ukyply çaganyň bolmagy ony okatmagy we terbiýelemegi ýeňilleşdirmän, eýsem käbir halatlarda has çylşyrymlaşdyrýar. Ukyplaryň ýörite görnüşleriniň döreýşi eýýäm çaganyň mekdebe çenli döwürlerinde ýüze çykyp, kiçi we orta mekdep ýaslarynda güýçli depginde dowam edýär. Ilki–ilkiler bu ösüşe çagalaryň dürli oýunlary, soňra bolsa okuw we zähmet işi kömek edýär. Oýunda ukybyň hereket, konstruktor – oýlaptapyjylyk, guramaçylyk, çeper-şekillendiriş we beýleki döredijilikli görnüşleri özüne itergi alýar.

Ukyplaryň ösüşiniň isleg – höwesler bilen eriş–argaç utgaşýandygy mugallym–terbiýeçiniň üns merkezinde bolmalydyr. Ukybyň döredilýän işine höwesliligi saklamak üçin onuň maksadyny adamyň işjeň islegine öwürmelidir. Bu tutumda ýene-de bir zerur zatlaryň biri – adamyň oňyn emosional–duýgy şähdini döretmek we goldamakdyr. Ýöne bu tutumda üstünlikleriň şowsuzlyklar, joşgunlygyň alada bilen gezekleşýändigi, oňa ösýän şahsyýetiň taýýar bolmalydygy, terbiýeçiniň we terbiýelenýäniň ýodany ýola, depäni daga üznüksiz öwürmeginde ukybyň zehine geçýändigi şeýle kemala getirilişiň esasy ýörelgesi bolmalydyr.

VIII BÖLÜM. ŞAHSYÝETARA GATNAŞYKLARYŇ PSIHOLOGIÝASY

8.1. Psihikanyň sosial psihologiýasy derejesinde öwreniliş jähti

Eger–de biz şertli ýagdaýda gadymy adamyň belli bir ýaşaýyş döwrüni onuň öz güzeranyny hiç kese mätäç bolman, diňe güýjüne daýanyp amal edýän görnüşde göz öňüne getirsek, onda edil şeýle şertlilikde oňa hiç kes bilen aragatnaşykda, jemgyýetçilik baglanşykda bolmaýan häsiýetnamany ýöňkemeli bolarys. Eýýäm awy diňe özüne meňzeşler bilen bilelikde awlamak zerurlygy onuň tutumynda bir-birege sesli–hereketli düşünişmek, aragatnaşykda bolmak tutumyny döredýär. Awçylygyň has kämilleşen derejesinde awa bukuda - garymda garaşýanlar we awy olara tarap kowanlar biri-biri bilen göze görünmeýän, emma hakyky psihologik arabaglanyşykda, gatnaşykda bolýarlar.

Zähmetiň adamlaryň toparlarynyň arasynda paýlaşylmagy, bir önümi öndürýän toparyň ikinjini öndürýän bilen haryt alyş – çalşygyna goşulmagy, toparlaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna bilelikde tagalla etmeklik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ykdysady, syýasy – aňyýet ýaly görnüşleriniň döremegine getirýär.

Taryhy osüşde adamlar özleriniň hakyky adyna mahsus sypatlaryny döretmek we saklamak üçin birek–birek bilen aragatnaşykda bolmalydygy dogrusyndaky hakykaty özleşdirýärler. Adam özüne meňzeş beýleki adamlara seredip, olar bilen dürli gatnaşyklarda bolup, özüne adam hökmünde gatnaşykda bolýar.

Adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygy degişli toparlarda amala aşyrylýar. Toparlar göze görünýän, daşky we içki taýdan guralan hem-de göze görünmeýän., adamyň özüni aňlaýan ýa-da aňlamaýan häsiýetde belli bir durmuş toparynyň – agzasy hökmünde göz öňüne getirmegi, onuň kadalaryna eýermekligi häsiýetde bolýar. Dürli sebäplere görä jemgyýetden üzňe düşen adamlar ýaşalmaýan adalarda özlerini sosial toparyň hakyky agzasy ýaly özüni alyp barşyny şol öňki toparynyň, döwletiniň, medeniýetiniň kadalaryna laýyklaýar.

Adamyň özüni alyp barşynda we işinde onuň toparlara goşulmaklygy bilen döreýän psihologik üýtgeşmeleri hem-de toparyň tutuş psihologiýasyny derňeýän ylym sosial psihologiýadyr. Her kes öz gündelik synlamalarynda käbir adamlaryň ýekelikde ýygra, özüne ynamsyz häsiýetiniň ol topara goşulanda dogumly, ugurtapyjy, aragatnaşyga meýilli adama öwrülýandigine göz ýetirýär. Tersine, toparda aýakuç orunlarda hereket edýäniň ýekelikde örän işjeň, öndürijilikli işgär häsiýetde bolýanlygy seýrek däldir.

Toparlar **hakyky** we **şertli** görnüşlere bölünýär. Belli bir giňişlikde we wagt kesiminde bir–birleri bilen özara gatnaşykda bolýan adamlar toplumy hakyky topardyr. Zähmet, okuw, sport, harby toparlar hakyky topara degişlidir. Haýsydyr bir şertli sypat esasynda bir bütewilige birleşdirilýän adamlar birleşmesine şertli topar diýilýär. Hasabatda ýüze çykarylýan ýürek–gan damar keselliler, test synagynda belli bir akyl - psihologik derejesini ýüze çykaran okuwçylar we beýlekiler şertli toparlaryň mysalydyr.

8.2. Toparda şahsyýetara gatnaşyklary

Adamlar toparda bir-birleri bilen şahsyýetara gatnaşykda, aýratyn toparyň wekilleri hökmünde bolsa toparara gatnaşykda bolýarlar.

Şahsyýetara gatnaşykda birek-birege **empatiýa** – özüňi beýlekiniň emosional-duýgy ýagdaýyna goýmak, **identifikasiýa** - özüňi oña birleşdirmek, ýagny özüňi garşydaşyň diňe bir duýgy ýagdaýyna goýup görmek bilen çäklenmän, eýsem onuň pikirine, maksadyna laýyk iş–hereket etmek ýaly bir-birine düşünişmek usullary bardyr. Toparara gatnaşyklar derejesinde adamlaryň bir-biriniň ýagdaýyna aralaşmagy emosional-duýgy derejede däl-de, durmuşy resmi kada–talaplara tabynlykda bolmalydyr. Onuň kadalaşdyryş usullarynyň biri bolan stereotipler – topar ýa-da onuň jemgyýetçilik sosial durmuşy dogrusynda gysgaldylan, jemleýji pikir ýöretmekdir. Şahsyýetara gatnaşykda stereotipi, toparara gatnaşyklarynda bolsa empatiýany ulanmak çaprazlyk bolup, ol psihologik dartgynlygyň döremegine sebäp bolýar.

Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologik hereket düzüjisi aragatnaşykdyr. Aragatnaşyk şahsyýetleriň arasynda maglumat alyşmak, özara hereket alyşmak hem-de birek-biregi kabul etmek we düşünişmek görnüşlerde bolýar.

Aragatnaşygyň psihologik derejesinde taraplaryň bir-birlerini sulhy almagy, käbirine biperwaý-bitarap, üçünjisine sowugrak gatnaşykda bolmaklyk ýaly täsirler döreýär. Toparda köplere ýaraýan, adamlaryň ýüregini awlaýanlar öňe saýlanyp, olara **liderler** diýilýär. 40-njy ýyllarda meşhur psiholog K.Lewin liderçiligiň demokratik, awtokratik we liberal – goşulmaýan görnüşlerini tejribede esaslandyrýar. Demokratik lider bu toparyň işini öňünden onuň ähli agzalaryna sala salmak esasynda meýilnamalaşdyrýar, işiň gidişine ähtibar gözegçilik edip, onuň aralyk we ahyrky netijelerine baha berşi maslahat beriji häsiýetde bolýar. Bahalandyryşda işiň netijeliligi we işgäriň oňa yhlaslylygy göz öňünde tutulýar. Topar agzalary tejribeden soňra geçirilen sorag – jogapda ýene-de şeýle lider bilen işleşmäge döwtalapdygyny aýdýarlar.

Awtokratik ýa-da awtoritar usully lider işi öňünden meýilnamalaşdyrman, ony işiň gidişinde döredýär. Ýumuş buýruş äheňi azmly, talap ediji, işe esasan göze görünýän netijesi boýunça baha berlip, oňa siňdirilen erk-yhlas, azap nazara alynmaýar. Öwen adamsyny aňrybaş manabatlandyryp, onuň sähelçe gyşarýangyny aňsa ony edil şonuň ýaly–da ýazgarýar. Toparyň iş öndürijiligi bu usulda ýokardaky demokratik usuldan onçakly pes bolmasa-da, bu liderden adamlaryň nägileligi örän ýokary bolýar.

Liberal ýa-da goşulmaýan usulda işleýän lideriň iş tutuşy işi özakymyna göýbermek, diňe topar agzalaryny zerur iş serişdeleri bilen üpjün edip oňmak häsiýetde bolýar. Lider bolmaýar ýa-da iş tutumynda özakymlaýyn, gysga wagtlaýyn we işiň belli bir döwürlerine laýyk bölekleýin liderler döreýär. Toparyň iş öndürijiligi we jebisliligi pes bolýar.

Aragatnaşykda şahsyýetara gatnaşyklaryň gidişinde birleşdiriji – konýunktiw we aýrylyşdyryjy – dizýunktiw duýgular döräp, olaryň birinjisinde taraplaryň bir-birine ýaramlylygy, işi bilelekde etmeklige meýli döräp, ol topary

jebisleşdirýär. Dizýunktiw duýgular bolsa, tersine, adamlary bir-birinden sowaşdyrýan, bilelikde işlemekden çetleşdirýän, ahyr netijede bolsa toparda agzalalyk esasynda onuň jebisliligini peseldýän täsirdäki duýgular bolýar. Toparda aragatnaşygy we şahsyýetara gatnaşyklarynyň psihologiýasyny öwrenmek we kesgitlemek ýörite mesele hökmünde ýüze çykýar. Bu maksat üçin J.Morenonyň döreden sosiometriýa (sosiýa – jemgyýet, metrio – ölçemek) usuly ulanylyp, onuň netijesinde şahsyýetiň toparyň şahsýyetara gatnaşyklaryndaky at-abraýy kesgitlenýär.

Topar agzalaryna "Kimi doglan günüňiň bellenşigine çagyrardyň?", "Kim bilen öý-işlerine, synaglara bile taýýarlanmak isleýärsiň?" diýen ýaly şahsyýetara, işewür we beýleki häsiýetdäki sowallar teklip edilip, olara kimiň köp saýlaw alandygy sanalýar. Şeýle saýlawyň netijesinde öňe saýlanýanlaryň dürli derejeleri sosial psihologiýada ýörite adalgalar bilen bellenilýär.

1. **"Ýyldyzlar"** – saýlawda iň köp ses alan topar agzalary. Talyplar toparynda we okuwçylar synpynda olar 8-10 saýlaw almany başarýarlar. Şeýle agzalaryň sany 1-2-den geçmeýär.
2. **"Göwnelýänler"** – ýyldyzlardan ýarpy ýa-da ondan sähel pes saýlawyny alýanlar.
3. **"Gyrakdakylar"** – 1-3 saýlaw alýan topar agzalary.
4. **"Göse ilmeýänler"** – ýa-da çetleşdirilenler, saýlawda ýekeje ses hem almadyklar.
5. **"Ret edilýänler"** – eger sowal oňyn däl häsiýetde "Kim bilen bile işlemek, dynç almak islemeýärsiň?" ýaly goýlanda oňa jogap hökmünde agzalýanlar.

Adamyň iş durmuşynyň dürli mazmunlylygy we onuň ukyp – başarnyklarynyň, şahsy häsiýetleriniň ösüşiniň dürli derejeliligi şol bir adamyň şahsy we işewür ulgamlarynda dürli at-abraýda bolmak mümkinçiligini döredýär. Şol bir talyp, okuwçy şahsy we işewir gatnaşyklarynda degişlilikde "ýyldyz" ýa-da "göwnelýän" orunlarda, kähalatlarda bolsa olaryň ikisinde-de bir meňzeş orun eýelemegi mümkindir.

Agzalan mesele bilen baglanşyklykda adamlaryň şahsyýetara gatnaşyklarynda birek-birege psihologik laýyklylyk, sygyşmaklyk ýa-da olaryň oňyn däl alamatlary ýüze çykýar. Psihologik sygyşmazlygyň, dartgynlylygyň döremezligi üçin toparda meseleleriň ara alyp maslahatlaşylmagynyň aç-açanlygy, agzalaryň işlerine baha bermekde gazanylan netije bilen bir hatarda oňa sarp edilen erk – yhlaslylyk, hoşniýetlilik, göwünjeňlik ýaly hususy psihologik şertleriň-de nazarda tutulmagy, toparlaýyn dýnç almak, ýowar we beýleki onuň jebisliligini ýokarlandyrlan çäreleriň üznüksiz guralmagy zerurdyr.

IX BÖLÜM. PEDAGOGIKA

9.I. Pedagogika okatmak taglymaty hökmünde

Ylmyň bilim beriş we okadylyşyň meselelerini derňeýän ugry didaktika atlandyrylýar. Bu adalga ylmy ulanylyşa nemes pedagogy W.Ratke tarapyndan girizilendir. Bu söz-düşünje "okatmagyň sungaty" manysynda ulanylypdyr. "Beýik didaktikany" döreden Ýa.Komenskiý bu adalgany" "hemmelere hemme zady öwretmegiň ähliumumy sungaty" mazmunda ýokarky düşündirilişe ugurdaş kesgitläpdir**.**

Didaktikanyň ylym hökmünde obýekti okadylyş bolup (onuň doly möçberi we ugurlary derejesinde), dersi bolsa "mugallym – okuwçy", "okuwçy – okuw dersi", "okuwçy – beýleki okuwçylar" gatnaşyklarynyň ulgamydyr. Bu gatnaşyklaryň köpdürlüliligi okadylyşyň mazmunyny düzýär. Okadýanyň we okaýanyň işiniň takyk düzüjileri didaktikanyň ähli gatnaşyklarynyň ulgamyny guraýar. Okadylyşyň gatnaşyklarynyň prosesinden üzňelikde "okatmak – okuw" hakyky hadysa häsiýetde bolup bilmeýän bolsa, ýöne "okuwçy-okuw dersi" we beýleki gatnaşyklar bu tutumdan daşarda hem bolup biler. Akyl ýetiriş okadylyşsyz hem hereketlenýär, ýöne okadylyş akyl ýetiriş bolmasa öz manysyny ýitirýär.

Didakdikanyň wezipesi okadylyş prosesini, onuň hereketleniş şertlerini beýan etmek we düşündirmek, bu tutumyň has kämil guralyşyny, täze okadylyş ulgamlary, tehnologiýany işläp düzmekdir. Didaktikanyň özeni düşünjeleri aşakdakylardyr: okatmak – okadýanyň, okamak – okaýanlaryň işi bolup, bilim beriş – okaýanlaryň ylmy düşünjeleri, amaly başarnykdyr, endikleri özleşdirmegi, olaryň akyl ýetiriş ukyplarynyň, dünýägaraýşynyň, ahlaklylygynyň we umumy medeniýetiniň ösüşidir. Adatça bilimli adamy pikirlenmä ukyply giňişleýin bilim düşünjeleri we adamkärçilik duýgylary özünde jemleýän häsiýetde kesgitleýärler.

Okatmak – bu maksada gönükdirilen, öňünden nusga-meýilnamalaşdyrylan aragatnaşyk bolup, onuň prosesinde bilim beriş, terbiýe we ösüş amala aşyrylýar, adamzadyň tejribesiniň aýry-aýry taraplary, işiniň we akyl ýetirişiniň gazananlary özleşdirilýär. Okatmak şahsyýeti kemala getirmegiň, ilkinji nobatda akyl ösüşiniň we umumy bilimliligiň serişdesidir.

Didaktika özüniň ylmy adalgalarynyň döreýiş we kämilleşmek döwürlerinde bolup, bu proses entek gutarnykly däldir. Didaktikada okatmak prosesiniň adatça üç hyzmaty ýüze çykarylýar: bilim beriş, ösdüriş we terbiýe beriş. Okatmak prosesi bilim, başarnyk we endikleri, döredijilik işiniň tejribesini kemala getirmeklige gönükdirilendir.

Bilimlere bir-biri bilen özara baglanyşykda bolan takyk düşünjeler, kanunlar, degişli kanunalaýyklary şöhlelendirýän düzgünler, şeýle hem nazary pikir jemlemeler we özeni adalgalar degişlidir.

Başarnyklar okuwçynyň alan bilimleriniň esasynda amala aşyrýan we täze bilim – düşünjeleri özleşdirmäge ýardam edýän amaly hereketleridir.

Endikler – alnyp barlyşynyň dolandyrylyşy aňyň gatnaşmazlygynda, awtomatlaşan häsiýetde guralýan hereketlerdir.

Okadylyş tutumynyň ösdüriji hyzmaty özleşdirilýän bilim düşünjeleriň diňe möçber taýdan däl-de, hil taýdan baýlaşmaklygyny, bilimlerden täze düşünjeler gazanmak mümkinçiligini aňladýar. Okadylyşyň bu häsiýeti häzirki zaman psihologiýasynyň we pedagogikasynyň ýiti we çekişmeli meseleriniň biri bolan okatmagyň we ösüşiň özara gatnaşygy meselesi bilen baglanyşýar.

Belli psiholog L.S.Wygotskiniň kesgitlän kanunyna laýyklykda okadylyş okuwçynyň psihologik ösüşiniň yzynda süýrenmeli däl-de, ony öz yzyna eýertmelidir. Bu kanunylaýyklyk esasy maksady şahsyýeti ösdürmek bolup durýan birnäçe ýörite tilsimatlarda – tehnologiýalarda üstünlikli amala aşyrylýar.

Okadylyş prosesi terbiýeçilik häsiýetini hem özünde jemläp, ol daşky şertleriň täsirinde (maşgala, ýakyn gurşaw) köp mazmunlylyga eýe bolmak bilen, guralyşy we dolandyrylyşy boýunça has-da çylşyrymlaşýar.

Okadylyş amalyýetinde bu üç tutum – okatmak, ösüş we terbiýe aýrylmaz baglanyşykly bolup, olaryň biri beýlekisiniň dowamydyr.

2. Okatmagyň düzgünleri

Okadylyşda goýulýan maksat we wezipeleri anyk netijä öwürmek meselesi ähli döwürleriň pedagoglaryň üns merkezinde bolan meseledir. Özüniň gözbaşy düzgünleriniň entek doly kadalaşdyrylmanlygy sebäpli bu mesele gutarnykly çozlen däldir.

Okatmagyň düzgünleri – işiň kadasy, amalyýetiň dolandyryjysy görnüşde aňladylan okadylyşyň manysy, mazmuny, gurluşy, onuň kanunlary we kanunalaýyklygy dogrusyndaky düşünjelerdir. Olar okadylyşyň geçiş prosesini dolandyrýan çendan umumy häsiýetdäki görkezmeler, düzgünler, kadalardyr. Häzirki zaman didaktikasynda klassyky, öňden mälim, şeýle hem ylmyň we amalyýetiň ösüşinde peýda bolan düzgünler ulgamy bardyr.

Pedagogikada okatmagyň düzgünleriniň aşakdaky sanawy giňden ýaýrandyr.

Okadylyşyň ösdüriji we terbileýji häsiýeti düzgüni okadylýanyň şahsyýetiniň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine gönükdirilendir.

Okuw prosesiniň mazmunynyň we usullarynyň ylmylyk düzgüni häzirki zaman ylmy düşünjeleriň we jemgyýeti demokratiki esasda guramak amalyýetiniň özara baglanyşygyny şöhlelendirýär.

Ylmyň, medeniýetiň we iş tejribäniň gazananlarynyň özleşdirilmeginiň ulgamlaýynlyk we yzygiderlik düzgüni okaýanyň okuw işine, nazary düşünjelerine we amaly başarnyklaryna ulgamlaýyn häsiýet berýär.

Mugallymyň ýolbaşçylygynda okadylýanlaryň aň-düşünjeliligi, döredijilikli işjeňligi we özbaşdaklygy düzgüni okaýan şahsyýetiň öz bilim özleşdiriş işini okadýanyň ugrukdyryjy gözegçiliginden kem-kemden özbaşdak amala aşyrmaklyga geçmekligini aňladýar.

Toplumlaýyn çemeleşmekligiň ýüze çykyşy hökmünde aýdyňlygyň, takyklygyň we sowalygyň (abstraktlyk), pähimliligiň we duýga esaslanmagyň, gaýtadan dikeldijiligiň we döredijilikliligiň birligi düzgüni.

Elýeterlik düzgüni okadylýanyň ýumuşlaryň kynçylygyndan akyl, ahlak we fiziki howatyrlygyny aradan aýyrmak üçin ösüşde, seljerişde onuň anyk mümkinçiliklerini nazara almaklygy talap edýär. Baryp Ýa.Komenskiý bu düzgüniň öwredilişde okuwça iň golaý, tanyş zatlardan alysrak zatlara geçmek, ýeňilden kyna, belliden näbellä geçmek ýaly kadalaryny kesgitläpdi.

Ýumuşlaryň kynçylygy ýokarlandyrylan derejede okatmak düzgüni, okuwçyny onuň ösüşiniň golaý zolagynda, başarnygynyň diňe bir göze ilýän bölegini däl-de, içki mümkinçilik jähtini-de nazara alyp okatmaklyga gönükdirilendir.

Okatmagyň netijesiniň durnuklylygy we şahsyýetiň akyl ýetiriş güýçlerini ösdürmek düzgüni bilimleriň ýada ornaşdyrylyşynyň berkligini gazanmaklyga niýetlenendir. Psihologiýanyň görkezişine görä ýada ornaşdyrmak we gaýtadan dikeltmek diňe materiýala däl-de, oňa bolan gatnaşyga hem baglydyr. Şonuň üçin durnukly özleşdiriş okuwçyda öwrenilýän materiala oňyn gatnaşygynyň, höwesiniň kemala getirilmegini talap edýär.

Okadylyşyň durmuş hem-de demokratik, adalat jemgyýetini gurmagyň amalyýeti bilen özara baglanyşygy düzgüni. Bu bilim, başarnyklaryň diňe añyýet-pikir derejesinde galdyrylman, olary jemgyýet ähmiýetli amalyýete ornaşdyrmaklyga gönükdirilendir.

Okuw işiniň toparlaýyn we özbaşdak görnüş we usullaryny netijeli utgaşdyrmak düzgüni. Bu düzgün okadylyşyň adaty we toparlaýyn usullarynyň netijeli baglanyşdyrylmagyna niýetlenendir

Okatmakda aýry-aýry düzgünlerden däl-de, olaryň ulgamyndan peýdalanmak, onuň maksadyny ylmy esaslandyrmak, belli bir ders - materiýallary okuwçynyň işiniň netijeli usuldyr, serişdelerini seçmek we okadylyşa maksadalaýyk şertleri döretmek ýaly ugrukmalar aýgytlaýjy bolmalydyr.

3. Okatmagyň usullary

Ýokarda agzalan okadylyşyň düzgünleriniň hakyky amalyýetde amala aşyrylyşy okatmagyň usullary bilen baglanyşyklydyr. Alym – pedagoglar okadylyş prosesini synlap, okadýanyň we okaýanyň işiniň iňňän köpdürlüligine üns berýärler. Bu işleriň görnüşini okatmagyň usullary diýip atlandyrýarlar. “Usul” adalgasy grekçeden “methodos” – hakykata golaýlaşmagyň ýoly, täri diýmekdir.

Pedagogika amalyýetinde usul okuw-terbiýeçilik maksatlaryna ýetmekligiň kadalaşdyrylan tärleri mazmunda kesgitlenýär. Okadylyşda gadymyýetden bäri öýkünmeklige esaslanan okadylyş usullary agdyklyk edipdir. Mekdebiň esaslandyrylmagy bilen sözüsti usullar ýüze çykyp, ol orta asyrlarda

aýgytlaýjy orna eýe bolýar. Söz maglumatynyň esasy göterijisi bolan kitap boýunça okatmak bolsa bilim berşiň esasy wezipesi hasaplanýardy.

Beýik açyşlaryň we oýlap tapylyşlaryň eýýamynda bilimi amalyýetde peýdalanmaga mümkinçilik berýän aýdyň-görkezme usullary ösüşe eýe bolýar. XIX-XX asyrlaryň çatrygynda "işiň üsti bilen okatmak" atlandyrylýan taglymat uly gyzyklanma döretdi. Onuň tarapdarlary okadylyşyň amaly usullaryny ulanýardy.

Mugallym okadylyşy guramagyň okuw beýanet, tejribelikler, gezelenç, işewür oýunlar, sosial-psihologik türgenleşik ýaly dürli görnüşlerini ulanyp bilýär. Islendik usulyň ähliumumy däldigi sebäpli, olaryň diňe toplumlaýyn ulanylyşy garaşylýan netijäni berip biler. Dürli alymlaryň usullary bölümlere bölmegiň dürli şert-esasyny ulanmagy olaryň dürli görnüşlerini döredýär.

Okatmagy **bilimleri özleşdirmegiň çeşmesi** boýunça bölümlere bölmek has giňden ýaýrandyr. Oňa laýyklykda:

sözüsti usullar (çeşmesi – sesli ýa-da ýazmaça söz);

aýdyň – görkezme usullary (çeşmesi – synlanylýan zatlar, hadysalar, aýdyň gollanmalar);

amaly usullar.

Belli bir döwürde sözüsti usullar bilim bermegiň ýeke-täk diýen ýaly usulydy. Hertaraplaýyn ösüşiň tarapdary bolan pedagoglar (Ýa.Kominskiý we beýlekiler) bu tutumyň birtaraplaýynlygyny görkezip, üstüniň beýleki usullar bilen ýetirilmek zerurlygyny nygtap çykyş etdiler. Häzirki wagtda sözüsti usuly köplenç könelişen, "işjeň däl" hasaplanylýar. Ýöne onuň mümkinçiligine obýektiw baha berilmelidir. Sözüsti usullar örän gysga wagtyň dowamynda uly göwrümdäki maglumaty okaýana geçirip, onuň öňünde meseleler goýup, olaryň çözlüş usullaryny salgy bermäge mümkinçilik berýär. Söz okaýanda hyýaly, ýady we duýgyny işjeňleşdirýär.

Sözüsti usullara umumy okuw, gürrüň bermek, söhbet, çekişme, kitap bilen işlemek degişlidir. ÝOM-de kitap we okuw gollanmalary bilen işlemek okadylyşyň möhüm usulydyr. Çap edilen çeşmeler bilen özbaşdak işlemegiň birnäçe tärleri bardyr. Olaryň arasynda: ýazga geçirmek-konspekt, okalany gysga ýazmaça beýan etmek; tekstiň meýilnamasyny düzmek; nutuklaşdyrmak-okalanyň esasy pikirlerini gysga beýan etmek, çykgytlar almak, tekstden gös-göni bölekler almak; annotirlemek – okalany onuň düýpli manysyny ýitirmezden gysgaça beýan etmek; syn ýazmak - okalana öz garaýyş-gatnaşygyňy gysga aňlatmak; resmi-logiki (formal-logiki) nusga döretmek – okalany söz-ülňüleýin şekillendirmek; tematiki tezaurusy - tema boýunça özeni jemleýji düşünjeleriň kadalaşdyrylan toplumyny döretmek; ideýalaryň matrisasyny – dürli awtorlaryň işlerindäki birmeňzeş zatlaryň we hadysalaryň deňeşdirme häsiýetnamasyny döretmek we beýlekiler tapawutlandyrylýar.

Sözüsti usullar bilen baglanyşyklykda aýdyň-görkezme usullary ulanylyp, olar hem öz gezeginde aýdyňlaşdyrma – illýustrasiýa (aýdyň-görkeziş gollanmalary görkezmek) we demonstratiw (enjamlar, tejribeler, tehniki abzallar, kinofilmler) görnüşlere bölünýär.

Täze tehniki serişdeleriň ornaşdyrylmagy (telewideniýe, wideomagnitofon, kompýuter) aýdyň-görkezme usullarynyň mümkinçiligini giňeldýär.

Özbaşdaklyk derejesi boýunça aşakdaky gönükmeler tapawutlandyrylýar: a) gaýtadan dikeldiji (özleşdirileni berkitmek üçin); b) türgünleşdiriji (bilimleri täze şertlerde ulanmak maksady bilen).

Bu topardaky usullaryň esasy maksady amaly hereketleriň esasynda maglumatlar almakdyr. Käbir alymlar bu topara didaktiki oýunlar usulyny-da goşýarlar. Olaryň esasy düzüjilerine : okuw işiniň nusgalaşdyrylýan obýekti; oýna gatnaşyjylaryň bilelikdäki işi; oýnuň düzgünleri; üýtgeýän şertlerde netijä gelmek; ulanylýan çözlüşiň netijeliligi degişlidir. Oýnuň tehnologiýasy – bu meseleleýin(problemalaýyn) okatmagyň tehnologiýasydyr. Onda maglumat daşdan gelip gowuşmaýanlygy üçin akyl ýetiriş işi öz-özi hereketlenýän, işiň hut öz içki önümi bolup durýar. Alnan maglumat täzesini döredip, bu üznüksiz hereket tä ahyrky netije alynýança dowam edýär.

Okuw tutumyna bütewilikde çemeleşmek nazaryýeti esasynda onuň usullarynyň üç topary ýüze çykarylýar:

Okuw - akyl ýetiriş işiniň guralyş we amala aşyrylyş usullary: sözüsti, aýdyň–görkezme we amaly; böleklikden umumylyga – induktiw we umumylykdan böleklige - deduktiw; gaýtadan dikeldiji - reproduktiw we mesele-agtaryş, hem-de özbaşdak iş usullary;

höweslendiriji we meýillendiriji usullar: okamaga höwes, okaýyşda borç we jogapkärçilik duýgusy;

gözegçilik we öz-özüňe gözegçilik usullary: sesli, ýazuw we tejribehana laboratoriýa – tejribelikleri.

Okadylyşyň usullarynyň bölümlere bölünişiň beýleki görnüşleri-de bardyr. Olaryň ählisi işjeň däl bilim-düşünjeleri işjeňlige öwürmeklige, täze bilimleriň özleşdirilmegine we amalyýetde ulanylmagyna ýardam etmeklige niýetlenendir.

9.2. PEDAGOGIKA TERBIÝE NAZARYÝETI HÖKMÜNDE

1. Terbiýe barada umumy düşünje

Islendik adamyň ösüşi terbiýe tutumynda amala aşyrylýar. Täze nesil öňküniň toplan tejribesini özleşdirýär, ony çuňlaşdyrýar we baýlaşdyrýar. Terbiýe sözüň giň we dar manysynda ulanylýar. Has giňişleýin düşünilişde terbiýe bu şahsyýeti maksadalaýyk kemala getirmekdir. Bu babatda terbiýe şahsyýeti kemala getirmegiň ähli tutumyny, ony önümçilik işine, jemgyýetçilik we medeni durmuşa işjeň gatnaşdyrmaga taýýarlygy, ýörite we özakymlaýyn täsirleriň ähli toplumyny özünde jemleýär. Şeýle düşünilişde ol maşgalanyň mekdebiň, ÝOM-niň, jemgyýetiň tutuş durmuş keşbiniň, onuň aňyýetiniň täsirini, edebiýatyň, sungatyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň täsirini öz içine alýar. Terbiýe sözüň şeýle manysynda bilim berşi we okadylyşy hem özünde jemleýär.

Sözüň dar manysynda terbiýe ösýän şahsyýetde dünýägaraýşy, ahlak keşbi, estetiki sulhy, fiziki ösüşi kemala getirmekdir. Onuň has takyk mazmuny okadylyş bilen baglanyşyklykda we deňeşdirmede ýüze çykýar: okatmak şahsyýetde bilim, başarnyk endikleri kemala getirmeklige gönükdirilen bolsa, terbiýe onuň barlygyň dürli taraplaryna sagdyn, ahlak mazmunly gatnaşyklaryny döretmäge niýetlenendir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy öz mukaddes Ruhnamasynda terbiýäni şeýle häsiýetlendirýär: “Terbiýäniň manysy çaga öňden ykrar edilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny siňdirmekdir we ony jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwürmekdir”. (1, 328-329 sah.).

Terbiýe şol bir wagtyň özünde pedagogyň we terbiýelenýäniň işini birikdirýän ikitaraplaýyn hereketdir. Olaryň bir-birine täsiri arkalaşyk häsiýetde bolýar.Başgaça aýdanyňda okuw-terbiýeçilik işinde şol bir tutumda diňe bir okaýan, terbiýelenýän öwrenmän, terbiýelenmän, eýsem okadýan, terbiýelenýän hem kämilleşýär. Galyberse-de belli bir aragatnaşyklar, özara täsirler okaýanlaryň arasynda hem döreýär.

Terbiýeçi – bu terbiýe işini amala aşyrýan (nesilleriň tejribesini geçirýän) adamdyr (kähalatlarda gurama); galyberse-de ol okuw-terbiýeçilik edarasynda terbiýe işi bilen meşgullanýan wezipe eýesidir.

Terbiýäniň üznüksizligi we täsirliligi onuň öz-özüňi terbiýeleýşe geçmegi, terbiýelenmäniň hususy işjeňligini döretmegi bilen baglanyşyklydyr. Öz-özüňi terbiýelemek – bu adamyň öz edim-gylyklaryny aňlap, ony kämilleşdirmek we hususy kemçilikerini ýeňip geçmek işidir. Häzirki döwürde, bazar gatnaşyklarynyň rowaçlanýan döwründe kärhanalar (aýratynda hususy firmalar) öz işgärlerine ýokary talap bildirýärler. Bu işgärler önümçiligiň tehnologiýasyny bilmek bilen bir hatarda öz-özüni we kollektiwi dolandyryp bilmelidir; olar saglygy gurat we ýokary medeniýetli, sözleýşe ezber, işewür aragatnaşyklar guraýan, hem-de özleriniň duýgularyna erk edip bilýän bolmalydyr. Mundan başga-da olaryň fiziki, ruhy we sosial-durmuş kämilligine

degişli talaplar bildirilýär. Bu häsiýetler adama dagabitdi berilmän, bilim berşiň tutumynda ösdürilýär. Hut şonuň üçin-de terbiýe prosesiniň dolandyrylyşy mugallymyň we okaýanyň bilelikdäki işiniň arkalaşygyna, öz-özüni ösdürijiligine we özara döredijiligine esaslanýan bolmalydyr.

Terbiýe tutumy aýry-aýry ýagdaýlardan durýar. Terbiýe ýagdaýy terbiýe prosesiniň mugallymyň we okaýanyň pedagogik özara täsiriniň belli bir döwürdäki obýektiw we subýektiw şertlerdäki pursatydyr.

Terbiýe prosesini üznüksiz guramak üçin (oňa ysygider hereketde we ösüşde seredip) her bir okuw ýagdaýynda goýlan maksada laýyklykda, hem-de onuň üýtgeýjiligini nazarda tutup, toplumlaýyn terbiýe ýumuşlaryny çözmeli bolýar. Islendik okuw ýagdaýynda terbiýäniň dolandyrylyşyny üpjün edip, pedagoga we okaýana, özleşdirilýän derse hem-de tutuş bilim ulgamyna gös-göni täsir etmek gazanylmalydyr.

Okaýanyň şahsyýetini okadylyşda ösdürmekde aýgytlaýjy orun mugallyma degişlidir. Onuň işi ylmy we dünýägaraýyş pikirleriň, nazaryýet we amalyýet bilimleriň, şeýle hem gelejekki hünärmeniň ruhy-ahlak we pähim-paýhas gorunyň döredijisidir.

Terbiýeleýji okadylyşda okadylýanyň bilim, başarnyk we endikleriniň özleşdirişi bilen onuň şahsyýetini kemala getirmegiň özara baglanyşygy gazanylýar. Bu didaktiki düzgün okadylyşyň mazmunynda, guramaçylyk görnüşlerinde we usullarynda öz şöhlelenmesini tapýar. Terbileýji okadylyşyň tutumynda terbiýäniň esasy wezipeleri amala aşyrylyp, şahsyýetiň ahlak ösüşine düýpli täsir edýän ösüşiň sosial-durmuş ýagdaýynyň kämilligi anyklanýar.

2. Bilim berşiň we terbiýäniň maksady

Bilim berşiň we terbiýäniň baş maksady ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakdyr. Häzirki döwürde pedagogika birnäçe çylşyrymly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýar: okaýana diňe bilim öwretmek bilen çäklenmän, olary ynsanperwer gymmatlyklara ugrukdyrmak zerurlygy; bu adama esasy gymmatlyk hökmünde seredilýän nazaryýet bilen baglanyşyklydyr; talyp ýaşlary barlyk hakykatyna uýgunlaşdyrmak; ähli öndürijilikli işiň, akyl we estetiki ösüşiň, işjeňliligiň we ugurtapyjylygyň esasy hökmünde okaýanda ahlak-etiki gymmatlyklary döretmek.

Terbiýe ulgamynyň aňyýet esasy, pedagogik nusgasy adamzadyň köp asyrlyk tejribesinde gazanylan ynsanperwerlik düzgünleri bolmalydyr. Ynsanperwerlik ilkinji nobatda adamyň adamçylygydyr: adamlara söýgi, ýokary geçirimlilik we sypaýçylyk, şahsyýetiň mertebesini hormatlamak. Ynsanperwerlik nazaryýeti adamy iň ýokary gymmatlyk hasaplap, ony özüniň dünýägaraýyş ugrukmasynyň merkezinde goýýar.

Terbiýeçilik tutumynda ynsanperwerlik düzgünleri umumyadamzat gymmatlyklarynda amala aşyrylýar. Bu gymmatlyklar adamlaryň özüni alyp barşynyň ähli ahlak düzgünlerinde şöhlelendirilip, öz gözbaşyny “öldürme”, “ogurlyk etme”, “zyna kowalaşma” ýaly dini-ahlak sargytlardan alyp gaýdýar.

Ynsanperwer nusgalar bilen baglanyşyklykda okuw-terbiýeçilik işiniň esasy maksady şahsyýetiň öz-özüni amala aşyrmagy üçin şertler döretmekdir.

Taryhy şertler we hakyky durmuşyň düzgünleri häzirki zaman ýaşlarynyň umumy we özboluşly şahsy sypatlaryny kesgitleýär. Ýaşlaryň belli bir böleginiň medeniýeti bilim-sowatlylygyndan asgynrak gelýär. Medeniýeti terbiýelemek islendik hünär işiniň içki düzüjisi hökmünde şahsyýeti kemala getirişiň maksadyna goşulýar. Terbiýäniň maksady ol ýa-da beýleki jemgyýetiň öňe sürýän aňyýet we gymmatlyk ugrukmalary bilen kesgitlenýär. Oňa ýetmek üçin okuw prosesini bilim berşiň ähli derejelerinde üýtgedip gurmalydyr.

Terbiýäniň we bilim berşiň maksatlarynyň amala aşyrylyşyna **pedagogik proses** diýilýär. Bu tutumda okatmagyň mazmunyna däl-de, täze pedagogik ulgamyň bütewi mazmunly nazaryýetini döretmeklige, şahsyýetara gatnaşyklaryny kemala getirmeklige ähmiýet berlip, bular öz gezeginde ösüşiň amatly şertini we duýgy-ahlak terbiýäni üpjün edýär. Hut şol sebäpli şahsyýeti kemala getirmek we ony terbiýelemek günüň esasy meselesi bolup durýar.

Ýokary okuw mekdebinde bilim beriş prosesinde hünärmeniň şahsyýetini kemala getirmek dogrusynda näme aýtmak bolar? Hünärmeniň şahsyýetini ilki başdan kemala getirmegiň esasy şertleriniň biri talybyň hünär özleşdirmek we ýokary bilim barada diplom almak isleginiň onuň bilim özleşdirmeklige zerur psihofiziki mümkinçilikleri we olary geljekki işinde ulanmak ukyplary bilen gabatlaşmagydyr. Bu şertleriň aýry-aýry taraplary däl-de, diňe olaryň sazlaşykly toplumy hünärmeni taýýarlamaklygyň netijeliligini üpjün edip biler. Başgaça aýdanyňda şol bir hünärmeniň beýleki hünärmenden şahsy aýratynlyklaryny – dogabitdi mümkinçiliklerini ýa-da hünäre zerur pikirlenme özboluşlyklaryny ýüze çykarmaklyk bu işiň esasy düzüjisi bolup durýar. Aýdaly, fizika we matematikanyň amaly ugrunyň hünärmenleri logiki pikirlenme, nazary we keşbi pikir ýöretme ýaly häsiýetleri özünde jemlemeli bolsa, psihologik hünärmenine syngçylyk, garşydaşyň içki dünýäsine aralaşyp bilmeklik we täsir etmeklik ýaly sypatlar mahsusdyr. Ähli bilim beriş ulgamynyň mazmuny we gurluşy hünärmenlere zerur bolan häsiýetleri üstünlikli kemala getirmäge hertaraplaýyn ýardam etmelidir.

Bazar ykdysadyýeti hünärmen taýýarlygynyň hiline täze talaplar bildirýär. Terbiýäniň ýokary mekdepde amala aşyrylyşynyň esasy wezipeleriniň biri talyp ýaşlary taýýarlamaklygyň ahlak, akyl, raýat däplerini dikeltmekdir. Jemgyýetiň ruhy ýagdaýy hut olaryň hünärmen işine baglydyr. Şeýle hünärmeni terbiýelemek üçin okuw prosesinde mugallymyň orny dogrusynda onuň medeni we duýgy-emosional düzüjilerini baýlaşdyryp biljek täze aňyýetler zerurdyr.

Talyplaryň medeni derejeleriniň seljerilişi okuw-terbiýeçilik işini hil taýdan täze derejelere götermelidigini görkezýär. Bu babatda Hormatly Prezidentimiziň her bir talybyň öz hünärinin ýanyndan iň bolmanda bir guralda saz çalyp bilmelidigi, sportuň belli bir görnüşinden baş çykarmalydygy talaby hemmä mälimdir. Bu maksadyň amal edilmegi okadylyşyň ynsanperwerleşdirilişini we hünärmenleşdirilişini güýçlendirmek bilen bilen bir hatarda bilim beriş ulgamyny aýratyn hünäre ýa-da şahsyýete nazarlap däl-de, tutuş jemgyýetiň

isleglerini göz öňünde tutup nazaryýet esasy jähetden üýtgedip gurmaklyk bilen baglanyşyklydyr. Täze Galkynyş zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny özgerdip gurmak syýasaty hut şeýle maksatlara gönükdirilendir.

3. Terbiýäniň serişdeleri we usullary

Terbiýe prosesini üstünlikli dolandyrmak üçin pedagogika onuň esasy usullaryny özleşdirmelidir; şahsyýetiň kemala getiriliş şertlerini, onuň erkinligini, durmuşy, tebigaty, medeniýeti ösdürmek we saklamak üçin jogapkärçiligini esaslandyrmalydyr; taryhy ösüşde we aýratyn adamyň özüni alyp barşynda zor salmagyň we salmazlygyň ähmiýeti seljerilmelidir; adamyň beýlekilere we özüne degişlilikdäki ahlak borçlaryny anyklamalydyr.

Terbiýäniň usullary - amala aşyrylyşy garaşylýan netijä ýetmäge mümkinçilik berýän mugallymyň ýada okaýanyň amaly ýa-da akyl hereketleriniň toplumydyr. Mazmun jähtden ol maksadalaýyk netijeli işi guramagy salgy berýän ugrukdyryjy düzgünleriň ulgamydyr. Terbiýäniň usullary onuň maksady, düzgünleri we mazmuny bilen kesgitlenilip, okaýanlaryň özara täsirleriniň usullary hökmünde degişli pedagogik ýumuşlary çözmäge mümkinçilik berýär. Bu usullaryň esasylary:

Täsir etmek we ynandyrmak usullary (söhbet, umumy okuwlar, çekişmeler, temalar, maslahatlar – konferensiýalar);

amaly işi guramagyň usullary (saýlaw, meýilnamalaşdyrma, meýildöretme – motiwasiýa, görkezme-ugrukma bermek, gönükme, hasabat bermek);

höweslendirme usullary (talaplar, bahalandyryş, gözegçilik, sylaglamak ýa-da çäre görmek, ýaryş);

derňew we anyklaýyş usullary (syn etme, sowal jogap alyşmak-interwýu, testler, anketa, emin-ekspert bahalandyrylyşy, tejribe, seljerme).

Adatça terbiýe usullary **toplumlaýyn häsiýetde** bolup, hemişe üýtgeýji mazmuna eýe bolýan anyk **okuw ýagdaýlarynda** (situasiýalarynda) ulanylýar. Dürli usullaryň utgaşdyrylmagy okuw ýagdaýynda göz öňünde tutulan netijäni çalt we ýokary hilde gazanmaga mümkinçilik berýär.

Islendik usul öz gezeginde **usul tärlerine**, ýagny pedagogik prosesiniň ýönekeý ýagdaýlaryna (düşündiriş, öwgi, sowal, jogap, görkezme) bölünýär.

Terbiýäniň we okadylyşyň guralyş görnüşleri hem bilim berşiň maksadyny, düzgünlerini we mazmunyny nazarda tutmak bilen saýlanylýar (okuw tutumy, maşgala terbiýesi, sapakdan daşary iş).

Soňky döwürlerde ÝOM-niň dürli amaly hünärmen ugurlarynda okuw-terbiýeçilik işine psihologik şertleri goşmaklyga uly ähmiýet berilýär. Amalyýetçi hünärmenler bilen işleýän psihotehnologlar:

didaktikanyň, psihologiýanyň we adamyň fiziologiýasynyň ylmy esaslaryna daýanmalydyr;

talyplarda okamaklyga, akyl taýdan ösmeklige zerur ýagdaýlary, olarda keýpliligi(şowhunly şähdi) we işjeňligi döretmeklige psihologik taýýarlygyň kemala getirilmegine ýardam etmelidir;

okuw işjeňligine täsir edýän şahsyýetiň özboluşly-psihologik aýratynlyklaryny ösdürýän usullary, tärleri we serişdeleri ulanmalydyr;

geljekki hünärmeniň ünsüni, ýadyny, hyýalyny, seljermesini, işewür aragatnaşyga ukybyny ösdürmekligi göz öňünde tutmalydyr.

9.3. OKUW ÝAGDAÝY NETIJELI ÖZARA TÄSIRI GURAMAGYŇ USULY HÖKMÜNDE

1. Okuw ýagdaýynda şahsyýetara gatnaşyklaryň gurluşy

Bilim berşiň öňde baryjy tehnologiýasyny amala aşyrmak mugallym bilen okaýanyň bilelikdäki işiniň maksadyny we gymmatlyklaryny, olaryň akyl ýetiriş tutumy bilen aralaşdyrylan aragatnaşygyny düýpli derňemegi talap edýär. Dürli ýumuşlaryň we meseleleriň gündelik çözlüşini üznüksiz aragatnaşyk hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Käbir psihologlar aragatnaşygy sözüsti we sözüsti däl özara täsirleriň esasynda şahsyýetara gatnaşyklaryň ösdürilýän we berkidilýän prosesi görnüşinde kesgitleýärler. Bu gatnaşyklar ulgamlaýyn häsiýetde bolup, durmuş gurşawyna we medeniýete baglylykda ösüp, ýekebara-indiwidual we bilelikdäki iş tutumynda ýüze çykýar.

Okaýanyň ösüşiniň bütewi işjeňlik ulgamy mazmunda düşünilýändigi mynasybetli aragatnaşygyň her bir täze ýagdaýy özünden öňküden tapawutly bolup, täze maglumatlar döretmek arkaly akyl ýetirişi täze derejä götermelidir. Aragatnaşygyň pursatlaýyn we durnukly yzygider görnüşleri bolup, olaryň hereketlenişi **pedagogiki ýagdaýa** laýyklykda özboluşlydyr. Pedagogiki ýagdaý aragatnaşyk hökmünde habar beriji (mugallym), onuň sözüsti ýa-da sözüsti däl sözleýşi, kabul ediji (okaýan) we yza dolanýan baglanyşyk (okaýanyň mugallymyň aydýanlaryna düşünişi boýunça alynýan maglumatlar) ýaly düzüjileri özünde jemleýär.

Pursatlaýyn aragatnaşygyň maksady okaýanyň höwesini üpjün etmek bolup, onuň gazanylyşynyň çaltlygy okuw ýagdaýynyň ähli taraplarynyň özara täsirine baglydyr.

Pursatlaýyn aragatnaşygyň gurluşy 1-nji suratda görkezilendir. Pedagogiki iş pursatlaýyn häsiýetdedir. Gündelik işde mugallym ol ýa-da beýleki terbiýe çäresiniň gidişinde näme boljakdygyny hemişe çaklap bilmeýär. Ýöne ol aragatnaşyk ýagdaýyny meýilnamalaşdyryp, aragatnaşygyň usullaryny saýlap, pursatlaýyn gatnaşyklary göz öňünde tutmalydyr. Bu mugallyma aragatnaşykda dartgynly ýagdaý dörände oňa bada-bat jogap bermäge kömek edýär. Pedagogikada pursatlaýyn gatnaşyklaryň sosial at-abraý, arkalaşyk, rolly, duýgy-ahlak, döredijilikli özara täsir, dialogik, problemalaýyn ýaly dürli görnüşleri bardyr. Ýöne olaryň ählisi şahsyýetleriň özara täsiri netijesinde wagt ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Bu bolsa öz gezeginde aragatnaşygyň maksadyna täsir edýär. Mundan başga-da pedagogiki ýagdaýa mugallymyň şahsyýeti, öňden dörän gatnaşyklar güýçli täsir edýär.



1-nji surat. Pursatlaýyn gatnaşyklaryň gurluşy.

2. Pursatlaýyn gatnaşyklaryň görnüşleri.

Duýgy-ahlak gatnaşyklary mugallym bilen okuwçynyň özara täsirinde döredilip, garşydaşyň emosional – duýgy ýagdaýyna düşünmeklik onuň esasy düzüjisi bolýar. Mugallym okuwçynyň özüni alyp barşyna ince we çeýelik bilen düşünip, özüniň we onuň höweslerini nazara almaklyga, okuwçynyň özbaşdak işini höweslendirmeklige ymtylanda, okuw ýagdaýynda psihologik hoşroýlyk bolýar.

Sosial at–abraý gatnaşyklary özüniň ýokary mazmunynda mugallym bilen okaýanlaryň deňligi, biri-birini hormatlamagy, taraplaryň işjeň höweslendirişli işi, oňyn duýgy – emosiýalary bilen häsiýetlendirilýär. Bu gatnaşyklar adatça gaýtadan dikeltme-awtoritar, erkin-liberal we adalat-demokratiki görnüşlere bölünýär.

Gaýtadan dikeltme – awtoritar häsiýetli gatnaşyklar pedagogik işiň däp bolan hereketlendirijisi bolup, onda okaýana taýýar tejribäniň nusgalary hödürlenip, onuň agtaryş işjeňligi basmarlanýar, zerur bolan hereket nusgasy gaýtadan dikeldilmek bilen çäklenilip, ugurtapyjylygyň togtadylmagy döreýär. Şeýle ýagdaýda mugallym bilen okuwçynyň arasynda dartgynlyk döräp, ol mugallymyň güýje daýanma, awtoritar-özdiýenlik serişdeleri bilen kadalaşdyrylmaklyga çalşylýar.

Erkin – liberal häsiýetli gatnaşyklar biagyrylyk, göz ýummaklyk, başyna goýbermeklik ýaly tutumlar bilen häsiýetlendirilýär.

Adalat-demokratiki häsiýetli gatnaşyklar has ýokary täsirli pedagogik usuly bolup, onda mugallym her bir okaýanyň özboluşly-indiwidual aýratynlyklaryny nazarda tutup, olaryň şahsy tejribesini, isleg – mümkinçiliklerniň özboluşlylygyny hormatlaýar.

Awtoritar gatnaşyklaryň ýeňlip geçilmegi üçin mugallym bilen okaýanyň döredijilikli özara täsiri mazmunly pedagogik ýagdaýy döretmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda okuwçynyň ugurtapyjylygy we döredijiligi ýüze çykyp, ol üznüksiz medeni-durmuş gymmatlyklaryna ugrukýar. Mugallym bolsa döredijiligiň dürli görnüşlerini gurap, onuň pikirlenmesini ösdürýär. Täzelikçi pedagogik prosesi islendik okuw ýagdaýynda bilelikdäki döredijilikli agtaryş häsiýetde bolup, onuň ösüşi özüniň her bir pursatynda täze mazmuna eýe bolýar. Bu ýagdaýda pedagogik ýumuşlaryň çözlüşi gaýtalanmaýan mazmunda, gatnaşyklar ulgamy bolsa ösdüriji, okaýanyň giňişlik we logiki pikirlenmesini işjeňleşdiriji häsiýetde bolýar. Ösdüriji özara gatnaşyklar okuw ýagdaýynyň ähli düzüjileriniň üstünlikli döredilmeginiň girewidir.

Döredijilikli ýagdaýyň esasy meselesi mugallym bilen okaýanyň gatnaşyklarynyň özara tabynlygyny nazarda tutup, pedagogik prosesinde bu gatnaşyklaryň ösdüriji, özara döredijilikli häsiýetini ýüze çykaryp, ony iş tutumyna üznüksiz ornaşdyrmakdyr. Munuň üçin şahsyýetiň öz-özüni kämilleşdiriş prosesinde okuw ýagdaýlaryny nusgalaşdyrmak we döretmek zerurdyr. Okuw prosesinde amala aşyrylýan bu ynsanperwerçilikli nusga ony ösdürmegiň nazaryýet ugrukdyryjysy bolýar.

Problema ýagdaýlary öz gezeginde okaýany üznüksiz hakykaty agtaryşa ugrukdyrýan, umumyadamzat gymmatlyklaryny açmaga, pikir ýöretmäge gönükdirýän dialogik, problemalaýyn gatnaşyklary talap edýär. Köp psihologlaryň we pedagoglaryň görkezişine görä okuw prosesiniň ösüşi pedagogyň döredijiliginden we okaýanyň döredijiliginden üzňe bolup bilmeýär. Şeyle özara döredijilik okaýanyň pikirlenmesini, aragatnaşygyny we işini işjeňleşdirmek arkaly gazanylýar. Özara döredijilik didaktiki oýunlarda has

aýdyň ýüze çykýar. Gynansakda, bu tejribäniň ÝOM-de ornaşdyrylyşy entek örän çäklidir.

Özara döredijiligiň dialogik gatnaşyklarynyň guralyşynda her bir okaýan islendik sowal boýunça öz pikirini aýtmaga, ýalňyşmaga, ýumşyň çözülişiniň öz hususy usulyny teklip etmäge hukugy bardyr. Bu öz gezeginde aç-açanlygy, höwesjeňligi, birek-birege düşünmeklige ymtylyşy döredip, pikirlenmäniň ösüşine we täze ideýalaryň döremegine goltgy berýär. Eger okuwçy kyn ýagdaýa düşse, önuň özüne ynamlylygyny ýokarlandyrmak üçin ony mahabatlandyrmak, öz pikir-duýgysynda we daşyndakylaryň garaýşynda mertebesini götermek boýunça täsirler etmek maksadalaýykdyr. Üznüksiz igençler ynamsyzlyk döredýänligi sebäpli okaýany ynam bilen gurşap, oňa hut ynama mynasyp mazmunda hem ýüzlenmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda adam öz mümkinçiliklerini amal edip, şahsyýetini kämilleşdirýär.

Aragatnaşyk akyl ýetiriş, emosional – duýgy, hereket tutumlarynyň toplumydyr. Okadylyşyň diňe düşündirilişe daýanýan adaty usullary akyl ýetiriş maksatlarynyň gazanylyşyny kynlaşdyrýar. Pedagogik aragatnaşygynyň netijeli mazmuny okaýanyň ähli ukyplarynyň ösüşine amatly şertleri, şeýle hem okuwçylar kollektiwinde hoşniýetli duýgy-ahlak ýagdaýy döretmekde gazanylýar. Bu ýagdaý geljekki hünärmeniň içki mümkinçiliklerініň doly ýüze çykarylmagyna, onuň ahlak - duýgy häsiýetleriniň ösüşine we kämilleşmegine ýardam edýär. Mugallymyň ýolbaşçylygyndaky okadylyş öz-özüňe öwredişe, okadylyşa geçýär. Umumy okuwlaryň, amaly sapaklaryň, aýdyň-görkeziji serişdeleriň göwnejaý işlenilip düzülmegi, logiki, giňişlik pikirlenmesini we şahsyýetiň özüni ösdürişini höweslendirýän işjeň usullaryň saýlanyp alynmagy bilim berşi ynsanperwerleşdirmegiň esasy şertleridir.

Okadylyşyň maksatlaryna laýyklykda mugallym sosial at-abraý gatnaşyklaryny meýilnamalaşdyryp, şol bir wagtda okuw prosesiniň guramaçysy bolmalydyr. Okuwçylarda akyl ýetiriş şatlygyny, öz mümkinçiliklerine ynamyny, özara düşünilişi we duýgy-ahlak ösüşi üpjün etmek maksady bilen olaryň islendik özara täsire örän çee we hoşniýetli jogap berip bilmegi möhümdir. Mugallymyň şahsyýetiniň okuwçylara täsirini hiç bir hili okuw kitaplary, telewideniýe we beýleki täsir ediş serişdeleri çalşyryp bilmez. Islendik okuw ýagdaýynyň öz hususy meselelerini we özara gatnaşygyň öwüşginligini döredýänligi üçin mugallymyň işiniň üstünligi iňňän köp şertlere baglydyr. Okuw ýagdaýynda döreýän özara gatnaşyklar okaýana uly täsir edýär: onuň şahsyýetini kemala getirýär, netijeli işini höweslendirýär, duýgy-ahlak ösüşine ýardam edýär. Şonuň üçin belli bir gatnaşyklary guramazdan öňürti mugallym aragatnaşygyň özara ähmiýetli görnüşlerini ilki öz pikirinde döretmelidir. Başgaça aýdanyňda aragatnaşyk işi täze didaktiki nusga laýyklanylyp, ulgam döredigi şerte öwrülmelidir.

3. Şahsyýetiň duýgy-ahlak ösüşi

Şahsyýetiň duýgy – ahlak ösüşi daşky we içki şertlere baglylykda amala aşyrylýan üznüksiz prosesdir. Bilelikdäki okuw işine gatnaşyjylaryň emosional-duýgy ýagdaýyna pursatlaýyn hadysalar uly täsir edýär. Emosional syzylyşlar olaryň özara täsiriniň dürli görnüşleriniň möhüm düzüjilerdir. Hakyky bilim beriş psihologik we ahlak duýgularynyň, siwilizasiýanyň ülňüsiniň we bilimiň milli özboluşlylygynyň özara ylalaşyklylygyna esaslanmalydyr. Duýgy – ahlak terbiýesiniň bütewi gurluşynda ahlak aňyny, ahlak duýgyny, degişli endikleri kemala getirmek ýaly düzüjileri görkezmek mümkin.

Okuw ýagdaýynda okaýanyň üç dürli duýgy häsiýetnamasy ýüze çykýar:

goýlan ýumuş ýeňil çözülýär, adam özüni şähdiaçyk ýagdaýda duýýar;

teklip edilýän ýumuş mugallymyň ýa-da beýleki gatnaşýanlaryň belli bir kömek bermeginde çözülýär, adam deňagramlylyk ýagdaýynda bolýar;

takyk ýumuşlaryň talaplaryna pursatlaýyn ukypsyzlyk döräp, adam özara gatnaşygynda oňaýsyzlyk duýýar.

Bu ýagdaýlarda okaýanyň duýgy – ahlak ösüşi we özüňi alyp barşy onuň daşky we içki şertleri şahsy bahalandyryşynyň netijesi hökmünde bolýar. Has ýiti duýgy hereketleri dartgynly ýagdaýlarda ýüze çykýar. Hünär medeniýeti röwşenpikirliligiň (intelligentligiň) aýrylmaz sypaty hökmünde terbiýäniň ilkinji aladalarynyň biridir. Hünär medeniýetiniň ýokary derejesine aşakdaky şertler arkaly ýetmek bolýar: terbiýlenýäniň sosial – medeni gurşawynda özüňi alyp barşyň nusga derejelerini jemleýän jemgyýetiň bolmagy; terbiýelenýänleriň şahsyýet gymmatlyklaryna ugrukdyrylmagy; jemgyýetiň ynsanperwerleşdirilmegi we halkylaşdyrylmagy – demokratizasiýalaşdyrylmagy.

Bu günki günde ahlak ýa-da duýgy medeniýeti, gynansakda, okaýanlaryň ählisiniň şahsyýet ugrukmasyna öwrülen däldir. Barlyga ahlak-etiki gatnaşykda bolmak özara gatnaşyklaryň ähli ulgamynyň eriş-argajy bolmalydyr. Hormatly Prezidentimiziň täzeden Galkynyş zamanasynda bilim berşi dünýä standartlaryna laýyklamak ugrundaky özgertmeleri bu babatdaky birtaraplaýynlygy ösýän şahsyýetde ýeňip geçmekligiň çuňňur nazaryýet esasydyr. Şonuň üçin okuw ýagdaýlarynyň ülňi-nusgalary döredilende özara gatnaşyk meselesine aýratyn üns berilmelidir. Muňa köp derejede oýun häsiýetli okuw ýagdaýlary has oňaýly bolup, olaryň tutumynda okaýanlar işewür aragatnaşygyň etikasyny özleşdirip, özlerinde geljekki pedagoga, ýolbaşça mynasyp edim-gylymlary kemala getirýärler. Okuw ýagdaýlarynyň nusgasy döredilende mugallym (okaýanlaryň özara aragatnaşygyny we olaryň mugallymlar bilen gatnaşygyny guraýjy) öz okuw dersini aragatnaşyk prosesi okaýanlar üçin durmuşy, hünär we şahsy ähmiýete eýe bolar ýaly jähtde düzmelidir.

Gyzykly guralan okuw sapaklary pikirlenmäniň we şahsyýetiň döredijilik gorunyň ösmegine ýardam edýär. Şonuň üçin okuw prosesine döredijilikli häsiýetdäki okuw ýagdaýlaryny ornaşdyrmak ähmiýetlidir. Okadylyşyň şeýle ýagdaý nusgalary şahsyýetiň hertaraplaýyn ösüşini üpjün edip, sapakda duýgy

ýadawlygyny aradan aýyrýar we ýokary mazmunly duýgy – ahlaklylygyň ösüşini üpjün edýär.

9.4. MUGALLYMYŇ AHLAK-PSIHOLOGIK KEŞBI

1. Mugallymyň zähmeti

Bilim berşiň üýtgedip guralyşynda degişli okadylyşy we terbiýäni döwrebaplaşdyrmak ilkinji nobatda mugallym hünärmenlerine baglydyr. Durmuş-ykdysady özgerişlerde mugallymyň at-abraýy, onuň bilim beriş wezipeleri düýpgöter özgerýär. Muňa degişlilikde onuň hünärmen häsiýetlerine bildirilýän talaplar-da üýtgeýär. Hut şonuň üçin häzirki zaman pedagogik çekişmelerinde esasy mesele mugallymyň ahlak-psihologik keşbiniň töwereginde jemlenýär.

Bu meselä amalyýetçi we ylmy-derňew işgärleriniň garaýşy belli bir derejede gapma-garşylykly häsiýetdedir. Olaryň bir bölegi pedagogik işiň üstünlikli guralyşy doly derejede mugallymyň şahsy sypatlary bilen kesgitlenip, olaryň ulanýan usullarynyň aýratyn ähmiýeti ýok diýip tassyklaýar. Beýlekileri bolsa ylmy-tehniki rewolýusiýanyň gazananlaryna salgylanyp, gapma-gasylykly garaýşy orta atýar. Olaryň pikiriçe mugallym bary-ýogy ol ýa-da beýleki ideýanyň geçirijisi bolup, onuň işinde aýgytlaýjy orun okadylyş usullaryna we olaryň takyk ulanylyşyna degişlidir. Bu nazaryýete eýerýänler mugallymyň şahsy sypatlary okadylyşyň çäginden daşda galýanlygy üçin (aýratyn hem kompýuter ýa-da beýleki elektron baglanyşyk serişdeleri ulanylanda) olaryň bilim öwredilişe onçakly ähmiýeti ýokdur diýen pikirden ugur alýarlar.

Elbetde, bu gapma-garşylykly garaýýşlar ylmy hakykatdan daşdyr. Bir tarapdan mugallymyň belli bir şahsy häsiýetleriniň döredilen usullaryň takyk saýlanylyp alynmagyna we üstünlikli ulanylmagyna gözbaşy ähmiýeti bolýan bolsa, ikinji tarapdan usullaryň özleşdirilmegi bilen mugallymyň degişli şahsy we hünärmen sypatlary-da üýtgeýär. Ussat mugallymlaryň iş tejribesi munuň aýdyň subutnamasydyr.

XX asyryň 70-nji we soňraky ýyllarynda rowaçlanan W.F.Şatalowyň we onuň pikirdeşleriniň daýanç ýazgylary ulanmak arkaly okadylyşa ornaşdyran ynsanperwerlik pedagogikasy mugallymyň okuwçylar bilen döredijilikli arakalaşygynyň olaryň psihologik aýratynlyklaryny nazara almaklyga esaslanan usulyýetidir. Onuň tejribesiniň ynsanperwerlik täsiri diňe bir okuwçylara gönükdirilmän, köneçil okadylyşda okaýanlaryň bahalaryny emeli galdyrmaga meýil edýän mugallymlara-da degişlidir. “Biziň usulymyza mahsus bolan bahalaryň aç-açanlygy mugallymlary hünärmen aldanmadan, göterime kowalaşmakdan halas edip, olara mugallymyň mertebesini gaýtaryp berýär” – diýip ussat mugallym belleýär. (Шаталов А.Ф. За чертой привычного. Донецк, 1988, с.116). Bu pikir makullanmaga mynasypdyr.

Hakykatda bolsa pedagogik tejribe pedagogik tehnologiýasynyň terbiýeçiniň şahsyýeti we onuň gymmatlyk ulgamy bilen özboluşly utgaşmasydyr. Sebäbi mekdep diňe bir ösýän şahsyýete adamzadyň gazanan tejribesini ýeňilleşdirilen usulda geçirmek bilen çäklenmän, ýetmezçiligi aradan aýryp, oňyn umumyadamzat gymmatlyklaryny ornaşdyrmak üçin bu tejribäni

tankydy bahalandyrýar. Mekdep bu işi her bir aýratyn adamyň özbaşdak durmuş ýoluna düşmegini ýeňilleşdirmek amala aşyrýar. Emma aýry-aýry adamlara kömek etmek bilen bir hatarda mekdep tutuş halkla-da öz iş-durmuşyny nähili göwnejaý gurmalydygyny öwredýär. Halk esasy düzümi hojalyk we ruhy düzüjilerden durýan öz milli baýlygyny dikeldýär. Bularyň her biriniň gözbaşynda Mugallym özüniň jemgyýetiň degişli ýagdaýyna laýyk gymmatlyklary, meseleleri we ruhy medeniýeti bilen bularyň her biriniň gözbaşynda durýar. Ruhy medeniýet – bu ynsanperwer ideýalarda şöhlelenýän şahsyýetiň tutuş dünýä, onuň ähli tutumyna degişliligidir. Bu degişlilik durmuşyň wajyp sowallaryna jogap tapmak synanyşygynda dünýäniň aladasyny syzmakda, daşky gurşawyň wakalary dogrusynda öz üstüňe jogapkärçilik almakda, şeýle hem ynsanperwer gymmatlyklary işjeň ykrar etmekde ýüze çykýar.

Mugallymyň ruhy medeniýeti bu günki gün iňňän ýiti meseledir. Munuň degişli sebäpleri bardyr: durmuş-ykdysady ýagdaýyň geçiş döwürde bolmagy, şahsyýeti bazar ykdysadyýeti döwründe terbiýelemegiň täze ýollaryny agtarmak zerurlygy, ýaşlaryň ruhy gymmatlyklary özleşdiriş derejesiniň olaryň maddy gymmatlyklary özleşdirişiniň depgininden haýalrak bolmaklygy we beýlekiler. Köp raýatlarymyzyň totalitar düzgüni eýýamynda milli özeni ahlaklylykdan daşlaşmagy, özüňi süýt, dostuňy – gaýmak saýmak ýörelgesinden sowulmagy, meseläni has-da çylşyrymlaşdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň bilimi, ylmy döwrebaplaşdyrmak syýasatynynyň esasy terbiýe gönükdirilmeleriniň biri-de milli aňy, ruhy medeniýeti ahlak göýdüklikden halas etmekdir.

Häzirki zaman mugallymy özüniň hünärmen işinde kemala gelen başarnyklary bilen okuwçylaryň düýpli özgeren edim-gylymlarynyň arasyndaky çaprazlygy syzýar. ÝOM-de öň rowaç bolan mugallymyň diňe bilimleri berýän, geçirýän orny we okaýanlaryň olary işjeň däl häsiýetde kabul edýän orny häzir könelişdi. Okadylyş, terbiýe diňe subýekt-obýekt mazmunda däl-de, taraplaryň şahsy aragatnaşyk derejede ruhy gymmatlyklary alyşmagy häsiýetde guralmalydygy äşgär boldy. Hut okaýanyň irgözünden bilim, başarnyklary ylmyň soňky gazanmalary derejesinde işjeň özleşdirip bilmekligi üçin Hormatly Prezidentimiz okadylyşyň nazaryýet tarapyny güýçlendirmekligiň günibirin derwaýyslykdygyny nygtaýar. Okaýanlaryň ruhy ösüşine täsir edip bilmese mugallymyň özi ruhy medeni göýdükligiň girdabyna ätleýär. Ýagdaýdan çykalga degişli okuw-tehnologik döwrebaplygy gazanmak bilen bir hatarda peder ruhy – ahlak ýörelgelerine dolanmakdadyr.

2. Mugallymyň psihologik-pedagogik medeniýetiniň esasy sypatlary

Mugallymyň ruhy medeniýeti onuň hünärmen işiniň mazmunyny düzýär. Mugallymyň şahsyýet hökmünde möhümligi, onuň adamzadyň gazanan gymmatlyklaryna hut özüniň aralaşyp bilşine, hem-de beýleki adamlary oňa ugrukdyryşyna baglydyr.

Mugallymyň özleşdiren gymmatlyklar ulgamy onuň şahsy-hünärmen ornuny kesgitleýär we etiki, psihologik gönükdirilmelerde ýüze çykýar. Olaryň arasynda iň möhümleri aşakdakylardyr:

okadylýanlara gatnaşygy: düşünmeklige ugrukma, duýgudaşlyk, okaýanlaryň çendan erkinligi we özbaşdaklygy, her bir okuwçynyň döredijilik goruny ýuze çykarmaklyga ymtylyş;

toparlaýyn (kollektiwleýin) işi guramaklyga gatnaşygy: adalat-demokratiki öz-özüňi dolandyrylyşyň ösdürilmegine ugrukma, toparlaýyn döredijilige, umumy işi diňe bir okuw jaýynda däl, onuň çäginden daşda, şol sanda öýde guramaga, kollektiwleýin durmuşyň däp-kadalaryny berjaý etmeklige gönükdirilme;

mugallymyň öz-özüne gatnaşygy: okuw-terbiýeçilik işiniň üstünlikli guralmagyna alada etmeklige, hünär we şahsy ösüşe, öz-özüňi seljerişe ugrukma.

Mugallymyň şahsyýetiniň beýleki sypatlary, gylygynyň we temperamentiniň aýratynlyklary, höwesleri we medeni derejesi-de onuň öz zähmetine bolan gatnaşygyna täsir edýär. Şol bir wagtda olar mugallymyň işiniň we aragatnaşygynyň indiwidual keşbini döredýär. Bu bolsa islendik döredijilik işinde, ýazyjy, aktýor, suratkeş, žurnalist ýa-da mugallymçylyk hünärinde örän möhümdir. Bu hünärleriň umumylygy olaryň indiwidual ýüze çykyşyndadyr (indiwiduallyk-gaýtalanmazlyk pedagogik sungatynyň hut tebigatyna ýugrulandyr). Pedagogik ussatlygyň işiň üstünligini üpjün edýän möhüm düzüjisi mugallymyň psihologik-pedagogik medeniýeti, onuň okuw-terbiýeçilik ýumuşlaryny amalyýetde amala aşyrmaklyga taýýarlyk derejesi we onuň işinde guramaçynyň we terbiýeçiniň häsiýetleriniň aýrylmaz utgaşmagydyr.

“Taýýarlyk” düşünjesi pedagogyň psihologik-pedagogik medeniýetiniň esasy sypatlaryny aňladyp, olary aşakdaky görnüşlerde jemlemek mümkin.

Psihologik-pedagogik sowatlylygy häsiýetlendirýän sypatlar we aýratynlyklar. Bu pedagogyň öz dersini we ony okatmagyň usulyny çuňňur bilmekligine möhüm hünär talabydyr. Dersi diňe erkin özleşdirmeklik okaýanlarda bilimlere, mugallyma we onuň talaplaryna höwes döredýär. Kähalatlarda “Mugallym ähli zady bilip bilmez. Bilmezlik aýyp däldir!” diýýärler. “Ähli zady” düşünjesi anyklanmasa bu pikiriň makullygy uly şübhe döredýär. Fizikden türkmen nusgawy edebiýatyny doly göwrümde bilip, sapagyny keminden üç dilde okadyp bilmegini talap edip bolmaz. Edil şonuň ýaly-da edebiýat mugallymyna Eýnşteýniň otnositellik(çendanlyk) taglymatyny bilmek hökman däldir. Ýöne mugallym haçanda öz dersini bilip, onuň üstesine-de käbir başga bilimlerden hem baş çykarýan bolsa, onuň medeniýetine baha-da onuň hut şol hökmany talapdan ýokary düşünjeleri özleşdirişiniň çuňlygyna laýyklykda berilýär. Aslynda şol “talapdan ýokarylyk” okuwçylara öz mugallymynyň sowatlylygyna, bilimleriniň köptaraplaýynlygyna baha kesmäge esas döredýär.

Mugallymçylyk ussatlygynyň derejesini häsiýetlendirýän sypatlar we aýratynlyklar. Okuwçylar mugallymyň diňe bir bilimlerini däl-de, onuň bilim-

düşünjeleri gyzykly we düşnükli özlerine ýetirişini hormatlaýar. Mugallymyň bilimleri talyplara bermeklige höwesi we başarnygy, dersine gatnaşygy, oňa söýgüsi töweregindäkileriň hemişe üns merkezinde bolýar.

Pedagogik ukyplaryň ösüş derejesini häsiýetlendirýän sypatlar we aýratynlyklar.

Islendik işiň netijeliligi köp derejede adamyň indiwidual psihologik aýratynlygy bolan ukyplara baglydyr. Olar adamda işiň belli bir görnüşine laýyklyk döredip, degişli bilim-başarnyklarynyň özleşdirilişini ýeňilleşdirýär we özi şu işiň tutumynda ösýär. Mugallym hökmünde üstünlikli işlemek üçin pedagogik ukyplar zerur bolup, olara pedagogik pikirlenme, guramaçylyk ukyplary, şeýle hem nerw-psihologik ulgamyň çydamlylygy degişlidir. Soňky sypat pedagogik hünäriniň adama salýan iňňän ýokary dartgynlygy mynasybetli ýörite nygtalmaga degişlidir. Pedagog üçin özüňi elde saklamak, ýerliksiz hereketleri togtatmak ukyby, çaltlygyň çözgüt tapyjylyk bilen utgaşmagy, emosional-duýgy deňagramlylygy, öz duýgularyňa erk etmek başarnygy aýratyn möhümdir.

Ahlak-duýgy terbiýeliligi häsiýetlendirýän sypatlar we aýratynlyklar. Bu häsiýetler mugallymyň beýleki adamlara ýolbaşçylyk etmek, olary okatmak we terbiýelemek ýaly ahlak hukuklaryny döredýär. Okaýanlara hoşniýetli gatnaşykda bolup, olaryň şäht-duýgy ýagdaýyny syzmak, her bir talybyň psihologiýasyny bilmek, mugallymyň aýrylmaz sypatlarynyň biri bolan **pedagogiki salyhatlylygy** (pedagogiki takty) kemala getirýär. Pedagogiki salyhatlylyk mugallymyň tapylgysyz hünär sypaty bolup, ol oňa pedagogik täsir serişdelerini ulananda duýgulary ýüze çykarmagyň çägini salgy berýär. Bu sypat özüňe erk etmek, takatlylyk, sowukganlylyk ýaly häsiýetler bilen baglanyşyklydyr.

Bu hatarda pedagogik aragatnaşygy aýratyn orun tutýar. Haçanda pedagog talyplardan ilkinji mugallymçylyk tejribeliginde iň kyn zadyň näme bolandygy soralanda olaryň 80% “Çagalar bilen umumy dil tapmak” diýip jogap berdiler. Aragatnaşyk guramaklygyň iňňän çylşyrymly meseledigini GDA ýürtlarynyň uly şäherlerinde “Jemgyýetçilik pikiri” maksatnamasy boýunça geçirilen derňewleriň netijesi hem tassyklaýar. (Соловейчик С. Педагогика для всех. М.,1989. с.306). “Talyp – mugallym” özara gatnaşygynyň, medeniýetini 15% mugallymlar we 15% talyplar pes derejede häsiýetlendirýärler. (Seret: Социально-политический журнал //1997, N 1,с.102). Aragatnaşykda umumy dil tapmaklyk tabyn edijilik we sessiz-üýnsüslik bilen ters baglanyşykda bolýar. Şeýle umumylyk umumy höwesiň, ynamyň, umydyň we söýginiň ýüze çykyşydyr. “Terbiýelemek” işligi keminden üç pedagogik hereketi özünde birleşdirýär: okatmak, dolandyrmak, aragatnaşyk guramak. Ýöne bu düzüjileriň dýüpli özboluşlylygy bardyr. Okatmak üçin mugallym okaýanlardan bilimi we tejribesi boýunça üstem bolmalydyr. Dolandyrmak üçin bolsa ol wezipesi, pähimi, güýji ýa-da abraýy taýdan ýokary bolmalydyr. Aragatnaşykda bolsa, tersine, taraplaryň doly deňligi talap edilip, duýgyda adamlar özlerini hiç wagt kembaha saýmaly däldir. Garşydaşyňy syzyp bilmek üşügi – bu aragatnaşyk

ukybydyr. Pedagogik zehin – bu talypda edil özüňki ýaly mynasyp şahsyýeti syzyp, onuň bilen deň hukukly derejede aragatnaşyk guramakdyr.

Eger mugallym okuw jaýynda işi dolandyryp bilmeýän bolsa ol pedagoglygyny bes edýär. Eger onuň başarýany diňe dolandyrmak bolsa, onda okuwçylaryň dat gününe. Dolandyryş diňe syzylmasy örän kyn, ýürekdeş aragatnaşyga daýananda netijelidir. Aragatnaşyk ýok ýerinde talyplaryň dolandyrylmasy-da ýokdur: olar pedagogy "eşitmeýär", ony hormatlamaýar. Şeýle ýagdaýda mugallyma diňe özüne kyn okuwçylaryň sataşandygyna käýinip, ykbalyndan nalamakdan başga zat galmaýar.

Pedagogik aragatnaşygy birnäçe derejeleri geçýär: baglanyşyk – sataşma(ýüzbe-ýüzlük), soňra ruhy aragatnaşyk. Baglanyşyk–sataşma – bu adamsöýüjiligiň ýüze çykyşy hökmünde gysga, ýa-da dowamly bolup bilýär. Ýürekdeşlik aragatnaşygy haçanda pikiriň ýa-da höwesiň umumylygy bolanda döreýär.

Ruhy aragatnaşyk – aragatnaşygyň iň ýokary derejesi hökmünde taraplaryň umumy maksat-niýetleri esasynda döräp, adamyň öz ýanynda ruhy howalalaryny paýlaşýan adamyň bardygyna bagtlylyk duýgusyny syzýan ýagdaýydyr. Aragatnaşygyň serişdesi hökmünde ilkinji nobatda ses we bakyş(nazar salmak) öňe saýlanýar. Gyýak, şübheli, ätiýaçly, çytyk, "turşy", biagyry, ät galan, närazy, gülümsireýän, biperwaý garaýyşlar – bularyň bary mugallymçylyga çapraz bakyşlardyr. Islendik hoşgylaw däl äheň, gazap we ynjyklyk mugallymyň hut özi tarapyndan talyplaryň öňünde hata hökmünde bahalandyrylmalydyr. Tersine, hoşgylaw, mylaýym, şadyýan, wäşi, düşünýän, goldaýjy, guwanyjy bakyşlar mugallymyň işiniň tapylgysyz serişdeleridir.

Mugallymyň jemgyýetçilik wezipeleri, hemişe adamlaryň (esasan okuwçylaryň) gözüniň öňünde bolýanlygy onuň daşky keşbine, geýim-gejiminiň biçüwüne belli bir talaplar bildirilýär. Adatça mugallymlar eşigiň özüni salyhatly, tämiz görkezýän, adamyň gylygynyň çuňlugyny sypatlandyrýan işewür görnüşini saýlaýar.

Agzalanlar psihologik-pedagogik medeniýetiň, pedagogyň okuw-terbiýeçilik işiniň wezipeleriniň çözgüdine esas bolup hyzmat edýän düzüjileridir. Şunuň bilen bir hatarda mugallymyň psihologik-pedagogik keşbiniň ýene-de bir aýrylmaz tarapy – pedagogik ussatlygyň esasyny düzüjiler bolan onuň başarnyklary we endikleri hem häsiýetlendirilmelidir. Mugallyma dürli başarnyklar zerurdyr: talyplarda bilesigelijiligi ösdürmek; olary töweregiňde jebisleşdirmek; olara düşünmek, yzyňa eýertmek; olaryň ýokary ynamyny gazanmak; diňe bir özleşdirilýän bilim – düşünjelere gözegçilik bilen çäklenmän, sözüň işe ornaşmagyny gazanmak; dogumlylygyň, durnuklylygyň, erjelligiň nusgasy bolmak; ynandyrmak ukyby. Bu sanawy kynçylyksyz dowam etdirip bolar. Ýöne her bir ýagdaýyň gaýtalanmaz özboluşlylygy bolup, mugallym olaryň her birine laýyk başarnyklar döretmelidir. Şol bir wagtyň özünde mugallymyň ylmy düşünjeleri ýaýradyjy, guramaçy we terbiýeçi hökmündäki başarnyklarynyň umumy toplumyny ýüze çykarmak mümkin. Olara sözleýiş ussatlygy (oratorlygy), didaktiki-öwrediji ussatlygy, aragatnaşyk

guraýjylygy, kabul ediş başarnyklary, şeýle hem pedagogiki tilsimatyny özleşdirmeklik degişlidir. Bu başarnyklaryň toplumy terbiýeçilik işiniň mazmuny hem-de mugallymyň özünde durýan wezipeleriň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär.

Pedagogiki tilsimat – pedagogik ussatlygyň möhüm bölegidir. Ol mugallymyň şahsy täsir ediş serişdeleri özleşdirip (sesi, yşarat hereketlerini, kaddyňy tutmaklygy), özüňi alyp barşyny pedagogik maksadalaýyklykda guramakda ýüze çykýar. Pedagogiki tilsimat bu ýokary derejä ýetirilen ussatlykdyr. Pedagogyň ussatlygy – bu onuň psihologik-pedagogik täsir ediş serişdeleriniň häzirki zaman goruny ýokary derejede döredijilikli özleşdirmegidir; olary öz işiniň ähli tutumynda netijeli ulanmagydyr; bu terbiýeçi hökmünde öz hereket – gylymlaryňy üznüksiz tankydy seljermek we terbiýeçilik başarnyklaryny, endiklerini yzygider kämilleşdirmekdir. Elbetde, bu ussatlyk adamda ynsanperwer başlangyçlary terbiýelemeklige, şahsyýeti kemala getirmeklige, öz döredijilik ukyplaryňy netijeli ulanmaklyga, durmuşyň ähli ulgamynda öz wezipäňi üstünlikli ýerine ýetirmeklige hyzmat etmelidir.

9.5. MAŞGALA TERBIÝESI WE MAŞGALA PEDAGOGIKASY

1. Maşgala terbiýesiniň häsiýetli alamatlary we meseleleri

Häzirki döwürde maşgalanyň meseleleri köp ylymlar tarapyndan öwrenilýär: ykdysadyýet, hukuk, etika, demografiýa, etnografiýa, psihologiýa, pedagogika we beýlekiler. Bularyň her biri öz dersine laýyklykda maşgalanyň hereketlenişiniň degişli taraplaryny ýüze çykarýarlar. Pedagogika maşgalanyň häzirki zaman jemgyýetdäki terbiýe wezipelerini, onuň maksadyny we serişdelerini, ata-eneleriň hukuk we borçlaryny, olary terbiýe tutumynda mekdep we beýleki çagalar edaralary bilen aragatnaşygy nukdaýdan yzarlaýar, maşgala terbiýesiniň mümkinçiliklerini we ýetmezçiliklerini ýüze çykarýar, olary aradan aýyrmagyň ýollaryny işläp düzýär.

Maşgala bu şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täsirini üpjün edýän, olary birleşdirýän we olaryň höwes, isleglerinin ileri tutulmalaryny seljerýän esasy gurluşlaryň biridir. Ol adama durmuşy maksatlar we gymmatlyklar, bilmeli wajyp zatlar we özüňi alyp barşyň nusgalary dogrusynda düşünje berýär. Yaşajyk raýat maşgalada bu düşünjeleri özüniň beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda ulanmagyň ilkinji amaly endiklerini alýar, öz “menini” beýlekileriň “meni” bilen baglanyşdyrýar, gündelik aragatnaşyk ýagdaýlarynda özüňi alyp barşy dolandyrýan kadalary özleşdirýär. Ata-eneleriň ündewleri we düşündirmeleri, olaryň göreldesi, öýüň umumy durmuş tutumy, maşgala düzgüni, çagalarda özüňi alyp barşyň endiklerini, gowulygy we erbetligi, mynasyplygy we kelpezligi, adalatlylygy we adalatsyzlygy bahalandyrmagyň şertlerini döredýär.

Ýöne çagalary terbiýelemek diňe bir ata-eneleriň şahsy işi bolman, ol jemgyýetiň-de üns–aladasynda durýan meseledir. Maşgala terbiýesi jemgyýetçilik terbiýesiniň iň bir ähmiýetli we özboluşly tarapydyr. Onuň özboluşlylygy ilkinji nobatda ösýän şahsyýete “ilkinji durmuş sapaklaryny” berýänligindedir. Bu sapaklarda çaga gelejekdäki durmuş hereketlerine we onda özüňi alyp barmagyň tärlerine gollanma alýar. Ikinjiden, maşgala terbiýesi özüniň yzygiderliligi we kemala gelýän şahsyýetiň ähli taraplaryny öz içine alýanlygy sebäpli örän netijelidir. Ol çagalaryň we ata-eneleriň öz aralaryndaky durnukly we emosional–duýgy gatnaşyklary esasynda gurulýar. Bu gatnaşyklar diňe bir çaga we ata-enä tebigy mahsus söýgi we ynanç duýgylary mazmunda däl-de, çagalaryň özlerini gypynçsyz, goragly duýmagy, öz pikir-aladalaryňy paýlaşmak, ululardan kömek almak mümkinçiligi häsiýetde bolýar. Maşgala çagalaryň irki döwürde ösüşiniň, işiniň we durmuşynyň esasy gurşawy bolup, bu häsiýetini ýetginjeklik döwürde hem saklaýar. Maşgala aragatnaşygy tutumynda ululylaryň durmuş tejribesi, medeniýetiniň derejesi, özüňi alyp barşyň nusgalary ösýän nesle geçirilýär.

Häzirki döwürde garyndaşlyk baglanyşygynyň gurluşyna baglylykda maşgalanyň dürli görnüşleri ýüze çykarylýar. Olaryň arasynda giňden ýaýrany ata-eneleriň nika baglanyşmadyk çagalary bilen birligini döredýän maşgaladyr.

Eger çagalaryň käbiri nikada durýan bolsa, onda giňeldilen ýa-da çylşyrymly maşgala ýüze çykýar. Ol özünde üç ýa-da ondan köp bolan, bile ýaşaýan we umumy hojalyk bilen baglanyşykly nesilleri jemleýär. Maşgalanyň görnüşini ýüze çykarmak üçin möhüm esaslaryň biri-de onuň özenini düzýän ýan ýoldaşlaryň ikisiniň-de bolmagydyr. Muňa laýyklykda düzümine är-aýal goşulýan doly maşgala we olaryň biriniň ýoklugynda döreýän doly däl maşgala tapawutlandyrylýar.

Agzalan maşgalalaryň haýsy biriniň terbiýe meselelerini çözmäge has oňaýlydygyny aýtmak kyn. Olaryň her birinde artykmaçlyklar we kemçilik bardyr. Meselem, ýönekeý maşgalada ýaş ösdürim uly özbaşdaklyga we jogapkärçilige öwrenişýär, onda "atalar" bilen çagalaryň arasynda dartgynlyk, näsazlyk az bolýar. Ýöne şeýle maşgalada ululary we çagalary birleşdirýän maşgala däpleri çalt ýitýär, uly nesillerde öz agtyklary bilen aragatnaşykda bolmak mümkinçiligi aradan aýrylýar, olara terbiýeçilik aladasy peselýär. Çylşyrymly maşgalanyň-da oňyn we oňyn däl taraplary bardyr. Bir tarapdan özünde birnäçe nesli jemleýän uly agzybir maşgala özüniň agzalaryna giňişleýin aragatnaşykda we täsirde bolmak mümkinçiligini açýar, güzeran ýeňilleşýär: ulular çagalary terbiýelemekde kömek berýär, olara gözegçilik edýär. Başga bir tarapdan terbiýe meselesinde dürli nesliň wekilleriniň pikirlerinde gabatlaşmazlyk döräp, maşgalada çaknyşyklaryň döremegine getirýär. Netije-de çagalar pajygaly ýagdaýa düşýär.

Maşgalanyň özboluşly görnüşi doly däl maşgala bolup, onuň sebäpleri köp dürlüdir. Esasy sebäpleriň hatarynda är-aýalyň aýrylyşmagy bolup, bu hadysa çagalara uly urgy bolýar. Ýöne doly däl maşgalalary öňünden erbet diýip hasaplamak bolmaz. Ondaky çagalara gelejegi garaňky çagalar diýmek hem nädogrydyr. Kähalatlarda maşgala terbiýe jähetde hut är-aýalyň aýrylyşmagy netijesinde özüniň betbagtlygyndan halas bolýar. Maşgaladan çagalara üznüksiz ters görelde bolýan arakhor, neşekeş, psihikasy bozulan ata garasyny saýlap, onuň agzalary asuda durmuş alýar.

Elbetde, doly däl maşgalada maddy üpjünçiligiň peselmegi, çagalar bilen galan enäniň (ýa-da atanyň) aladasynyň, psihologik dartgynlygynyň artmagy netijesinde terbiýe şertleri çylşyrymlaşýar. Ýöne şol bir wagtyň özünde maşgalanyň içinde umyt dörediji ýagdaýlar hem ýüze çykýar: çagalar başyna eklenjiň ähli labyry inen enäni (atany) duýgydaşlyk bilen gurşap, oňa kömek bermäge, özleriniň höwes-talaplaryny çäklendirip, oňa has golaý durýarlar. Bu ýagdaý maşgalada amatly ahlak gurşawy döredip, kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde maşgalanyň dürli görnüşlerine ýagdaýabap çemeleşmek, ondaky çagalaryň durmuş kynçylyklaryny üns merkezinde tutmak meselesi öz wajyplygynda galýar. Bu babatda hut şeýle kynçylyklary üstünlikli ýeňip geçen maşgalalaryň tejribesi möhüm ugrukma bolup biler.

Maşgala we maşgala terbiýesinde başga-da köp sanly çylşyrymly meseleler bardyr. Ata-eneleriň arakhorlygy, neşekeşligi bilen baglanyşykly ýagdaýlar has pajygalydyr. Gynansakda çagasy dünýä inen badyna ondan ýüz öwürýän eneler,

ata-ene hukugyndan mahrum edilen çagaly tüwmeaýaklar entek aramyzda bar. Käbir maşgalalarda ýeňil, halal däl gazanç bilen baýlyk toplamak, öndürijilikli zähmetden gaça durmak, maddy gymmatlyklary çagalara päk terbiýe bermekden ileri tutmak ýaly nogsanlyklar ýiti meselä öwrülýär. Dörän ýagdaýy düzetmek meseläniň hukuk-kanun esaslaryny kämilleşdirmek bilen bir hatarda ata-eneleriň jogapkärçiligini we pedagogik medeniýetini ösdürmek bilen utgaşdyrmak ýolunda gazanylyp bilner.

2. Maşgala pedagogikasy, maşgala terbiýesiniň şertleri we görnüsleri dogrusynda

Ata-eneleriň pedagogik medeniýetini ýokarlandyrmagyň möhüm serişdesi maşgala pedagogikasy bolup, ol pedagogika ylmynyň möhüm pudagydyr.Ol ata-enelere özleriniň terbiýe işleriniň netijelerini aňly göz öňune getirmäge, maşgala terbiýesiniň maksatnamasyny, onuň usullaryny we guralyş tärlerini işläp düzmäge, çylşyrymly ýagdaýlarda dogry pedagogik karara gelmäge ýardam edýär.

Adatça çaganyň kadaly şahsyýet bolup ýetişmekligi üçin aşakdaky şertleriň zerurlygy nygtalýar.

Birek-birege söýgi we hormat. Şeýle gurşawda bolmadyk adam öz ýakynlaryny, watandaşlaryny, Watany söýüp, adamlara ýagşylyk edip bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde köre-körlük bilen berilýän ene söýgisi, çagany çybykdan erbet saýgylaýar we adamy ahlaksyz doýar-dolmazlyga ýa-da diňe özüni bilýän wezipeparazçylyga itekleýär.

Çaga pikirlenmäni, dogruçyllygy, söz bilen işiniň birligini öwredýän ýokary ahlakly terbiýeçiniň bolmagy. Şeýle terbiýeçi çaganyň enesi bolsa has gowy, ýöne ol adaty terbiýeçi hem bolup biler. Onuň garamagynda 6-7 çaga bolýar. Bu möçber terbiýeçiniň çagalaryň her biri bilen duýgy–emosional gatnaşykda bolmagy üçin zerur we ýeterlikdir.

Çaganyň gatnaşmagynda guralýan üznüksiz jemgyýet ähmiýetli, şatlykly zähmet. Ulularyň işini synlap, çaga oňa öz oýun işinde öýkünip başlaýar. Soň-soňlar bolsa onuň özi ilki ululara kömekçi, has gijräk döwürde - ýerine ýetiriji bolup işe goşulýar.

Çaganyň durmuşyndan artykmaç gyjyndyryjylary, täsirleri aýyrmak: çendan bol–telkiligi, ýeter–ýetmezçiligi, çilimi, aragy, azarly oýunlary we ş.m. “Artyk gyjyndyryjylardan” lezzet almaklyga endik eden çagada maksada gönükdirilen işe ukyp döremeýär, onuň üçin serişde ähmiýetli gymmatlyklar maksady ähmiýetli gymmatlyklara öwrülýär.

Çaganyň ähli ukyplarynyň sazlaşykly ösüşi. Erteki, aýdym-saz diňlemek, fiziki maşklary, ylgawly oýunlary oýnamak, bakjada işlemek, sepleşdiriji oýunjaklar arkaly oýnalýan oýunlar, goşgy okamak, küşt oýnamak, surat çekmek, ýasamak ýaly işler bilen utgaşdyrylmagydyr. Şeýle dürli-dürlülik çaganyň tebigy zehininiň işiň haýsy görnüşinde ýüze çykjakdygynyň

ňamälimligi bilen düşündirilýär. Özüniň geljekki ukyplaryny anyklamak üçin çaga ýumuşlaryň mümkingadar köpräk görnüşleri bilen meşgul bolmalydyr. Ata-eneler kähalatlarda aňrybaş aladaçyllyk edip, çaganyň geljekki işini özleriçe kesgitläp, onuň zehin-ukyplarynyň doly açylmagyna böwet bolýarlar.

Kem-kemleýin we yzygiderlilik düzgünini berjaý etmek. Terbiýeçi çaganyň esasan öz mümkinçiligine laýyk işlere meşgul bolmagyna gözegçilik etmelidir. Şeýle edilmese onuň iş-ýumuşlara höwesi gaçyp, ýaltaçylyga ýüz urýar. Çaganyň beden we psihologik ösüşiniň depginine laýyklykda ýumuşlar, sapaklar kem-kemden çylşyrymlaşdyrylmalydyr.

Çagany ahlaksyz adamlardan üzňelemek. Çaganyň bilim, tejribe özleşdirişiniň möhüm usuly öýkünmekdir. Bu endige eýerip, çaga öz daş-töweregindäkileriň ähli hereketlerini we edim-gylymyny gaýtadan dikeltmeklige ymtylýar. Gaýtaladyň – diýmek, öwrendiň. Takmynan 7 ýaşdan başlap çaga özüniň hususy "ahlak esaslaryny" döredip, oňa laýyklykda daşyndakylaryň özüni alyp barşyny, hereketlerini bahalandyrýar. Şonuň üçin çagany söýýän we oňa ýagşylyk etmek isleýänler özüniň her bir ädimini ölçäp, oňa ahlaksyzlyga golaýlaşýan özüňi alyp baryş nusgasyny görkezmezlige çalyşmalydyrlar.

Mekdebe barmak ösýän şahsyýetiň durmuşynda örän çylşyrymly we jogapkärli öwrülişikdir. Durmuşyň depgini, daşky gurşaw, dünýäni özleşdirmegiň usuly özgerýär. Başlangyç mekdep ýaş döwri çaganyň ahlak keşbiniň kemala gelşiniň aýgytlaýjy pursatydyr. Hut şu döwürde şahsyýetiň döredijilikli bolup ýa-da bolmazlygy aýgyt edilýär.

Maşgalanyň we mekdebiň özara baglanyşygy, ata-eneleriň we mugallymlaryň özara gatnaşygy jemgyýet üçin iň bir wajyp meseleleriň biri bolup, ol pedagogika ylmynyň üns merkezinde durmalydyr. Belli bir döwürde maşgala jemgyýetiň terbileýji, mekdep bolsa okadyjy öýjügidir diýen pikir pedagogikada has ýörgünlidi. Bularyň birinjisi şahsyýetiň ruhy dünýäsiniň esasyny döredýän, ikinjisi bolsa onuň bilim, başarnyk endiklerini kemala getirýän gurluş hasaplanýardy. Haçanda ýetginjek hukuk bozujy işler edende "kim esasy günäkär – maşgalamy ýa-da mekdep?" häsiýetdäki çekişme döreýärdi. Mekdebiň çagalary terbiýelemekde aýgytly orny hakynda gürrüň edilende göýä maşgala terbiýesiniň ähmiýeti peseldilýän ýaly kabul edilýärdi. Tersine, maşgalanyň bu meseledäki jogapkärçiligi aýdylanda mekdebiň okuwçy ýaşlaryň ruhy dünýäsini, olaryň özüni alyp barşyny kemala getirmekdäki ähmiýetiniň birjikde peselmeýändigi ýörite nygtalmaly bolýardy. Hakykatda şeýle bölünişik esassyzdyr. Şahsyýetiň kemala getirilişinde maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetçiligiň terbiýe–öwrediş täsiri aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olaryň diňe bir-biriniň üstüni ýetirijilikli terbiýe we okadylyş prosesi kemala getirilýän ösdürimiň sazlaşykly şahsyýetini, salyhatly edim-gylymyny, üstünlikli okuw-amaly işini guramagyň hakyky girewidir.

3. Terbiýe prosesinde maşgalanyň we mekdebiň özara gatnaşygy. Terbiýeçiniň at-abraýy.

Ýokarda bellenilişi ýaly maşgalanyň we mekdebiň gatnaşygy dogrusyndaky sowalyň umumy ugrukma häsiýetdäki çözgüdi olaryň terbiýe işiniň özara baglanyşygy, bir-birinden ugur alyjylygy, bir-biriniň üstini ýetirijiligi we bir-birini berkidijiligi mazmundan ugur almalydyr. Terbiýäniň manysy çaga öňden ykrar edilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny sindirmek we ony jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwürmekdir. Maşgala we mekdep jemgyýetçilik terbiýesiniň çagalyk we ýetginjeňlik döwründäki iki sany esasy we deň hukukly alyp baryjysydyr. Meseläniň çözgüdi bularyň wezipesini aýrybaşgalaşdyryp, maşgalanyň jogapkärçiligini peseltmekde däl-de, oňa pedagogik kollektiwiň täsirini birikdirip, terbiýe tutumyny çuňlaşdyrmak arkaly bilim berşiň we terbiýäniň hilini ýokarlandyrmagyň töwreginde jemlenýär. Diňe şeýle şertlerde okuwçylaryň zähmet okuwyny we hünäre ugrukdyrylyşyny üpjün edip, ýaşlarda ýokary ahlak sypatlaryny döretmek bolar. Ata-eneler jemgyýeti özüni pedagogik kollektiwiň "mätäç hossary" däl-de, terbiýäniň maksadyny we serişdelerini amala aşyrmakda, pedagogik täsiri şol bir mekdebiň, ösdürimiň maşgala-durmuş gurşawynyň aýratynlygyna laýyk guramakda bu kollektiwiň arkadaşy hasaplamalydyr. Ata-eneler özlerini aşakdaky orunlarda görkezmelidirler:

mekdebiň kadaly işini serişdeler bilen üpjün etmekde (özüniň şahsy mümkinçiliklerini ulanyp);

okuw prosesinde (meselem, etika, estetika, hukugyň esaslary sapaklaryny alyp barmakda);

terbiýeçilik işinde (mekdep bilen ylalaşyklykda okuwçylaryň durmuş meýilnamalarynyň, isleg–höweslerinin, boş wagtynda toplan maglumatlarynyň bahalandyrylmagynyň şertleriniň kemala getirilmegine täsir etmek);

okuwçylaryň synpda galdyrylmagynyň öňüni almak, okuwa höwesini ýitirenleriň oňa höwes–gyzyklanmasyny döretmek;

okuwy gutaranlary täze durmuş keşbine öwrenişmekde goldamak, olarda zähmetsiz gazanç etmek meýliniň döremeginiň öňüni almak.

Özara gatnaşyklarynda mugallymlar ata-enelere diňe maşgala terbiýesinde goýberýän säwliklerini görkezmän, eýsem ata-eneler hem mugallymlara mekdebiň işindäki hut şeýle kemçilikleri ýaňzytmalydyrlar. Ýöne özara tankyt düýpli esaslandyrylan we meseläniň anyk çözgüdine gönükdirilen bolmalydyr. Bu işde umumy sözlerden, birek-biregi esassyz ynjalyksyzlandyrmalardan gaça durup, takyk teklipler bolmalydyr.

Sözleýiş we çekişme guramak medeniýeti diňe bir mugallymyň we ata-eneleriň özara gatnaşmagynda däl-de, eýsem okuwçylaryň özara gatnaşygynda hem deň-derejede möhümdir. Elbetde, pedagogyň okuwçylar bilen aragatnaşygynda, olara täsir edişinde kynçylyklaryň döremegi tebigydyr. Ýöne ýagdaýdan çykalgany arza–şikaýat etmek, okuwçynyň gündeligine hemleli talaplar ýazmakdan gözlemeli däl-de, döreýän meseleleri bilelikde

maslahatlaşyp, terbiýäniň netijeli guralyşyny gazanmaga çalyşmalydyr. Ata-eneler jemgyýeti muny mugallymlardan aýgytly talap edip bilýär. Diňe şeýle ýagdaýda mekdebiň we maşgalanyň esasy maksady bolup durýan jemgyýete peýdaly şahsyýeti we raýaty terbiýelemeklik doly amala aşyrylyp bilner. Ata-eneleriň, olaryň jemgyýetiniň mekdebiň işine gatnaşmagy haýyr-sahawat işi däldir. Mekdebe kömek etmek bilen maşgala çaga terbiýelemekde hut özüne kömek edýär.

Häzirki zaman maşgalasy üçin onuň agzalarynyň özara aragatnaşyk usuly wajyp meseleleriň biridir. Maşgala pedagogikasy maşgala terbiýesiniň görnüşleriniň esasylary hökmünde onuň iki sany gapma-garşylykly görnüşini ýüze çykarýar: awtoritar we demokratiki.

Awtoritar usul ata-eneleriň (esasan atanyň) hökmürowanlygy bilen tapawutlanýar. Bu babatda ata-eneler hut şeýle terbiýe bilen çagada ses-üýnsiz tabyn bolmaklygy döretmek bolar diýen ynançdan ugur alýar. Ýöne şeýle maşgalalarda ýürekdeş bütewilik, agzybir jemgyýetçilik bolmaýar. Ulular çaganyň ýaş indiwidual aýratynlyklaryna göz ýumup, olaryň isleg-höwesleri bilen gyzyklanmaýarlar. Çagalar gulak asýan, tertipli bolup ulalsalar-da, bu häsiýetler olarda ululara oňyn emosional–duýgy, aňly gatnaşyk mazmunynda bolmaýar. Bu köre-kör tabynlyk köp derejede çaganyň özüne temmi berilmeginden gaça durmaklygyna esaslanýar (käbir maşgalalarda temminiň urgy usullary-da heniz dowam edýär). Şeýle “usulyň” esasynda çagalarda özbaşdaklyk, ugurtapyjylyk, döredijilik ýaly häsiýetler örän pes ösýär. Barlaglaryň görkezişine görä awtoritar usully maşgalalarda ýetginjeklik ýaşyndaky çagalar ata-eneler bilen dartgynly aragatnaşykda bolup, maşgaladan daşlaşýarlar.

Maşgala terbiýesiniň demokratik usulynda ata-eneler bütin maşgala köllektiwiniň durmuşyny guraýjy bolýarlar. Är we aýalyň hem-de maşgalanyň beýleki agzalarynyň (eger maşgala çylşyrymly, özünde birnäçe nesli jemleýän bolsa) gatnaşyklary özara söýgi we hormat, ulularyň we çagalaryň bir-birine aladasy bilen gurşalýar. Maşgalanyň demokratik görnüşinde çagalar irgözünden maşgala durmuşynyň işine we guramaçylykly dynç alşyna işeňňir gatnaşyp başlaýarlar. Ol ýa-da beýleki ýumuşlary tabşyryp, ulular çaganyň duýgusyna we aňyna ýüzlenýärler, onuň özünden bilijiligini höweslendirip, şahsyýetine hormat goýýarlar. Şol bir wagtyň özünde çagalar “mümkin”, “bolar”, “zerur’, “bolanok” ýaly sözleriň manysyny örän gowy aňşyrýarlar. Maşgala terbiýesiniň demokratik usuly çagalarda işjeň gulak asyjylygy we aňly tertip–düzgüni, maşgalanyň işine, durmuş wakalaryna aňly ahlak dahyllylygy kemala getirmekde örän netijelidir. Oýun ýagdaýlarynda çagalarda ugurtapyjylyk, tabşyrylýan işe döredijilikli çemeleşmek döreýär. Temmi bermeklik şeýle maşgalalarda adatça ulanylmaýar, çagalara igenç ýa-da ata-eneleriň lapykeçligi ýeterlik bolýar. Maşgala terbiýesiniň demokratiki usuly şu günki günüň durmuş talaplaryna örän laýykdyr.

Kähalatlarda maşgalada daşky görnüşi boýunça terbiýäniň demokratik usuly hereket edýän-de bolsa, ol garaşylýan netijäni bermeýär. Munuň sebäbi

ata-eneleriň möhüm pedagogik düzgünleri bozýanlygy bilen baglanyşyklydyr (meselem, olaryň talapedijiligiň möçberini anyk kesgitläp, çagalaryň iş günini elýeter zähmet ýumuşlary bilen gurap bilmezligi we ş.m.). Başga bir ýagdaýda çagalar çenden aşa özleriniň mamaladygyny düşündirmeklige, subut etmeklige ýykgyn edip, olara ulylaryň sözüne gaýtawul bermeklige ýol berýärler. Ata-eneler öz talapedijiliginde yzygiderlilik saklaman, çagalara nusga alarlyk bütewi çemeleşiş döredip bilmeýärler. Maşgala terbiýesiniň agzalan esasy usullary oba we şäher maşgalalaryna deň derejede häsiýetlidir.

Maşgalada ulylaryň at-abraýynyň aýratyn terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Belli pedagog A.S.Makarenkonyň belleýşi ýaly at-abraýyň esasy manysy onuň ulularyň şübhesiz mertebesinde, onuň ýönekeý çaga görejine ilýän güýji we gymmatyndadyr. Çagalary gulak asmaýan käbir ata-eneler at-abraý özlerine tebigy zehin görnüşde berilmese, takdyra ten bermekden özge çykalga ýok hasaplaýarlar. Olar çuňňur ýalňyşýarlar. At–abraý islendik maşgalada döredilip bilner. Ýöne onuň binasynyň esasynda talap we hoşgylawlyk, açyklyk we ähli aladalara dahyllylyk, ynanç we jogapkärçilik, çagalara we olaryň durmuşyna ünslülik ýaly gymmatlyklar bolmalydyr.

Gynansakda şeýle at-abraýy urgy esasda guraýan ata-eneler seýrek däl. Şeýle ýalan at–abraýyň aşakdaky görnüşlerine durmuşda duş gelinýär.

<u>Basmarlamak at-abraýy.</u> Ata-eneler her bir dörän ýagdaýa gazaplanyp, ellerine kemer alýar, çaganyň islendik sowalyna gödek jogap berip, onuň etmişine hemişe temmi bermäge çalyşýar. Şeýle düzgün çagalara ata-enelerden mümkingadar uzakda bolmaklygy öwredýär, olarda çaga ýalançylygyny we gorkaklygy, şol bir wagtyň özünde hem çagada rehimsizligi terbiýeleýär. At–abraýyň şeýle wagşy görnüşi diňe medeniýetsiz ata-enelerde bolýar.

<u>Aralyk saklamak, alysda durmak at-abraýy.</u> Käbir ata-eneleriň ynanjyna görä çagalary özüňden daşrakda saklap, mümkingadar azrak sözleşip, diňe wagtal-wagtal olaryň öňünde ýolbaşçy hökmünde peýda bolmaly. Ata-eneleriň öz durmuşy, öz höwesleri, pikiri bolup, çagalar ol barada hiç zat bilmeli däl hasaplanýar. Şeýle at – abraýyň terbiýe üçin hiç hili peýdasy ýokdur.

<u>Gopbamlyk at–abraýy.</u> Käbir ata-eneler özlerini aňrybaş at-owazly, iň bir möhüm adam hasaplap, bu üstemligini her bir ädimde çem gelene, şol sanda çagalaryna duýdurmaga çalyşýarlar. Olar üznüksiz öz mertebesini mahabatlandyryp, beýleki adamlara ulumsylyk bilen seredýärler. Olaryň bu edim-gylymyny çagalarynyň gaýtalajakdygy öz-özünden düşnüklidir.

<u>Çygyrda saklamak at – abraýy.</u> Ata-eneleriň bir topary çagalar olaryň her bir sözüni galdyrap, çekinjeňlik bilen diňmelidir diýen pikire gulluk edýärler. Özlerini çagalary bilen aňrybaş kanunçy ýaly alyp barýarlar. Olaryň esasy ünjüsi çagalarda özleriniň ýalňyşýandygy barada pikiriň döremegidir. Özleriniň bimamladygyna garamazdan çagalarynyň öňünde öz diýenini gögertmäge ymtylýarlar. Çagalaryň durmuşy şeýle ata-eneleriň duşundan sowa geçýär. Her edip, hesip edip öz sözüni gögertmeklige ýykgynlygyň aladasy bilen olar çagalaryň içki dünýäsinden bihabar galýarlar.

Akyl öwretmek at–abraýy. Bu ýagdaýda ata–eneler öz çagalaryna her ädimde öwrediji takal okap, hyrydarsyz öwüt bermekligi esasy pedagogiki pähim hasaplaýarlar. Şeýle maşgalalarda şatlyk azdyr. Ata-eneler çagalaryna dert-azar hossar, aladaçyl görünmäge çalyşsalar-da, çaganyň durmuşy özakymyna, olardan üzňelikde geçýär.

Söýgi at–abraýy. Bu ýalan at-abraýyň iň bir ýaýran görnüşidir. Hoşamaý sözler, üznüksiz öwgüler, jan ujuna deňemeler çagalaryň üstüne ysygider ýagdyrylýar. Ata-eneler çaganyň gözüne gabanjaň seredip, olardan söýgä, hoşamata garaşýar. Eger çaga gulak asmasa ondan şol bada "Diýmek sen ejeňi ýa-da kakaňy söýeňokda?" diýip soralýar. Şeýle maşgala ejiz ýürekliligiň deňzinde ýüzüp, başga hiç zada üns bermeýär. Çaga irgözünden ulularyň duýgy-garaşmasyna laýyk hereket edip, ondan peýda gazanyp bolýandygyna düşünýär. Netijede ol at-abraýy, kesekiniň söýgisini öz bähbidiňe öwürmekligi öwrenýär.

Rehimdarlyk at-abraýy. Bu ýagdaýda ata-eneler çagalaryň tabynlygyny özleriniň geçirimliliginiň we ýumşaklygynyň hasabyna gazanmakçy bolýarlar. Olaryň pikiriçe çagalar özlerini diňe şu sypatlary üçin hormatlaýar. Özlerini çagalaryň öňünde rehimdar perişde hökmünde görkezip, hemme zadyň gülala-güllüligini hut şeýdip gazanmaga çalyşýarlar. Çagalar üçin hiç zat gaýgyrylmaýar, hemme zada rugsat edilýär. Tiz wagtdan şeýle maşgalada çagalar öz hökmüni ýöredip ugrap, özüniň ynjyklygy bilen ähli isleglerini kanagatlandyryp başlaýarlar. Käwagt ata-eneler muňa ýumşaklyk bilen garşy durmakçy bolýarlar. Ýöne ol indi hiç hili netije bermeýär.

Dostluk at-abraýy. Ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky dostluk özüniň toýnuk çägine ýetirilmese, ol uly terbiýeçilik mümkinçiligine eýedir. Ýöne ol şeýle çäge ýetirilende özüniň ters mazmunyna girip ugraýar. Şeýle maşgalalarda çagalar ulularyň her ädimde üstünden gülüp, olaryň ähli iş-pişesinden kemçilik tapyp başlaýarlar. Şonuň üçin şeýle maşgalada iki tarapyň hormatyna esaslanmaýan dostluk çalt ýitýär, ulular we çagalar dostlugyň ters mazmunly tutumynda ýaşap başlaýar.

Peşgeşlemek at-abraýy. Bu ýagdaýda tabynlyk sowgat etmek, söz bermeler arkaly satyn alnyp, ol çagalary azdyrýar, olary gazanç meýillerine ugrukdyrýar. Ata-enelerden degişli muzdy almak üçin çagalar öz işlerini diňe mahabatlandyrmak bilen bolýarlar. Ähli nogsanlyklary gizläp, ýalançylyga, peýdakeşlige ýüz urýarlar.

Köp sanly terbiýeçiler özleriniň pedagogik çäreleriniň şowsuzlygynda ähli günäni çagalaryň dogabitdi bozuklygyna, ýa-da göz öňünde tutmasy kyn bolan daşky gurşawyň göze görner, görünmez täsirlerine syrykdyrmaga çalyşýarlar. Ýöne şeýle düşündirişler esassyzdyr. Maşgala pedagogikasy, onuň nazaryýeti we amalyýeti muňa ynandyryjy subutnamadyr.

Edebiýat

Esasy edebiýat

1. Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, TDNG, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary".A., 2007
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, TDNG, 2008.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, TDNG, 2001.
5. Андреева Г.М. Социальная психология. – М., 1994.
6. Басаров Б. Гысга психологик сөзлүк. Ашгабат, 1993.
7. Басаров Б. ве бейл. Умумы психология. – Чаржев . 1993.
8. Pektaş Z.,Basarow B.,Tugyýewa M. Gözellik terbiýesi. Aşgabat, 2002.
9. Безрукова В. С. Педагогика: Учебное пособие. – Екатеринбург: Деловая книга, 1996.
10. Блонский П.П. Избранные психологические произведения. – Москва, 1964.
11. Выготский Л. С. Собр. соч.: В 6 т. - Т 1. - Москва, Педагогика, 1982.
12. Гиппенрейтер Ю. Б. Введение в общую психологию. Москва, 1996.
13. Леонтьев А.Н. Избранные психологические произведения. в 2 т. – Москва,. 1983.
14. Лихачев Б. Т. . Педагогика. Курс лекций – Москва: Прометей, 1996.
15. Лурия А.Р. Мозг человека и психические процессы. в 2 ч. Москва, 1970.
16. Немов Р. С. Психология: Учебник. – Т.1. Москва, 1995.
17. Павлов И. П. Полн. собр. соч., 2-ое изд. -Т 3. –кн.1,2. – Москва – Ленинград, 1951.
18. Петровский А.В. Введение в психологию. -Москва, 1995.
19. Петровский А.В., Ярошевский М. Г. История психологии. - Москва, 1994.
20. Психология и педагогика. /сост. и отв. ред. А.А.Радугин. –Москва: Центр. 1996.
21. Психология: Словарь / под. общ. ред. А.В. Петровского/. – Москва, 1990.
22. Рогов Е.И. Общая психология: Курс лекций. – Москва: Владос.1995.
23. Рубинштейн С. Л. Проблемы общей психологии. – Москва, 1973.
24. Сеченов И. М. Избранные философские и психологические произведения. – Москва, 1947.
25. Столяренко Л. Д. Основы психологии: Учебное пособие. –Ростов – на Дону: Феникс, 1996.
26. Фрейд З. Лекции по введению в психоанализ.– Москва, 1989.
27. Харламов И. Ф. Педагогика: Учебное пособие. — Москва: Высшая школа, 1990.

Goşmaça edebiýat

1. Басаров Б. Проблемы психологии устойчивости личности. Ашгабат, 1981.
2. Басаров Б. Психология деятельностной и ценностной опосредствованности жизнедеятельности коллектива. Ашгабат, 1990.
3. Гальперин П. Я. Введение в психологию. – – Москва, 1976.
4. Гинецинский В. И. Предмет психологии: дидактический аспект. Т. – Москва, 1994.
5. Годфруа Ж. Что такое психология. – Т.1. – Москва,: Высшая школа, 1992.
6. Леонтьев А.Н. Проблемы развития психики. – Москва, 1981.
7. Лурия А.Р. Эволюционное введение в психологию: kурс лекций– Москва, 1988.
8. Ольшанский В.Б. Практическая психология для учителей. — Москва,1994.
9. Слободчиков В. И., Исаев Е.И. Основы психологической антропологии. Психология человека: введение в психологию субъективности: Учебное пособие. — Москва, школа – Пресс, 1995.
10. Фрейд А. Психология и защитные механизмы. Перевод с анг. – Москва, : Педагогика,1993
11. Воспитание детей в семье. – Москва, : Педагогика, 1990.
12. Земска М. Семья и личность. Перевод с полск. –Москва: Прогресс, 1986.
13. Левитан К.М. Основы педагогической деонтологии. -Москва: Наука, 1994.
14. Лесгафт П. Ф. Семейное воспитание ребёнка и его значение.–Москва: Педагогика, 1991.
15. Педагогика /под ред. Г. Нойнера, Ю.К.Бабанского. – Москва, Педагогика, 1984.
16. Подлысый И. П. Педагогика: Учебное пособие.–Москва:Просвещение, 1996.
17. Проблемы профессиональной подготовки учителя: Сборник— Москва, Педагогика, 1992.
18. Смирнов С. Д. Педагогика и психология высшего образования: от деятельности к личности: Учебное пособие. — Москва,: Аспект-Пресс, 1995.